3 bölümden
ybarat gollanma

# Dabaralanýan Ýygnak



# 1

# Gizlinlikdäki Gulluga Taýýarlyk

Riçard Wurmbrand



http://kitabi-knigi.com

Originally published in English under the title
The Triumphant Church by The Voice of the Martyrs
© 1999 The Voice of the Martyrs
© 2012 for the Turkmen edition.
Translated by permission. All rights reserved.

# Sözbaşy

Siz muny „Gizlin ýygnak" atly gizlin mesihilik jemgyýetiniň gysgajyk gollanmasy diýip pikir edip bilersiňiz. Ýöne bu ruhy çopançylyk gullugy, tussaglykda saklanmasy we wagyzçylyk gullugy dünýä kommunistik ateizmiň howpludygyny duýdurma bolup hyzmat edýän adamyň aç-açan pikiridir. Riçard Wurmbrandyň işi aýratyn düşündirilişe mätäç däldir. Bu dogruçyllyk bilen ýazylan çuň eserdir. Onuň işi redaktirlenmedi diýen ýalydyr. Onuň stili ýehudy ýaly pikirlenýän, Hudaýa resul ýaly doga edýän we pygamber ýaly ýazýan adama mahsus stildir. Onuň manysy hemme taraplaýyn düşnükli:

Eger käbir mesihi gullukçylarynyň aýdýan zatlary dogry bolsa, onda ýygnak irde-giçde saýlawyň öňünde durar: ýa-ha Mesihe garşy bolan güýçler bilen sosial-syýasy eglişige gitmeli, ýa-da gözegçilik syýasatynyň dini iýerarhiýasynyň gazabyny öz üstüňde duýmaly. Şonda Riçard Wurmbrand mamla bolýar, muňa taýýarlanmak gerek.

Dünýäniň käbir böleklerinde şu saýlawy eýýäm etmeli boldy, şonuň üçin onuň özümize degip geçmejekdigine bil baglamaga esas ýok. Geliň, biz, mesihiler, özümiz taýýarlanalyň we eger gerek bolsa muňa çagalarymyzyňam taýýar bolmagy üçin hemme zady edeliň.

*Neşirçi*



# Gizlinlikdäki gulluga eýýäm häzirden taýýarlanyň

Hananýa şeýle jogap berdi: „Ýa Reb! Men bu adam barada, onuň Iýerusalimde Seniň mukaddesleriňe näçe ýamanlyk edenini köp kişilerden eşitdim...”. Reb oňa şeýle diýdi: „Bar, çünki bu adam milletleriň, patyşalaryň we Ysraýyl ogullarynyň öňünde Meniň adymy götermek üçin saýlanan guraldyr. Çünki Meniň adym ugrunda bu adamyň näçe görgi görmelidigini Men oňa görkezmekçi”. (Res. Işl. 9:13, 15-16).

Maňa mälim bolşy ýaly, dünýäde Gizlin ýygnak barada öwredýän ýekeje seminariýa-da, ýekeje Mukaddes Kitap mekdebem, ýekeje uniwersitetem ýok. Seminariýalarda sawellianisçilik we apollinarçylyk barada gürrüň berilýär, ýöne bu zatlaryň hemmesi seminariýa tamamlanandan soň unudylýar. Bütin ömrüň dowamynda ýekeje sawellianiste ýa-da apollianiste duş gelmänem bolýar.

Biz Kopt ybadathanasyny we hiç haçan duş gelmejek köp sanly sektalarymyzy öwrenýäris. Gizlin ýygnak bolsa, ýeriň üçünji territoriýasynda hereket edýär. Onuň agzalarynyň köpüsi özleriniň Gizlin ýygnakda boljakdyklary hakda hiç haçan pikir hem etmändiler. Amerika Uotergeýt bilen başagaýka, kommunizm 15 ýurdy eýeledi. Yslam bilen gumanizm gitdigiçe köp täsir ýetirmä eýe bolýar.

Mesihi ruhy çopanlary gizlin ýygnagyň nämedigini bilmelidirler.

Bir gezek men bir britan ruhy çopany bilen bir sagatlap gürrüň edenimden soň, ol: „Men hut ýygnak binasynyň arhitekturasy bilen

gyzyklanýaryn. Aýtsaňyzlaň, gizlin ýygnaklar gurluşygynda gotiki stil ulanýarlarmy?" – diýdi. Eger men şol ýeipskopyň familiýasyny aýtsam, şonuň ýaly adamyň şeýle sorag berenine geň galarsyňyz.

Biz Gizlin ýygnak barada asla hiç zat bilmeýäris. Ol ýanymyzda, ýöne biz oňa goşulmaga taýýar däl.

Mesihi ruhy çopanynyň sürüsi – bu bütin dünýädir, şonuň üçin biz pajygaly ýagdaýlaryň islendik birimiziň üstümizden injegine düşünmelidiris. Şeýle ýagdaý bolmadyk ýagdaýynda-da, biz bu ýagdaýlar kimiň başyna inen bolsa, şoňa hem kömek etmäge borçludyrys. Yslam ýurtlarynda, kommunistik Hytaýda imanlylaryň köpüsi görgüler çekdi. Ençeler tussag edildi, ençeleri-de türmelerde öldüler. Bu zatlara guwanmak gerek däl: gullugy gizlinlikde alyp barmaklygy we tutulmazlygy öwrenmeklik gowy zat bolardy.

Uruş wagtynda watany üçin janyny beren adam, duşmanyň janyny alan adamdan pes derejedäki gahrymandyr. Uruşda watanym üçin men ölmeli däl, goý, ol öz watany üçin ölsün. Men özlerini tutup bilmezleri ýaly işlemegi başarýanlara guwanýaryn. Muny nädip etmelidigini biz bilmelidiris.

## Görgülere taýýarlyk

Gizlin ýygnaklarda – her neneň howpsuzlyk çärelerini görsegem görgülerden gaça durmak mümkin däl, ýöne olary minimum derejä çenli alyp barmak bolýar. Gizlin gulluga gysga wagtyň içinde taýýarlanmak mümkin däl, şonuň üçin men sizi öz denominasiýaňyzy şeýle taýýarlygy soňa goýmazlyga çagyrmagy maslahat berýärin.

Diktatorlyk režimi nähili gurulýar? Käwagt terror Mozambikde we Kambojada bolşy ýaly, derrew başlanýar. Käwagt dini azatlyk saklanylýar. Režimiň hakyky güýjüniň bolmaýan we halkyň goldawyny almaýan wagtlaram bolýar. Onuň döredilen polisiýasynyň we goşunynyň bolmazlygam mümkin. Mysal üçin, Russiýada kommunistler ilki prawoslawiýany ýok etmek üçin protestantlara azatlyk berdiler, prawoslawiýanyň soňuna çykanlaryndan soň hem, protestantlaryň daşyna geçdiler.

Geçiş döwri uzak dowam etmeýär. Olar ýygnagyň içine aralaşýarlar-da, öz ýolbaşçylaryny goýýarlar. Gullukçylaryň ejiz

ýerlerini tapýarlar: kimdir biri şöhratparaz bolýar, kimdir biri puly gowy görýär, kimdir birinde gizlin günäniň bolmagy mümkin, şol günä bilen hem, oňa ýalan hile atýarlar, şeýle etmek bilenem, oňa gözegçilik edip bolýar.

Belli bir wagtdan başlap, köpçülikleýin yzarlamalar başlanýar. Rumyniýada bu bir günde bolup geçdi. Katolik ýepiskoplarynyň hemmesi we köp sanly ruhanylar, monah erkekler we monah aýallar türmä salyndy. Mundan soň, köp protestant ruhy çopanlary tussag edildiler. Köpler türmede öldüler.

Hananýany Pawlus bilen tanyşdyranda, biziň Rebbimiz: „... bu adam ...Meniň adymy götermek üçin saýlanan guraldyr” diýipdi. Pawlus muny gizlinlikde etmelidi. Ony gizlin gulluga taýýarlamanyň intensiw kursuny Isa şeýle başlady: „Oňa Meniň adym ugrunda näçe ejir çekmelidigini görkezjek”.

Gizlin gulluga taýýarlyk martirologiýany öwrenmeklikden başlanýar. Solženisyn özüniň „Arhipelag Gulag” diýen kitabynda „tussaglyk bilimi” we „türmäni öwreniş”[1] barada gürrüň edýär. Beýle bolsa, „görgi görüjilik” termini näme üçin bolmaly dälmişin?

Biz ýene gizlin işiň tehniki jähtine-de serederis, ýöne ilki belli bir ruhy taýýarlyk gerek. Azat ýurtda ýygnak agzasy bolmak üçin iman edip, suwda çokundyrylmak ýeterlikdir. Gizlin ýygnakda onuň agzasy bolmak ýeterlik däldir. Iman etmek we suwda çokundyrylmak mümkin, ýöne görgi görmegi başarmasaň, Gizlin ýygnagyň agzasy bolup bolmaýar. Iň güýçli imana eýe bolsaňyzam, sizi tussag edenlerinde, eger görgülere taýýar bolmasaňyz, onda bir-iki urgy alanyňyzdan soň, duş gelen zady boýun alarsyňyz. Şonuň üçin gizlin gulluga taýýarlygyň wajyp elementi bu görgülere taýýarlykdyr.

---

[1] „Gije tussag edilmäniň gowy tarapy gijäniň dowamynda näçe adamyň äkidilenini goňşy öýleriňem, şäher köçeleriniňem görmeýändigindedir... Bular ýaly zat bolmadyk ýaly... Ýöne gullugy diňe tussag etmekden ybarat bolan tussag edijilerden kimdir biri üçin tussag edilenleriň gorkulary gaýtalanýan hem ýüregedüşgünç zat bolýar, olarda tussag etme operasiýasyna düşünje giň bolýar. Olarda uly teoriýa bar, sadalyk bilen ony ýokdur diýip pikir etmek gerek däl. Tussaglyk bilimi – bu umumy türmäni öwreniş kursunyň wajyp bölümidir, umumy jemgyýetçilik teoriýasy hem, onuň esasyna geçirilendir” A. Solženisyn. Arhipelag Gulag (I-II). Kiçi ýygyndylar. t. 5. 16 sah.

Mesihi türmä baranda, dowla düşmeýär. Onuň üçin türme Mesih hakda şaýatlyk etmek mümkin bolan ýene bir ýer bolýar.

Ruhy çopan üçin türme täze ýygnak bolýar. Aýlyk tölenmeýän ýygnakda iş üçin gaty köp mümkinçilikler bolýar. Men bu barada özümiň „With God In Solitary Confinement”[2] ýagny „Hudaý bilen raýdaşlyk tassyklamasy” atly kitabymda gürrüň berýärin. Beýleki kitaplarymda men gizlinlikdäki gulluga taýýarlygyň bir bölegi hökmünde Morze elipbiýi hakda gürrüň berýärin. Munuň habarlary berme usulydygyny bilýärsiňiz. Şeýle etmek bilen diwaryň aňyrsynda oturana Hoş Habary wagyz edip bolýar. Tussaglaryň düzümi üýtgeýär, birini äkidýärler, başga birini getirýärler. Şeýdip, umumylykda saklanylýan kameralarda meniň birnäçe ýygnagym bardy. Tussaglykda bolan köp mesihilere Hudaý Morze elipbiýiniň kömegi bilen ýüzüni hem görmedik adamlaryny Mesihe getirme mümkinçiligini berdi (olaryň käbirleri bilen olar soň tanyşdylar).

Azatlykdaky ýygnagyň ýygnanyşygyna adam çagyrmak bolýar. Kim islese gelýär, islemese gelmeýär. Eger bir adama siziň wagzyňyz ýaramadyk bolsa, onda indiki ýekşenbe güni ol öýde galyp, ýygnaga barmanam bilýär. Ýagyş ýagýan bolsa, ýygnaga gitmese-de bolýar. Ýöne siziň ýygnagyňyz türmede bolsa, onda adamlaryňyz mydama ýygnakda bolýarlar. Azatlykdaky ýygnanyşykda oturanda, sagada seretmek bolýar: „Wagyz eýýäm ýarym sagat bäri gidip dur. Ol gutarjak dälmikä?”. Türmede sagat ýok, diňleýjileriňiz siziň bilen tutuş hepdäniň dowamynda, ertirden agşama çenli bolýarlar. Olarda başga çykalga ýok. Rumyn we rus ýygnaklarynyň taryhynda iň köp imana gelmeler türmelerde boldy. Türmeden gorkmaň. Özüňiziň ol ýerde bolmagyňyza Hudaýdan alan täze ýumşuňyz hökmünde serediň.

Ikinji gezek meni tussag edenlerinde, poliseýler bilen gitmezden öňürti, aýalymy gujaklanymda, onuň maňa: „Riçard: „Olara güwälik üçin Men sebäpli sizi hökümdarlaryň, patyşalaryň alnynda durzarlar”[3] diýlip ýazylany ýadyňdamy?” – diýeni ýadyma düşýär. Muňa döz gelip bolar. Eger tussagy gynasalar näme? Gynamalara

2 „Hudaý bilen ýekelikdäki tussaglykda”
3 Markus 13:9.

döz gelmek mümkinmi? Men olara döz gelermikäm? Eger döz gelmesem, onda tanyşlarymdan ýene elli-altmyş adam türmä gelýär. Meni gynaýanlara hut şu hem, ýagny öz ýakynlarymy satmagym gerek. Şonuň üçin görgülere eýýäm häzirden taýýarlanmak gerek, sebäbi türmä baranyňyzdan soň taýýarlanmak gaty kyn bolýar. 20 ýyllap ruhy çopan bolan bir adamyň bir aýal bilen günä edenini meniň ýadyma düşýär. Onuň eden bu hereketini ruhy çopanlar ara alyp maslahatlaşanlarynda, şeýle diýildi: „Günä ýagdaýlar şeýle bolan wagtynda, onuň şol agşam eden zadynda däl-de, özüniň synagyň öňünde durup bilmändigindedir. Synaga düşmedik ýigrimi ýylynyň dowamynda bolsa, ol özüne: „Men ruhy çopan bolanymda, mende her hili zatlar bolup geçer, olaryň arasynda zyna synagy hem bolar. Şonda men bu günäni etmerin" – diýmändir".

Her hili ýagdaýlara öňünden taýýarlanmak gerek. Özüňi görgülere taýýarlamak gerek.

## Hakykat baradaky hakykat

Döz gelip biljek görgülerimiziň çägi ugrunda görgi görýän zadymyzyň özümiz üçin näderejede gymmatdygyna baglydyr. Şu manyda kommunistik ýurtlarda garaşylmadyk zatlaryň örän köpüsi bolup geçdi. Wagyzçylar we mesihilik kitaplarynyň awtorlary dönükler bolup çykdylar. Mesihilik rumyn senalarynyň iň gowy awtory kommunistik senalar toplumynyň iň gowy awtory hem boldy. Olarda sözi ýa-da Hudaýyň hakykatdygyny görýän görmeýändigimiz wajypdyr.

Hudaý Hakykatdyr. Mukaddes Kitap Hakykat baradaky hakykatdyr. Gowy wagyz – Hakykat baradaky hakykatdyr. Bu Hakykatyň Özi däldir. Iň Beýik Hakykat – bu Hudaýdyr. Bu Hakykaty sözler, ylahy gurluşlar we düşündirişler gurşap alýar. Bu agyr döwürleriň hemmesi peýdasyzdyr. Kömek diňe Iň Beýik Hakykatdan gelýändir, şonuň üçin wagyzlaryň, ylahy kitaplaryň we beýleki „sözleriň" üsti bilen Oňa aralaşyp, Hakykatyň Özi bilen birikmek gerekdir. Men Günbatarda mesihileri ýerde duran haça dört gije-gündizläp daňyp goýandyklaryny, beýlekilerini gynap, hajathanada edilmeli zatlaryny özleriniň ýüzlerine çalmaga mejbur

edendiklerini gürrüň berdim. Menden: „Şunuň ýaly ýagdaýlarda size haýsy Mukaddes Kitap aýady kömek etdi we berkitdi?” – diýip soranlarynda, men: „Mukaddes Kitabyň hiç aýady hem kömek etmedi” – diýip jogap berýärin. Ýaranjaňlyk bilen ikiýüzlülik: „Mukaddes Kitabyň pylan aýady maňa kömek edýär we meni berkidýär” – diýýär.

Biz 23-nji mezmury bilýäris: „Reb meniň Çopanymdyr; men hiç bir zada mätäçlik çekmerin... Men ölüm kölegesi deresinden ýöresem-de...”. Görgüleriň içinden geçenimizde, Hudaýyň bu mezmuryň biri berkitmegini göz öňünde tutmandygyna düşünýäris. Bizi Rebbiň şu zatlary edýänini gürrüň berýän mezmur däl-de, Reb berkidýär. Mezmur azlyk edýär. Mezmuryň gürrüňini Edýän gerek. Bize „saňa Meniň merhemetim ýeterlikdir” (2 Korintoslylar 12:9) diýlen sözler mälimdir. Ýöne aýat ýeterlik däldir. Aşa yhlasly şaýatlar sözlere aslynda eýe bolan gymmatyndan-da, uly gymmaty bermäge töwekgelçilik edýärler. Mukaddes sözler öz beýan edýän hakykatyna ýetme serişdesidir. Eger siz Hakykat, Gudratygüýçli Hudaý bilen bir bolsaňyz, onda ýamanlyk siziň üstüňizdäki güýjüni ýitirýär, ol Gudratygüýçli Rebbe garşy çykmakda ejizdir. Eger sizde diňe Rebbiň sözi bar bolsa, onda ýamanlyk sizi ýeňip biler.

## Ruhy maşklar

Gizlin iş üçin ruhy taýýarlyk talap edilýär. Biziň sogany iýmek üçin öňünden arassalaýşymyz ýaly, Hudaý hem imanyň özüne baryp ýetmek üçin bizi sözleriň gabygyndan, dini duýgulardan „arassalamaly” bolýar. Isa bize: „Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp, yzyma düşsün” (Matta 16:24) diýdi. Şol haçyň nähili agyr bolup biljekdigini bize Onuň Özi görkezdi. Bizem muňa taýýar bolmalydyrys. Pornografiki žurnal ýa-da reklama aňyňy oýandyrýar. Biz edil şunuň ýaly usul bilen özümiziň düşünjämizi ruhy hakykat bilen oýarmalydyrys. Ruhy maşklary etmek gerek. Gynansak-da, pretestentizme ruhy maşklar asla mälim däl.

Gizlin ýygnakda biz olary täzeden dikeltmelidiris. Katolikleriň ruhy maşklary hyýanatçylykly ulanan bolmaklary mümkin.

Reformasiýa geldi. Çarhyň kanuny boýunça, eger bir gyra bar bolsa, onda beýleki gyra her bardyr.

Käbirleri ruhy maşklary etmekde öte geçdiler, diýmek, beýlekiler olary asla etmeýärler.

Hudaýa sesli doga etmekden başga-da, biz pikirlenmelere wagt sarp etmelidiris. Ýewreýlere hatyň 11-nji babynda byçgylananlar, ýakylanlar, ýabany haýwanlara iýmit edilenler hakda okaýarys, ýöne biz olaryň ýerine özümizi göz öňüne getirip görmelidiris: ine, men ýolbarslaryň öňünde, ine, meni urýarlar, ine, meni ýakjak bolýarlar. Men özümi nähili alyp barýaryn?

Özümiň Rumyniýadan gitmegimiň öň ýanynda ýekşenbe mekdebinde geçen soňky sapagym ýadyma düşýär. Men on-on bäş çaga bilen ýygnaga däl-de, haýwanat bagyna gitdim. Biz ýolbarsly gözenekleriň öňünde durduk. Şonda men: „Siziň geçmişdäki imandaş doganlaryňyzy ýabany haýwanlara iýmit etdiler. Siziňem imanyňyz ugrunda ejir çekjekdigiňizi biliň. Sizi ýolbarslara iýmit etmek üçin oklamazlar, ýöne siz ýolbarsdan-da erbet bolan adamlardan azar görersiňiz. Häzir çözüň, siz özüňiziň Mesihe wepalylygyňyza Ony ynandyrmak isleýärsiňizmi?" – diýdim. Çagalar: „Hawa" – diýdiler. Olaryň gözlerine ýaş aýlandy.

Biz özümizi türmä ugratmazlaryndan öň häzirden taýýarlanmalydyrys. Türmede adam hemme zadyny ýitirýär. Onuň elinden penjegini alýarlar-da, tussagyň geýmini berýärler. Ol amatly mebelden, halylardan we tutulardan mahrum bolýar. Onuň ýanynda aýaly we çagalary bolmaýar. Onuň kitaby bolmaýar, ol gülleri görmeýär. Onda durmuşy ýakymly edýän zatlardan hiç zadam bolmaýar. Diňe öňki durmuşyň abadançylyklaryndan ýüz öwürmek bilen bulara döz gelip bolar. Koloselilere ýazylan hatda „ýerdäki agzalary öldürmek" hakda gürrüň edilýär. Nadan hem janypkeş katolikler dini yrymlary özleriniň üstlerine ýüklediler. Protestantlar teni öldürmekden ýüz öwürdiler, ýöne mesihilikde teni öldürmeklik bar, bu ýerdäki şatlykdan el çekmekdir. Häzirden taýýarlanan mesihi, olardan türmede mahrum bolanda, ejir çekmez. Ýerdäki abadançylyklardan peýdalanyň, ýöne olara ysnyşmaň.

Men, mysal üçin, şeýle maşk edýärin. Men ABŞ-da ýaşaýaryn. Siz amerikan supermarketiniň nähilidigini göz öňüne getirýärsiňizmi?

Ol ýerde tagamly zatlaryň san-sajaksyz görnüşleri bar. Ýöne men özüme: „Men onsuzam oňaryn. Men munsuzam, onsuzam oňaryn" – diýýärin. Men bölümleriň içinden geçýärin, ýöne hiç zat satyn almaýaryn. Meni bolçulyk şatlandyrýar, ýöne şol zatlaryň hemmesi bolmanda-da, özümiň oňup biljekdigime düşünmeklik has-da köp şatlyk getirýär.

Biziň ylahyýetçilerimiziň arasynda-da, liberal metodistler bardy. Olaryň ýekejesi-de, gynamalarda dözümlilik görkezip bilmedi. „Näme üçin men öli Hudaý we içi baglanşyksyzlardan doly bolan Mukaddes Kitap üçin ölmelimişim? Eger Adam bile Howuň taryhy ýalan bolsa, Ýeşuwa güni duruzmadyk bolsa, pygamberlikler özleri ýerine ýetenden **soň** ýazylan bolsalar, eger Isa gyzdan dogulmadyk we ölümden direlmedik bolsa, onda Mukaddes Kitap sowet gazeti „Prawdadan" dogry däldir. Şübheli zat üçin öz janymy pida etmek maňa nämä gerek?"

## Şübhe dönüklik döredýär

Men ýewreý. Iwrit dilinde Isanyň we ilkinji ylhamyň dilinde „şübhe" diýen söz ýok. Adam üçin şübhe etmeklik hem, edil dört aýakda ýöremek ýaly nädogrydyr. Adam dik ýöreýär. Ol haýwan däl. Şübhelenmeklik onuň mertebesinden pesdedir.

Şübhe biziň her birimize-de gelýär, ýöne Mukaddes Ktabyň öz aňyňyzda orun tutan Hudaýyň barlygy baradaky, Isa Mesihiň ölümden direlmegi baradaky, ebedi ýaşaýyş baradaky fundamental ýagdaýlaryna şübhelenmeklik ýol bererlikli zat däldir. Şuňa meňzeş ylahy hem filosofik şübheler adamy potensial dönük edýär. Garnyňy gowy doýranyňdan soň, wagza taýýarlanýan ýa-da kitap ýazýan wagtyňyzda oňaýly iş otagynda oturan pursatyňyzda hem, özüňize şübhelenmäge we iň bolgusyz pikirleriň gelmegine ýol berip bolar. Emma sizi gynanlarynda we ölüm ýa-da ýaşaýyş meselesi ör boýuna galanda, munuň ýaly şübheler dönükligi aňladýar. Gizlin gulluga taýýarlyk görende, esasy zat – bu öz şübheleriňiziň meselesini çözmekdir. Eger matematikada jogabyňyz nädogry çyksa, onda bu siziň öňde nirededir bir ýerde ýalňyş goýberendigiňizi aňladýar,

şonuň üçin siz şol ýalňyşy tapýançaňyz gözleýärsiňiz. Şübheleriň meselesini çözmän galdyrmaň, olaryň jogabyny tapyň.

## Gynama bilen synamak

Indi bolsa, gynamalaryň özi hakda. Munuň örän agyryly bolmagy mümkin. Gyzdyrylan demir ulanmaklary hem mümkin. Ýa-da ýöne urarlar. Biziň hemmämizi-de, çagalykda kakypdylar, ýençmeklik hem, şol kakmanyň bir görnüşidir. Ýönekeý urulma aňsat geçirilýär. Isa biziň çagalar ýaly bolmalydygymyzy (ýagny kakylma taýýar bolmalydygymyzy) aýtdy. Birwagtlar meniň ýanyma bir lukman aýal gelip: „Men näme etmeli? Men özüme kast etmäge taýýar. Meni gaýta-gaýta çagyrýarlar. Olar meniň gizlin ýygnak hakda aýtmagymy isleýärler. Eger men aýtmaga razy bolmasam, olar meni urarlar. Men näme etmeli? Bu gaty eýmenç zat, men urga döz gelmerin. Men ýa-ha maglumat daşaýjy bolmaly, ýa-da äpişgeden özümi oklamaly" – diýdi.

Men oňa: „Adamyňyza taýak beriň, goý, ol sizi ursun, şonda siz muňa çydap biljekdigiňizi görersiňiz" – diýdim.

Urulmadan gorkmaň. Ýöne gep kommunistleriň bizde diňe urmany ulanmandyklarynda. Olar gaty giňeldilen gynamalara ýüz urdular. Gynamalar bolsa, siziň bilşiňiz ýaly, her hili täsir edip bilýär. Olar sizi taplap, polisiýa hiç zat aýtmazlyk kararynda berkidip bilýär. Jenaýatçylaryň käbirleri hemme zada döz gelip, öz ýaranlaryny satmaýarlar. Olary näçe köp ursalar, olar şonça-da kejir bolýarlar.

Ýöne gynamalar erki döwüp hem bilýärler. Men sosializm döwründe çeh gazetleriniň birinde çap edilen makalalaryň birini gürrüň bereýin.

Siziň bilşiňiz ýaly, Dubçek döwründe gowşama döwri boldy. Bu waka şonda çap edildi. Dubçekden öňki diktator Nowotny özüniň ýakyn dostuny, ýagny barypýatan ateisti, kommunistik partiýanyň Merkezi komitetiniň agzasyny tussag edýär. (Kommunistler diňe bir mesihileri, ýewreýleri, watançylary tussag etmän, eýsem, özleriniňkileri hem tussag edip, türmelerde, edil beýlekileriň üstlerinden gülüşleri ýaly, olaryňam üstlerinden gürlýärdiler). Ine,

şol kommunist ýolbaşçyny tussag edip, ony ýekelikdäki kamerada oturtdylar. Kamera adamyň beýnisine täsir edýän elektromagnit şöhlelenmesi goýberildi. Dinamikadan 24 sagadyň dowamynda: „Seniň adyň Iosifmi ýa-da Iosif däl? (Onuň ady Iosif däldi). Pikirlen. Sen Iosifmi ýa-da Iosif däl? Amerikadaky iň howply jenaýatçy Dillinger[4], ýöne sen ondan-da beter. Seniň adyň näme? Iosifmi ýa-da Iosif däl? Sen kontrrewolýusioner hem içaly. Sen Iosifmi ýa Iosif däl?" – diýen ýazgy ýaňlandy durdy. Ony däliretjek boldular. Bu ýagdaý gije-gündizläp dowam etdi. Ol özüniň aklyndan azaşmagynyň mümkindigini duýdy. Ine, belli bir pursatda ol: „Men konsentrirlenen ýamanlyk bilen iş salyşýaryn. Eger kommunistler mesihini gynaýan bolsalar, bu o diýen bir ýamanlyk däl, sebäbi olar ýerde jenneti gurmak isleýärler, mesihiler bolsa, muňa päsgel berýärler, şonuň üçin mesihileri gynamak dogry zat. Ýöne kommunistler kommunisti gynasalar, onda bu gynamanyň özi üçin edilýär. Muňa aklama ýok. Ýöne her bir teňňäniň iki tarapy bar, magnitiň iki polýusy bar. Diýmek, eger konsentrirlenen ýamanlyk bar bolsa, onda konsentrirlenen ýagşylygam bardyr. Bu Hudaýdyr, olar Onuň bilen göreşýärler".

Ony sorag etmäge çagyranlarynda, ol ýylgyryp, dinamikany öçüribermelidigini, sebäbi maksada ýetilendigini aýdýar: „Men mesihi boldum". Ofiser onuň nädip mesihi bolandygyny soranda, ol hem gürrüň berdi. Ofiser öz gullukdaşlaryny çagyryp, edilen zady onuň ýoldaşlary üçinem gaýtalamagy soraýar. Muny eşidende, olaryň biri beýlekisine: „Bu usulyň peýda etmejekdigini men aýtdym-a. Siz aşa jan çekdiňiz" – diýdi.

Hudaý ýaly, şeýtan gudratygüýçli däldir we hemme zady biliji däldir. Ol ýalňyşýar, şonuň üçin ýamanlyk gowy miwe-de getirip bilýär.

## Iň agyr pursat

Gynamada partlama pursaty gelip ýetýär. Gynaýjy şol pursatyň gelerine garaşýar.

---

4 Jon Gerbert Dillinger (1903–1934), jenaýatçy, 30-njy ýyllarda ýigrimiden gowrak banky talady we birnäçe poliseýleri öldürdi. Ol iki gezek türmeden gaçdy.

Şübheleri ýeňip, öňünden pikirlenmegi öwreniň. Iň agyr pursatda siz gizlin işdäki işdeşleriňizi aýtmaga, çaphananyň ýerleşýän ýerini aýtmaga we ş. m. ýakyn bolýarsyňyz. Sizi şeýle bir gynadylar welin, indi siziň üçin başga hiç zadyň ähmiýeti ýok, sizi gynamagy bes etjek etmejekleriniň hem tapawudy ýok. Şu netijä geleniňizde, siz iň agyr pursaty ýeňip geçendigiňize düşünýärsiňiz, bu bolsa size ummasyz içki şatlygy getirýär. Şu aýgytly pursatda siz Mesihiň özüňiz bilendigine düşünýärsiňiz. Häzirki türme işgärleri okuwy ýetik adamlardyr. Olar özgerlişik pursaty hakda bilýärler. Şonuň üçin şu pursatda sizden hiç zat alyp bilmän, olar sizi gynamagy bes etdirýärler, sebäbi dowam etdirmegiň peýdasyzdygyna düşünýärler.

Meni çagalykdan her gün okamaklygy öwretdiler, menem öz oglum Miheýe çagalykdan şeýle etmegi öwretdim. Biz onuň bilen Mukaddes Kitapdan we Foksuň[5] „Görgi görenleriň kitabyndan" bir sahypadan okaýardyk. Bu kitaby çagalaryňyza okap beriň. Goý, olar görgi görenleriň iň agyr pursaty nädip ýeňip geçendiklerini bilsinler.

Şeýle hem, Isanyň: „Şonuň üçin, ertiri gaýgy etmäň, çünki ertir öz gaýgysyny özi eder. Her günüň derdi özüne ýeterlikdir" (Matta 6:34) diýen sözlerine akyl ýetirmek wajypdyr.

Men tussagllykda 14 ýylymy geçirdim. Hrapow dogan 26 ýylyny tussagalykda geçirdi. Wong Min Dao 28 ýylyny. Türmede köp ýyllap çydam etmeklik mümkin däl ýaly bolup görünýär. Hemmesine derrew çydam etmek talap edilmeýär. Birbada bir günlük çydam etmegem gerek däl, sagatlaýyn çydam etmek gerek. Gynamalar sagadyna çydam edip bolýar. Her kimem diş agyrysyna çydam etmeli bolup ýa-da, mysal üçin, awtoheläkçilige düşüp görendir. Agyra diňe şol pursatda çydam etmeli.

Agyry sizi eýýäm köpden bäri gynap oturandyklary, ony ertirem, birigünem dowam etdirjekdikleri baradaky pikirleri güýçlendirýär. Ýöne düýnki gynamalar eýýäm gutardy, ertirkiler bolsa, entek başlananok. Ertir siziň eýýäm ýok bolmagyňyz, belki-de, olaryň ýok bolmagy mümkin. Ertir, Rumyniýada bolşy ýaly, gozgalaňyň turmagy mümkin.

---

[5] Jon Foks (1517 – 1587) Angliýada Mariýa I („Ganly") hökümdarlyk eden döwründe protestantlaryň gynalyş hakda gürrüň beren iňlis martirology.

Men gynamalar ulgamynda ullakan hünärmen. Birinji gynamalar – bu gorky hem gaty erbet agyry. Ýöne bu uzak wagtlap dowam etmeýär. Kardinal Mindsentäni[6] 29 gije-gündiz ýatmaga goýmandyrlar. Mundan soň, ol özünden islenilýän zatlaryň hemmesini aýdypdyr. Näme boldy? Ukusyz geçen birnäçe günden ýa-da birnäçe gynamalardan soň, eýýäm hiç zadyň ähmiýeti bolmajak pursat gelýär. Siz aýalyňyzyň, çagalaryňyzyň öňündäki, öz öňüňizdäki we Hudaýyň öňündäki borjuňyzy ýatdan çykarýarsyňyz. Siz hemme zada doly perwaýsyz bolup galýarsyňyz. Bu dem alyp bilmekligiň aňry ýany bilen wajyp bolan iň agyr pursaty bolýar. Dogry dem almagy öwreniň.

Induizmde we budduizmde ýoginiň dem alyş işlerine uly üns berilýär. Geliň, dem alyş hakda Mukaddes Kitabyň näme diýýänine seredeliň. Isa „üfledi", şägirtlerem kabul etdiler (Ýahýa 20:22). Diýmek, demiň belli bir bölegi Mukaddes Ruhy özünde saklaýar. Prawoslaw ybadathanasynda suwda çokundyrylan wagtynda, ruhany bilen çokundyran ene hem ata çaganyň üstüne üç gezek üfleýärler. Isa dem alan wagtynda, Mukaddes Ruhdan dem aldy. „Saul haýbat hem öldürme bilen dem aldy" (Resullaryň işleri 9:1). Jenaýatdan dem alýan ganhorlar bar. Mukaddes Kitapda zynahoruň demi hakda, onuň „goňşusynyň aýalyna kişňeýän" (Ýermeýa 5:8) at ýaly bolýandygyny aýdýar. Güýçli duýgulary duýan wagtyňyzda, belli bir tärde dem alyň. Asuda hem çuňdan dem alyp, kimdir biri bilen sögüşmäge synanyşsaňyz, onda muuň mümkin bolmajakdygyny görersiňiz.

Dogry dem alyş – gynama döz gelmegiň bir usulydyr.

Dönüklik – bu öz Ýygnagyň bilen araňy kesmekdir. Siz Hudaýyň we köp adamlaryň bil baglaýan mesihisi. Size gizlin ýygnagyň syry ynanyldy.

Dönüklik duýgylar bilen edilýär. Ritmiki we çuň dem almak bilen kimdir birine gygyrmagyň we onuň bilen sögüşmegiň mümkin bolmaýşy ýaly, asudalykda dem alyp, dönüklik etmegem bolmaýar. Sizi gynan wagtlarynda, siz dönügiň dem alyp bilmeýşi ýaly dem

[6] Ýojef Mindsenti, hakyky ady Ýojef Pehm (1892 – 1975) – Rim – katolik ybadathanasyny kardinaly, 1956-njy ýyldaky Wenger rewolýusiýasynyň işjeň işgäri.

alyň. Bir gürpde, asuda we örän çuň dem alyň. Organizmiň garşy durmasyny artdyryp, kisloroddan ganmaklyk, üýtgemezlik, özüňe erk etmäni we çydamlylyk berýär.

Gizlin gullukçy şuny mydama ýatda saklamalydyr: ol Mesihiň Tenine, eýýäm 2000 ýyldan bäri gynamalara duçar edilip gelinýän Tene degişlidir. Bu Ten diňe Golgotada ýenjilmän, eýsem, rim imperatorlary döwründäki, faşistler we kommunistler döwründäki yzarlamalar döwründe hem ýenjilip gelindi. Iman eden wagtymda, men urulýan, üstünden gülünýän, ýüzüne tüýkürilýän, kellesine tikenden täç geýdirilýän, ellerine hem aýaklaryna çüý kakylýan Teniň agzasy bolýandygyma akyl ýetirip bildim. Men muny özümiň mümkin bolan geljegim hökmünde kabul etdim. Meniň üçin Isanyň haça çüýlenilmesi – bu 2000 ýyl mundan ozal bolup geçen bir zat däldir. Isanyň Öz Tenindäki görgüleri meniň üçin hakykatdyr.

## Beýik söýgi

Mukaddes Kitapda: „Atasyny, enesini Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir. Ogluny, gyzyny Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir” (Matta 10:37) diýen kabul etmesi gaty kyn bolan sözler bar. Azat ýurtlarda bu sözler düşnüksizdir.

„Voise of the Martyrs” ýagny „Ejir çekýänleriň sesi”atly çap edilýän kitaplardan siz Sowet Soýuzynda Mesih hakda çagalaryna gürrüň berendikleri üçin çagalaryny ene-atalaryň ellerinden alandyklaryny, belki, bilýänsiňiz. Siz Mesihi öz maşgalaňyzdan güýçli söýmelisiňiz. Özüňiziň kazyýetiň öňünde duranyňyzy, kazynyň size, eger Mesihden ýüz öwürseňiz, çagalaryňyzy özüňizde galdyrjakdygyny aýdýanyny göz öňüne getiriň. Eger şeýle etmeseňiz, siz olary hiç haçanam görmeýärsiňiz. Siziň ýüregiňiziň para-para bolmagy mümkin, ýöne siz: „Men Hudaýy söýýärin” diýmelisiňiz.

Nadýa Slobodany 4 ýyl türmä saldylar. Onuň çagalaryny elinden aldylar, ýöne ony öýünden alyp gidenlerinde, ol aýdym aýtdy. Ýük maşynynda alnyp gidilen onuň çagalary: „Biziň üçin gorkma. Bizi nirä alyp gitseler-de, imandan ýüz öwürmeris” diýdiler. Şeýdip, olar imandan ýüz öwürmediler. Isany haça çüýlänlerinde, Ol

diňe bir fiziki taýdan ejir çekmedi. Ol Öz ejesiniň nähili hasrat çekýänini gördi. Ejesi Oglunyň nähili görgüleri çekýänini gördi. Olar biri-birini söýýärdiler, ýöne gürrüň Hudaýyň şöhraty hakda barýardy. Diýmek, adam duýgulary ikinji ýerde bolupdyr. Şonuň üçin biz diňe dahylly bolsak, gizlin işe taýýar bolýarys. Bizde diňe Mesih, görgi gören Mesih ýaşamalydyr. Mesihileri sorag edýän kommunistleriň özleriniň rezin dubinkalaryny taşlap: „Seniň kelläň töweregindäki öwüşgin näme? Bu nädip beýle boldy? Men seni indi urup bilemok" – diýen wagtlaram boldy. Stefanus barada: „Stefanusyň ýüzüne seredenlerinde, onuň ýüzüniň bir perişdäniň ýüzüne meňzeýänligini gördüler" (Resullaryň işleri 6:15) – diýilýär. Kommunistiň: „Gatyrak gygyr, goý, seni urýandyryn öýtsünler. Men seni urup bilemok" diýen gezeklerem boldy. Ýöne tussaglary gynan, käwagt ölüme çenli gynan wagtlaram boldy. Şonuň üçin Mesih bilen we Mesih üçin ölmelidigini ýa ölmeli däldigini, ýa-da dönüklik etmelidigini ýa etmeli däldigini saýlamak gerek. Eger aýnada özüňe seredende, onda dönügi görýändigiň üçin utansaňyz, onda ýaşanyňa degýärmi?

Hut şunuň ýaly pikir etmek – gizlin gullukçy, ruhy çopan, aýratynam, ruhy çopanyň aýaly üçin esasy zatdyr. Ruhy çopanyň aýalyna aýratyn rol degişlidir. Ol adamsyny goldamalydyr, oňa batyrlyk bermelidir. Eger ony gysga wagtlyk göwün açmalar gyzyklandyrýan bolsa, onda onuň adamsy gizlin ýygnaga gulluk edip bilmez. Aýal adamsyny zähmete, göreşe, özüni pida ediji bolmaklyga süýşürmelidir.

## Dymmagy öwreniň

Öwrenmesi gerek bolan ýene bir zat – bu dymmagy başarmakdyr. Ruhy çopanlar öz käriniň häsiýeti boýunça, gürlegen adamlar bolýarlar. Ýöne mydama gürläp ýörmek gerek däldir. Diňe diňlemegi başarýan adam wagyz edip bilýändir. Yza nazar aýlanymda, men gürlän wagtymdaka seredende, diňlän wagtymda köp adamy imana getirendigime düşünýärin. Adamlarda kynçylyklary köp, şonuň üçin diňleme sabry bolan hiç kimem ýok. Hatda iň ýakynlaryňda-da, sabry ýok. Çagalar mydama nirädir bir ýere howlugýarlar. Adamy

diňlär ýaly adam ýok, şol sebäpden hem, ony göwnetmek üçin hiç zadam etmek gerek däl.

Gizlin ýygnakda dymyşlyk – iň esasy düzgünleriň biridir. Artykmaç söz kimdir birini türmä ugratmaga ukyplydyr. Meniň dostum, ajaýyp mesihi kompozitory, mesihilerde: „Doganymyz nähili ajaýyp aýdym ýazypdyr” – diýme endiginiň barlygy üçin tussag edildi. Ony öwüpdirler, munuň üçin ol 15 ýyl aldy. Aýdymy aýdyň, ýöne ony kimiň ýazandygyny aýtmak gerek däl.

Azatlyk ýitirilenden soň, dymmagy öwreneniň giç bolýar. Muny imana gelen pursatyňdan öwrenmeli. Mesihi çürt-kesik we gysga gürleýär. Her gezek ol öz aýtjak zadynyň özlerine zelel ýetirjek ýetirmejegini ölçerip-döküp gürleýär. Gizlin ýygnakda islendik artykmaç söz zelel ýetirip biler.

Nobel baýragynyň eýesi Solženisyn özüniň beren interwýularynyň birinde iň uly yzarlaýjysynyň öňki aýaly bolandygyny aýdýar. Wagyzçy kitabynda: „Hiç haçan alňasaklyk bilen gepleme” we „... Şonuň üçin az sözle”[7] diýilýär. Bu Hudaýyň Sözüdir. Hudaý gizlin ýygnagyň boljakdygyny bilýärdi. Ol haýsydyr bir wagtda, hatda aýalynyň adamsyna gaharlanjak wagtynyň boljagyny-da bilýärdi. Solženisynyň kätibine şeýle güýçli basyş etdiler welin, ol özüni asdy (ony ýazyjynyň aýaly satýar). Eger Solženisyn dyman bolsa, şeýle zat bolmazdy.

Men ýekelikdäki kamerada geçiren ýyllarym üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirýärin. Men 3 ýylymy ýeriň 10 metr aşagynda geçirdim. Meniň bilen gürleşmediler, menem hiç kim bilen gürleşmedim. Meniň kitabymam ýokdy. Daşardan gelýän sesem ýokdy. Garawullar keçe ädik geýýärdiler, şonuň üçin olar golaý gelenlerinde, men olary eşitmeýärdim. Soň men içki sesleri eşitmegi-de, bes etdirdim. Bize neşe serişdelerini sançdylar. Bizi ýençdiler. Men ylahyýeti ýatdan çykardym. Men Mukaddes Kitaby ýatdan çykardym. Men özümiň „Göklerdäki Atamyz” dogasyny ýatdan çykaranymy hem bildim.

Men bu dogany ýada salyp bilmedim. Men onuň „Göklerdäki Atamyz” – diýen sözler bilen başlanýanyny bilýärdim, ýöne

---

7 5:1

onuň yzyndan nähili sözleriň gelýänini bilmeýärdim. Ýöne men şatlanmagy bes etdirmedim-de: „Göklerdäki Atamyz, men bu dogany ýatdan çykarypdyryn, emma Sen ony, elbetde, bilýärsiň. Sen ony gün içinde müňlerçe gezek eşidýärsiň, şonuň üçin ony meniň deregime aýtjak perişdäni belle, goý, ol ony aýtsyn, men bolsa dymjak" – diýdim. Men birazrak: „Isa, men Seni söýýärin" diýip doga etdim. Soň: „Isa, men Seni söýýärin, Isa, men Seni söýýärin" diýdim. Soňy bilen şuny aýtmagam kyn boldy, sebäbi psihikamyzy bozmak üçin bize neşe serişdesini sançdylar. Men gaty açdym. Bize hepdämize bir bölejik çörek berýärdiler.

Ýenjilmelerem, gynamalaram, tümlügem we başga zatlaram boldy. Hiç bolmanda: „Isa, men Seni söýýärin" diýmek üçin ünsüňi bir ýere jemlemegiň mümkin bolmadyk wagtlaram bolýardy. Men dymmagyň gerekdigini bilenim üçin, şeýle hem etdim. Doga etmäniň özüme belli bolan ýokary görnüşi – bu Ony söýýän ýüregiň urgusydy. Isa ýöne bir eşidýär, „dük, dük, dük, dük" we ýüregiň her bir urgusynyň Özi üçindigini bilýär.

Soňra meni umumy kamera geçirdiler, şonda men beýleki tussaglaryň gepleýişlerini eşitdim. Men: „Olar näme üçin gürleýärkäler?" – diýip pikir etdim. Biziň aýdýan zatlarymyzyň şeýle köp mukdary peýdasyz zatlar. Adamlar tanşanlarynda: „Salam" – diýýärler-de: „Ýagdaýlaryňyz nähili?" diýip soraýarlar. Bu nämä gerek? Biri: „Bu gün howa gaty gowy, dogry dälmi?" diýýär, beýlekem, „Dogry" diýip jogap berýär. Howanyň gowudygy hakda gürrüň etmek nämä gerek? Biz Isanyň: „Adamlar aýdan her bir boş sözi üçin höküm gününde hasap berer"[8] diýen sözlerine çynymyz bilen garamaýarys. Mukadddes Kitapda şeýle ýazylypdyr. Käbir ýurtlarda biderek ýere aýdylan söz türmäni ýa-da doganyň ölümini aňladýar. Eger öwgi sözi hem artykmaç bolsa, onda olam betbagtlyga alyp baryp biler. Mysal üçin siz kimdir biri gelende: „Wah, irräk geläýmeli ekeniň, pylan dogan şu wagtjyk gitdi" – diýýärsiňiz. Eger gelen adam maglumatçy bolsa, onda pylan doganyň şäherdedigi belli bolýar. Agzyňyzy gulply saklaň. Ony häzir öwreniň.

---

8 Matta 12:36

## Ýol bererlikli usullar

Mekirlik etmezden gizlinlikde işläp bolmaýar. Russiýada şeýle waka boldy. Kommunistler meshileriň haýsydyr bir etrapçada ýygnanyşyk geçirýänini güman edýärdiler, ýöne onuň hut nirededigini bilmeýärdiler. Olaryň gözegçilik edip oturan köçesinden bir oglanjyk geçip barýar. Olar ony saklap, özüniň nirä barýanyny soraýarlar, ol hem gaýgyly görnüşde: „Meniň uly doganym öldi, biziň hemmämiz onuň wesýetnamasyny okamak üçin üýşýäris" diýýär. Bu milisionerde täsir galdyrýar, şonuň üçin ol oglanjygyň egnine kakyp, ony goýberýär. Oglanjyk aldamady.

Bir mesihini polisiýa çagyryp: „Siz ýygnanyşyk geçirýärsiňizmi?" diýip soraýarlar. Mesihi hem: „Ýoldaş kapitan, ýygnanyşmak gadagan" diýip jogap berýär. Kapitan: „Tabyn bolýandygyňyz gowy zat" diýýär-de, ony goýberýär. Mesihi oňa özüniň tabyn bolýandygyny aýtmady, Ol ýygnanyşyga barmaýandygynam aýtmady.

„Görgi görenleriň" hat gatnadyjysy sosialistik serhetde ondan: „Nähili edebiýat alyp gelýärsiňiz?" – diýip soraýarlar. Ol: „Şekspir we Ýehowa" diýip jogap berýär. Gümrükçi özüniň bilmeýänligini görkezmek islemedi we Ýehowa barada eşitmändigini görkezesi gelmedi. (Belki, olam iňlis şahyrydyr). Şonuň üçin: „Geçiberiň" – diýdi.

Bularyň hemmesi ýol bererlikli usullardyr. Kimdir biri üçin preişdeler çaga ertekileriniň gahrymanlary. Biz mesihiler, üçin olar hakyky zatlardyr. Biz hudaýsyz zalyma hakykaty doly aýtmaga borçly däldiris. Oňa özümiziň näme bilen meşgullanýandygymyzy aýtmak hökman däl.

Eger men sizden: „Siziň bankdaky hasabyňyzda näçe pul bar?" ýa-da „Siz näçe gazanýarsyňyz?" – diýip sorasam, onda bu asla gelşiksiz bolar. Munuň ýaly soraglar berilmeýär. Gyzdan: „Sen kim bilen duşuşýarsyň? Sen kimdir birini söýýärsiňmi?" – diýip soralmaýar. Onuň bu tema hakda gürleşmek islemeýän bolmagy mümkin.

Mendenem, diniň näme bilen baglanyşyklydygy hakda soramaly däldirler, meniň bu hakda gürleşmek islemezligim mümkin. Bu

meniň şahsy işim. Ateistik döwletiň munuň ýaly maglumaty almaga haky ýok, bizem ony bermäge borçly däl.

Sorag edilende her hili soraglaryň berilmegi mümkin. Kommunistler maňa: „Sen mesihi hem ruhy çopan. Sen hakykaty aýtmalysyň. Gizlin ýygnagyň ýolbaşçylarynyň atlaryny aýt. Siz nirede ýygnanyşýarsyňyz? Ýygnanyşyga kimler gelýär? Beýleki şäherlerdäki ýygnaklara kim ýolbaşçylyk edýär?" – diýýärdiler. Eger men hakykaty aýdan bolsam, köp adamlar tussag edilerdiler, olaram öz gezeklerinde hakykaty aýdardylar we ş.m. Ýan bermäň. Eger garşy durmalar ýenjilme bilen gynamalary aňladýan bolsa-da, siz olary özüňize kabul etmelisiňiz.

Meniň tanyş ruhy çopanlarymyň biri meniň özümi ýenjenlerinde çeken agyrymy çekýär – ol regbi oýnuny oýnanda, dabanyny agyrdypdyr. Regbi üçin men agyryny kabul edip biljek. Ol agyry geçenden soň, bir zadyň bolmagynyň mümkindigini bilsemem, ony ýene oýnajak. Ýagny biz regbi üçin, sport, göwün açmalar, saglyga peýdaly bolan zatlar üçin agyry çekmäge taýýar. Edil şunuň ýaly edip, biz doganlarymyz üçin, olary tussag etmezleri üçin agyra döz gelýäris. Bolup biljek iň erbet zat – biziň ölmegimiziň mümkinligidir. Ýöne ölüm dünýäde tebigy hadysadyr.

Bir baý adamyň öýüniň ýanynda bir gedaý saklanyp: „Siziň öýüňizde gijämi geçirsem bolýarmy?" – diýip sorapdyr.

„Git şu ýerden, bu ýeri saňa myhmanhana däl" – diýip, hojaýyn jogap beripdir.

„Bagyşlaweriň, men gitjek, ýöne, haýyş edýärin, bir soraga jogap beriň. Görýärin welin, siziň gaty owadan jaýyňyz bar. Ony kim gurdy?" diýip, gedaý sorapdyr.

Munuň ýaly zady eşitmek baý adama ýarapdyr, şonuň üçin ol:

„Bu jaýy meniň atam gurdy" – diýip jogap beridir.

„Siziň ataňyz nirede?"

„Ol bireýýäm öldi".

„Ondan soň bu ýerde kim ýaşady?"

„Meniň kakam".

„Kakaňyz dirimi?"

„Ýok, olam öldi".

„Bu jaýda häzir kim ýaşaýar?"

„Men”.
„Sizem ölersiňizmi?”
„Hawa”.
„Siz öleniňizden soň, bu jaýda kim ýaşar?”
„Meniň çagalarym ýaşar diýip pikir edýärin”.

„Beýle bolsa, siz näme üçin gaharlanýarsyňyz? Siz munuň myhmanhana däldigini aýdýarsyňyz. Ýöne bu myhmanhana ahyry – siz gidýärsiňiz, başga biri ýaşamaga gelýär” – diýip, gedaý aýdypdyr.

Ölüm tebigy zat. Eger meniň şu gün ölmegim Hudaýyň planynda bolsa, onda şeýle-de bolar. Meniň ýürek agyrysyndan ölibem bilerin. Ýagny meniň ömür tanapymy jellat kesmeýär. (Ony restorandaky ajaýyp iýmitem uzaldyp bilmeýär). Men Hudaý özümi çagyranda ölýärin.

## Agzalalyk howpy

Gizlin ýygnakda ujypsyzja dawalaryň bolmagy hem ýol bererlikli zat däldir. Islendik tersleşik tussaglyga, ýenjilmelere, hatda ölüme hem alyp baryp biler. Biziň duşmanlarymyzy synlaýarlar we diň salýarlar. Ýygnaklarda olaryň maglumatçylary bar. Eger tersleşikler bolsa, ikitaraplaýyn aýyplamalar bolar, atlar bilen faktlar ýüze çykar. Bir adam beýleki adama: „Pylan dogan bilen siz bir zady paýlaşdyňyz” – diýýär. Polisiýa-da, şol dogany tussag edýär.

Mukades Kitap: „Rebbiň guly dawalaşmaly däl, hemmelere mylakatly, öwretmäge ukyply, sabyrly bolmalydyr” (2 Timoteos 2:24) diýýär.

Rumyniýanyň bir şäherinde iki ýygnagyň – baptistler bilen darbistleriň[9] – arasynda uly dawa gitdi.

Bu iki ýygnagyň hem ýolbaşçylarynyň tussag edilmegine alyp bardy.

Gowusy häzir mukaddes bolmaly. Göklere baranymyzdan soň, mukaddes bolup başlamaga giç bolýar. Sögüşmezligi-de, azatlyk şertlerinde öwreneniň gowudyr.

---

[9] J. H. Darbi (J.N.Darby, 1800–82) atly köneçil ýolbaşçy „Plimut doganlar” (Plymouth Brethren) atly sekti ýatyrdy.

Gynansak-da, howply şertlerde hereket edýän ýygnaklarda-da tersleşikler bar. Bu zatdan gaça durmak üçin eliňizde baryny etmek zerurdyr. Hatda maşgaladaky dawa-jenjellerem ölüme getirip biler. Men bir ýaş ýigit bilen bir kamerada bile oturdym. Onuň duşuşýan gyzy bar eken, ýöne ol başga biri bilen duşuşyp başlaýar. Şonda birinji gyz oglanyň özüne ynanan syrlarynyň hemmesini gizlin polisiýa habar beripdir. Ol ömürlik tussaglyga höküm edilipdir, şeýdibem, ol türmede aklyndan azaşdy.

Düýp özeninde gizlin gulluga taýýarlyk – bu adaty mesihilik gullugyna taýýarlykdyr, ýöne ol çuň taýýarlykdyr, şonuň üçin durmuşa, dogrudanam, ýakyn bolmalydyr, durmuşyň bir bölegi bolmalydyr. Gullukçylaryň arasyndaky agzalalygyň netijesinde ýygnaklaryň dargan ýagdaýlary maňa mälimdir. Munuň ýaly zat hemme ýerde-de bolýar, ýöne demokratik däl ýurtda bu türmä, hatda ölüme-de alyp baryp bilýär.

## Beýnini ýuwmaklyga garşylyk görkezmek

Diňe fiziki gynamalar giňden ulanylman, eýsem, beýnini ýuwmaklyk hem ulanylýar, şonuň üçin munuň öňünde nädip durmalydygyny bilmek gerek. Beýnini ýuwmaklyk azat dünýäde-de bolup geçýär. Muny gazetler, telewideniýe we radio edýär. Hökman koko-kola içmäge sebäp ýok. Biziň ony içýändigimiziň sebäbi, öz beýnimizi ýuwandyklaryndadyr. Ýönekeý suw koka-kola seredende gowy, ýöne ony hiç kim reklama etmeýär. Eger ýönekeý suwy reklama edýän bolsalar, onda biz ony içerdik.

Beýnini ýuwmak üçin iň kämil usullary ulanyp bilýärler. Rumyn türmesinde bu şeýle edildi: biz on ýedi sagatlap, dim-dik bolup oturmalydyk, ýöne ýaplanmaga mümkinçligimiz ýokdy, gözlerimizem ýummalydyk-da: „Kommunizm – bu gowy, kommunizm – bu gowy... mesihilik öli, mesihilik öli... ýüz öwür, ýüz öwür...” – diýen sözleri diňlemelidik. Munuň ýaly zat siziň eýýäm birnäçe minutdan soň ýüregiňize düşerdi, ýöne biz muny hepdeleriň, aýlaryň, ýyllaryň dowamynda her gün 17 sagatlap arakesmesiz diňleýärdik. Ynanaýyň, bu aňsat zat däldi. Bu iň agyr gynamalaryň, fiziki gynamalardan-da beteridi.

Ýöne Mesihe hemme zat iň başyndan bellidir. Ol hemme zady öňünden taýýarlap goýdy.

Kommunistler özleriniň beýni ýuwmagy oýlap tapmasynda gijä galdylar. Mesih eýýäm onuň garşysyna bolan zady – ýüregi ýuwmany oýlap tapdy. „Ýüregi päkler bagtlydyrlar, çünki olar Hudaýy görerler” (Matta 5:8) diýip, Ol aýtdy. Stefanusyň, ilkinji görgi gören mesihiniň, töweregini elleri daşly ýüzlerçe adamlar gurşap durka, ol: „Men ... görýärin” diýdi. Onuň aýalynyň ol özüne abanýan howpy görýändir, şonuň üçin gaçmakçy bolýandyr öýden bolmagy mümkin. Ýöne Stefanus „Hudaýyň şöhratyny we Hudaýyň sagynda oturan Isany gördi”[10]. Onuň aýalynyň: „Eýsem, sen bu adamlary göreňokmy? Olar saňa daş oklaýarlar” – diýip soran bolmaklary mümkin. (Bu hiç ýerde ýazylan däldir). „Hawa, men nähilidir bir garynjalary görýärin, ýöne olar hakda gürläniňe degenok. Men Isa seredýärin”. Stefanus özüni öldürmekçi bolýanlara seretmedi. Ýüregi päkler bagtlydyrlar.

Kommunistler iki ýyldan gowrak wagtlap meniň beýnimi ýuwdular, emma ol barybir ýuwuksyzlygyna galdy. Ol: „Mesihilik öli” – diýip aýdyş ritmlerinde hem galdy. Biz özümize: „Mesih ölüdi... Mesih ölüdi” – diýip gaýtaladyk. Biz Onuň ölümden direlenini bilýärdik. Mukaddesleriň jemgyýetinde ýaşaýandygymyzy bilýärdik. Adatça, Rebbe iman eden mukaddesler gögüň niresindedir bir ýerinde ýyldyzlaryň arasynda bolýar diýlip hasaplanylýardy. Ýöne Mukaddes Kitap olaryň nirededigini aýdýar: „...bizi gurşap alan şeýle uly güwäler buludynyň bar”(Ýewreýler 12:1). Olar ýyldyzlaryň arasynda näme etsinler? Olar bu ýerde – göreşýänler we görgi görýänler bilen. Ruhy dünýäde „ol ýerde”, „bu ýerde” ýok. Ruhuň dünýäsinde giňişlik bilen wagt ýok. Biz türmä salyndyk, ýöne mukaddesler biziň bilendiler. Biz olaryň barlygyny duýduk. Mysal üçin, men Magdalaly Merýemiň barlygyny has-da duýdum. Men: „Olar mesihiligiň ölüdigini aýdýarlar. Aýdybersinler, tapawudy näme? Goý, men bütin dünýäde ýekeje mesihi bolaýyn. Magdalaly Merýem Isany ýöne bir söýdi. Isa öldi, diýmek, Merýem öli Isany söýdi. Ol özi üçin hiç zat edip bilmejek, gudrat görkezip,

---

[10] Resullaryň işleri 7:55, 56

özüne sözler bilen teselli berip bilmejek, özüniň gözýaşlaryny süpürip bilmejek Biriniň mazarynyň ýanynda galdy. Isa – Halasgär. Siz Onuň ölüdigini aýdýarsyňyz. Men bolsa, Ony edil diri ýaly söýýärin. Hatda tutuş ýygnak ölende-de ýa-da imanyny ýitirende-de, bu maňa imanymy ýitirmek üçin sebäp bolup bilmez" diýip pikir etdim.

Imandaky ynamlylyga gelmek gerek. Men iwrit dilinde „şübhelenmek" işliginiň ýokdugyny eýýäm aýtdym. Köne Ähtde bu söz ýok. Size Mukaddes Kitapda ýene haýsy sözüň ýokludygyny aýdaýynmy?

Bütindünýä ýygnaklar mejlisiniň ýolbaşçylary maňa garşy şeýle aýyplamany öňe sürdüler: „Wurmbrand ýagdaýyň suratyny „demir tutynyň" aýyrsynda gara hem ak reňk bilen çekýär, ýöne çal reňkem bar ahyry". Eger Täze Ähtden özüme „çal" sözi ýazylan ýekeje ýeri görkezseler, munuň bilen ylalaşjakdygymy aýdyp jogap berdim. Täze Ähtde dürli reňkler agzalýar, emma garşyk-çal reňk ýekeje gezegem duş gelmeýär. Islendik zat ýa-ha hakyky bolýar, ýa-da ýalan bolýar, ýa dogry bolýar, ýa-da nädogry bolýar. Ýa ak, ýa-da gara bolýar. Siz ýa-ha dünýä bilensiňiz, ýa-da Isa bilensiňiz. Köne äht iwritinde-de „şübhe" sözi ýok. Biz edil köpeltmek tablisasyna ynamly bolşumyz ýaly, iman meselelerinde hem ynamly bolmalydyrys. Iki ikiň dört bolýar. Bu hakykat. Meniň maşgalamyň diridigine ýa öldürilendigine, meniň dokdugyma ýa açdygyma, azatdygyma ýa türmededigime, meni urýandyklaryna ýa sypaýandyklaryna garamazdan, matematiki hakykat üýtgemeýär. Iki urgy goşmak iki urgy – dört urgy bolýar. Hakykata ynanmaklyk we edil Magdalaly Merýemiňki ýaly söýgi beýni ýuwulmasyna garşy durmaga kömek edýär. Ahyryna çenli garşylyk görkeziň. Men özümden gahryman ýasajak bolamok. Men ýöne bir adam, islendik adamda-da ejizligi bar. Şonuň üçin biz Ýygnak hökmünde, ejizlik pursatynda biri-birimizi goldamak üçin ýaşaýarys.

Meniň öz ýanymda bolan mesihä, preswiterian gullukçysyna: „Dogan, men imanymy ýitiräýdimmikäm diýýärin. Megerem, men mundan bu ýana mesihi däl" – diýip, boýun alan wagtym hem bolupdy. Ol bolsa, öz ýüzünden hiç haçan hem aýrylmaýan ýylgyryş bilen: „Ozal sen ynanýardyňmy?" – diýip sorady.

„Elbetde” – diýip, men jogap berdim.

„Beýle bolsa, Mukaddes Kitapda Elizabetiň Merýeme: „Iman eden bagtlydyr”[11] – diýen ýerini ýada sal” – diýip, ol maňa aýtdy. „Bu öten zaman görnüşinde gelen ortak işlikdir. Sen iman etdiň, diýmek, bagtlysyň. Şu ak pata bilen hem ýaşa”.

Şol sözleriň bu wagt özüm üçin nämäni aňladandygyny men size beýan edip biljek däl.

Munuň teologiki taýdan näderejede esaslanandygyny men bilemok welin, biz ol wagtlar teologiýa bilen ýaşamaýardyk. Biz ýatlamalar bilen ýaşaýardyk. Şonuň üçin Mukaddes Kitap Rebbe alkyş aýtmalydygyny we öňki ak patalary ýatda saklamalydygyny aýdýar. Olary agyr synaglar wagtynda hem ýatdan çykarmalyň.

## Ýekeligi ýeňmek

Gizlin ýygnagyň göreşijisi üçin ýekeligiň ýerini doldurmaklyk iň uly kynçylykdyr. Bizde kitap ýokdy. Diňe Mukaddes Kitap däl-de, umuman kitap ýokdy. Bizde kagyz bölejigem, galamam ýokdy. Biz ses eşitmeýärdik, ünsümizi çekip biläýjek hiç zadam ýokdy. Biz diňe diwarlara seredip oturyp bilýärdik. Munuň ýaly ýagdaýlarda adam aklyndan azaşýar. Gizlin ýygnagyň geljekki gullukçysyna tussaglykdaky durmuş baradaky kitaplary, mysal üçin „Papiýon”[12] ýaly kitaplary türmedäki atmosfera – munuň azatlykdaky adam üçin näderejede mümkindigi hakda düşünjäň bolar ýaly okamaklyk örän peýdalydyr. Şonda siz tussagyň ünsüni güýmäp biläýjek hiç zat ýok wagtynda, ýekeligiň aklyňdan azaşdyryjy hereketine düşünersiňiz.

Mukaddes Kitapsyz ýekelikde näçe wagtlap bolmak mümkin? Radiosyz ýa-da magnitafonsyz näçe wagtlap oňup bolýar?

---

[11] Luka 1:45

[12] Anri Şarýeriň (1969) terjimehal romany. Bu romanda akla sygmajak görgüleriň we kemsidilmeleriň içinden geçen kalbyň dünýäsi açylýar. Awtor ýalan aýyplama bilen tussag edilip, ömürlik tussaglyga höküm edilýär. Köp ýyllar sürgüne, öýüne, Fransiýa ýetmäge çalşyp çekilen sergezdançylyga bagyş edilýär. Hemme zadyň tersine gidip, Şarýer berk durýar, gorkunç synaglaryň hötdesinden abraý bilen gelýär.

Öňünde taýýarlanylan ruhy taýýarlygyň zerurdygyny ýene bir gezek gaýtalaýaryn. Men däliremekden nädip gaça durandygym babatdaky öz tejribämi paýlaşaýyn.

Ine, men we başga-da köp tussaglar näme etdik: biz gije ýatmadyk-da, gündiz ýatdyk. Gijesine uklaman oturdyk. Mukaddes Kitapda näme diýilýäni ýadyňyzdamy? „Eý, Rebbiň ähli bendeleri, gijesine Rebbiň öýünde durýanlar, Rebbe alkyş ediň" (Zebur 134:1). Bir sany Hudaýa edilen gijeki doga, on sany gündizki doga-dilege degýändir. Iň uly günäler we jenaýatlar gijesine edilýändir. Talaňçylyk, arakhorluk, zynahorluk – bu zatlaryň hemmesi gijesine edilýär. Gündiz adam işleýär we öwrenýär. Arwah-jynlar hemme zatdan öňürti gijesine hereket edýärler, şonuň üçin olara gijesine garşy durmaly. Şonuň üçin bu ýerde gijeki gulluklar zerurdyr. Azat dünýäde bu düşünje az mälimdir. Meniň ýurdumda hökümet başyna kommunistler gelmezinden öň, bizde gijeki gulluklar bardy. Meniň üç ýaşly oglum Mihaý munuň nämedigini bilýärdi. Biz gijämizi Hudaýa doga edip geçirýärdik. Kiçijik çagalaram doga-dileg edýärdiler-de, soň garagollyk edip başlaýardylar. Biz olara takal okaýardyk, soň olar ýene birazajyk doga-dileg edip, nirededir bir ýerde stoluň aşagynda uklap galýardylar. Biz çagalarymyzy şeýdip terbiýeledik.

Ahyrynda biz hem, edil beýleki tussaglar ýaly uklaýardyk. Biziň programmamyz şeýle bir baýlaşdyrylandy welin, biz hemme zady edip ýetişip bilmeýärdik. Biz bütin dünýä syýahat edýän doga-dilegimizden başlaýardyk. Biz içindäki şäherlerini we adamlaryň familiýalaryny bilýän ýurtlarymyzyň her biri üçin, wagyzçylary üçin Hudaýa doga edýärdik. Bu bir-iki sagady eýeleýärdi. Biz uçarmanlar we deňizçiler hem-de tussaglar üçin doga-dileg edýärdik. Mukaddes Kitap hatda türmede-de bolup bilýän şatlyk hakda gürrüň edýär: „Şatlanýanlar bilen şatlanyň" (Rimliler 12:15). Çagalary bilen Mukaddes Kitap okaýan, degşilýän we şatlanylýan maşgalalaryň nirededir bir ýerde barlygyna begenýärdim. Men nirede hem bolsa bir ýerde bir gyzy söýýän bir ýigidiň barlygyna, onuň bilen duşuşmaga gidýänine begenýärdim. Nirededir bir ýerde ýygnanyşygyň geçýänine we Mukaddes Kitaby öwrenmek boýunça sapaklaryň bolýanyna begenýärdim. Kimdir birinde tagamly iýmitiň

barlygyna begenýärdim. Biz şatlanýanlar bilen şatlanýardyk. Bütin dünýä şunuň ýaly syýahat edenimizden soň, men Mukaddes Kitapda ýadymda galan ýerleri okaýardym. Gizlin gullukçy üçin Mukaddes Kitapdan tekstleri ýat tutmak örän wajypdyr.

Bir gyzykly wakany gürrüň berjek. Bir gezek özüme düşek bolup gulluk edýän tagtanyň üstünde Lukadaky Dagdaky wagzy okap ýatyrdym. Men: „Ynsan Ogly sebäpli adamlar sizi ýigrenip, aralaryndan kowan wagtlary, size sögüp, adyňyzy ýamana çykaran wagtlary siz bagtlysyňyz! Şol gün şatlanyň, begençden böküň...”[13] (Luka 6:22-23) diýen ýerine gelip ýetdim. Şunuň ýaly ýazylandygy ýadymdady. Men şonda özüme: „Men nädip perwaýsyzlyk günäsini edip bildim? Mesih biziň iki zady etmelidigimizi aýtdy. Birinjisi, „şatlanmak”, men muny etdim. Ikinjisini bolsa, „begençden bökmegi” – unudypdyryn! Şeýdibem, men ýerimden turup, böküp başladym. Türmede kameranyň gapysynda seredilýän äpişgejik bar. Edil şu pursatda garawul meniň kamerama seretdi. Ol men aklyndan azaşandyryn öýtdi. Garawullarda däliränlere seretmäge aýratyn görkezme bardy, sebäbi olaryň sesleri we dükürdileri tertibi bozmaly däldi. Ol içeri girip, meni köşeşdirmäge başlady: „Seni goýberýärler. Hemme zat gowy bolar. Ýöne ýuwaş bol. Men saňa bir zat getirip berjek”. Şeýdip, ol bir çörek getirdi. Biziň adaty iýmitimizde hepdede bir bölejik çörek berilýärdi. Häzir bolsa mende tutuş bir çörek bardy. Peýnirem bar! Özem akja! Peýniri derrew iýmek bolmaýar. Ilki onuň aklygyndan lezzet almaly. Ol nähili owadan. Garawul maňa gandam getirdi. Ol çykyp barşyna, birnäçe hoş sözleri-de aýtdy.

Men özüme: „Bulary Lukanyň Hoş Habaryndaky baby okap bolanymdan soň iýjek” – diýdim. Men ýatdym-da, nirede galandygym hakda oýlandym. Ine, şu sözlerde: „Ynsan Ogly sebäpli ... size sögüp... Şol gün şatlanyň, begençden böküň, çünki ... aljak sylagyňyz uludyr”. Soň men çörek bilen peýnire seretdim. Hakykatdanam, bu beýik sylagdy.

Mukaddes Kitap aýatlarynyň üstünde mydama pikirlenmek wajypdyr. Her agşam men: „Gadyrly erkek hem aýal doganlar”

---

13 Grek dilindäki göni terjime

– diýen sözlerden başlanýan, „Omyn” sözi bilen gutarýan wagzy oýlap tapýardym. Wagzy oýlap tapandan soň, ony gürrüň berýärdim. Soňrak bolsa, öz wagyzlarymy unutmaz ýaly, olary gysgajyk goşgy görnüşine geçirýärdim. Olaryň käbirleri meniň: „*Wiht God In Solitay Confinement*”[14] we „*If Prison Walls Could Speak*”[15] diýen kitaplaryma salyndy. Men jemi 350 wagzy ýada salyp bildim, olaryň bir bölegini ýazdym, 50 golaýyny bu kitaplara goşdum. Bu wagyzlary men diňe Hudaý bilen perişdelere gürrüň berdim. Perişdeleriň bolsa ganatlary bar, şonuň üçin olar meniň wagyzlarymy uzaklara alyp gitdiler, şol sebäpdenem, olar häzir köp dillerde çap edildi, olary okaýarlar.

Şeýdip, biz wagtymyzy doldurýardyk. Men kitaplar we goşgular düzýärdim. Men aýalym we çagalar hakda pikirlenýärdim. Men her agşam wakalar düzýärdim-de, öz özüme gürrüň berýärdim. Olaryň hemmesi şatlykly hem optimistikdi. Ine, olaryň biri: Aýaly adamsyna: „Men näme edeýin? Men öz diş protezimiň üstünde oturyp, ony döwdüm” – diýýär. „Şatlan, göz öňüne getirip gör, eger sen dişleriň üstüne oturan bolsaň näme bolardy?” – diýip, adamsy jogap berýär. Men hemme zatda gowy tarapyny görmäge çalyşýardym.

Men çörekden küşt ýasadym-da, mallaryň ýarysyny hek bilen reňkledim. Men öz-özüm bilen oýnadym. Eger siz meni Fişerdirin[16] – dünýädäki iň gowy küştçi, sebäbi ol Spasskini ýeňdi öýtseňiz, ýalňyşarsyňyz. Ol soňky tapgyrda oýnalan otuz oýnuň onusynda ýeňdi, bäşisinde ýeňildi. Men aklarda-da, çallarda-da ýekeje gezegem utmadym!

Men ýekeligi ýeňmäniň kynçylyklaryny ýeňmek hakda jikme-jik gürrüň berýärin. Öz aklyňyzyň ýan bermegine ýol bermäň. Ýogsam, kommunistler sizi ýeňerler. Öz aklyňyzy maşk etdirmegi kesmäň. Aklyňyzda bolup, pikirleniň. Näçe başarsaňyz, şonça-da, nämedir bir zatlar düzüň.

---

[14] „Hudaý bilen ýekelikdäki kamerada”.

[15] „Eger türmäniň diwarlary gürläp bilsediler”.

[16] Fişer. Küşt boýunça dünýäniň on birinji çempiony (1972 – 1975). Chess Informant žurnalynyň aýtmagyna görä, ol XX asyryň iň gowy küştçisi.

# Hakyky tebigat

Gizlin ýygnak täze bir zat däldir. Gizlinlikde gulluk edip başlamak bilen men Täze Ähti başgaça nazar bilen okap başladym. Men Resullaryň işlerinde resullaryň we şägirtleriň özlerine täze atlary alyşlaryny (Ylham 2:17) okadym. Munuň mysaly köpdür:

„Şeýlelikde, iki adamy, lakamy Ýustus bolup, Barsaba diýilýän Ýusuby... teklip etdiler" „Resullaryň işleri 1:23).

„Resullaryň Barnabas lakamyny bereni, kiprli Ýusup" (Resullaryň işleri 4:36).

„Niger diýen Simun" (Resullaryň işleri 13:1).

„Barsaba lakamly Iuda" (Resullaryň işleri 15:22).

„Ýustus lakamly Ýeşu" (Koloseliler 4:11).

Näme üçin Ýahýa bilen Ýakuba „gök gümmürdisiniň ogullary"[17], Simuna bolsa, „Petrus"[18] diýlipdir? Ozal men näme üçindigini bilmeýärdim. Täze Ähtde atlaryň çalşylan ýagdaýlary gaty köp duş gelýär. Gizlin ýygnakda hut şunuň ýaly hem bolýar. Meniň köp adym bardy. Men nirädir bir ýere baranymda, Wurmbrand doganyň gelendigini aýtmaýardylar. Bir şäherde men Wasiledim, beýlekisinde Georgeskudym, üçünjisinde bolsa Ruwimdim. Özümi tussag edenlerinde bolsa, men Riçard Wurmbranddym.

Men Mukaddes Kitap tekstiniň ruhulygyna ynanýaryn. Onuň näme sebäpden, „gerek däl" bolan sözleri özünde saklaýarka? Näme üçin Isanyň „çola ýerde doga-dileg edeni" we „bir şäherde bolany"[19] gürrüň berilýärkä?

Islendik şäher – „bir" ýa-da „belli bir" şäher bolýar, ýöne bu gizlin ýygnagyň dilidir. Men sapardan öýe gaýdyp gelenimde, aýalyma: „Men bir şäheriň bir ýerinde boldum, ol ýerde bir adam bilen duşuşdym. Biz belli bir wagtda belli bir ýerde duşuşmagy karar edindik" – diýýärdim.

Isa şägirtleri bilen Pesah naharyny bile iýmek isledi (Luka 22:7-13). Ol olara: „Pylan ýere ýerdäki pylan köçä baryň-da, pylanydan soraň we nahar taýýarlaň" – diýip bildi. Isa olara:

---

17 Markus 3:17.
18 Matta 10:2.
19 Luka 5:12

„Ine, şähere gireniňizde, küýze bilen suw alyp barýan bir adama sataşarsyňyz. Girjek öýüne barýança onuň yzyna düşüp gidiňde...” – diýdi. (Ol wagtlarda küýzede suw alyp barýan erkek kişini seýrek görmek bolýardy – suw almak üçin guýynyň ýanyna aýallar barýardy). Bizem şeýle edýäris. Hudaýa doga etme ýygnanyşygyny planlaşdyranymyzda, biz onuň boljak ýerini aýtmaýarys, sebäbi biziň aramyzda maglumatçylaryň bolmagy mümkin. Biz: „Pylan burçda duruň (ýa-da seýilgähdäki oturgyçda oturyň), şonda deňiňizden mawy galstukly (ýa-da başga bir tanadyjy alamaty bolan) adam geçer. Şonuň yzyna düşüberiň” – diýýärdik. Eger kimdir biri şol adamyň ady bilen gyzyklansa, diýmek, ol gizlin polisiýanyň maglumatçysy.

Gizlin ýygnak eýýäm Täze Äht ýazylan wagtynda bardy.

Bizi tankytlaýarlar: biziň Hudaýyň öňünde bikanun hereket edýändigimizi, sebäbi ýygnagyň gizlin hereket etmeli däldigini aýdýarlar. Hökümete tabyn bolmalydygymyzy aýdýarlar. Ýygnaklaryň bütindünýä soweti bizi aýyplaýar, özi bolsa, hökümete tabyn bolmaýan powstanslary maddy taýdan goldaýar.

Mukaddes Kitapda hökümet hakda: „seniň ýagşylygyň üçin ... ýamanlyk edenden jeza berip, öç alýandyr”[20]– diýip ýazylypdyr. Hudaýyň Sözüni gadagan edýän hökümet özüni kanundan daşda goýýandyr, ol babatda Mukaddes Kitap ulanarlykly däldir. Islendik hökümet kanun boýunça-da, adalatsyzam hereket edip biler, sebäbi mukaddeslerden düzülen hökümet ýokdur. Hökümet günäkärlerden düzülendir. Ýöne olar pilädäki gurçuga kebelek bolmaga, gunçanyň güllemegine päsgel bermeli däldir. Döwlet günäkäriň mukaddes bolmagyna päsgel bermeli däldir. Döwlet muňa päsgel berýänçä, men ondan mukaddeslik talap edemok. Onuň käbir kanunlarynyň erbet bolmagynyň mümkinligine men ýol berýärin, ýöne birnäçe wagtdan soň, olaryň üýtgediljegine umyt baglaýaryn, şonuň üçin men hökümete hormat bilen garaýaryn. Eger hökümet göklerdäki gowy durmuşa taýýarlanmakdan ybarat bolan durmuşda meni mahrum etmäge çalyşsa, onda meniň onuň öňünde borjum ýokdur.

20 Rimliler 13:4

Biziň missiýamyz özüniň kommunistik we yslam ýurtlaryndaky Gizlin ýygnaklara gönükdirilen kömegi bermegini dowam etdirýär.

Men size Gizlin ýygnak hakda düşünje bermek üçin öz Gizlin ýygnagymyzyň birnäçe kynçylyklary bilen sizi tanyşdyrdym.

Goý, Hudaý size ak pata bersin.
*Riçard Wurmbrand*



# 2

# Görgi: Mesihilik Gedonizmi

Jon Paýper



Excerpted from *Desiring God*, © 1996 by John Piper
(Sisters, Oregon: Multnomah Books).
Used by permission of Multnomah Publishers, Inc.
For requested use only, not to be copied for any other purposes.

## Mukaddes görgi göreniň aýaklarynyň ýanynda

Men Riçard Wurmbrandyň aýaklarynyň ýanynda oturan wagtymdan başlap üýtgedim (göni manysynda aýaklarynyň ýanynda oturanymda).

Ol köwüşlerini çykaryp, Minneapolisdäki Greýs Baptist Çerç ýygnagyndaky kiçiräk münberde oturdy. (Soň men rumyn türmesinde gynanlarynda, onuň dabanyna zelel ýetirendiklerini bildim). Onuň öňünde we ondan azajyk aşagrakda başga-da birnäçe ruhy çopan otyrdy. Ol gören görgüleri hakda gürrüň berdi. Ol Isanyň görgüni „saýlanyny” gaýta-gaýta aýtdy. Ol görgä sataşmady – Onuň saýlawy şeýledi: „Menden janymy hiç kim almaýar, Men ony Özüm berýärin” (Ýahýa 10:18). Ol bizden Mesihiň hatyrasyna görgini saýlan saýlamandygymyzy sorady.

Riçard Wurmbrandyň „*Reaching toward the Heights*”[1] kitabyna berlen kitaphana görkezijisinde awtor şeýle görkezilen: „Ýewreý gelip çykyşly bolan lýuteran ruhy çopany. Ol 1909-njy ýylda Rumyniýada doguldy. 1945-nji ýylda kommunistler häkimiýeti eýelänlerinden soň, ol gizlinlikdäki ýygnagyň ýolbaşçysy boldy. 1948-nji ýylda ol we onuň aýaly Sabina tussag edildi. Ol 14 ýylyny tussaglykda geçirdi. Bu ýyllaryň üç ýylyny ol güni, ýyldyzlary, gülleri görmän, ýer astyndaky ýekelikde bolunýan kamerada geçirdi. 1964-nji ýylda onuň Şwesiýadan bolan mesihi dostlary ony 10000 dollara satyn aldylar”.

## Görgüler ajaýypmy?

Riçard Wurmbrand italýan telewideniýesiniň soraglaryna jogap berýän sistersian abbaty baradaky wakany gürrüň berdi. Interwýu alýan adamy terkidünýä ýaşaýyş durmuşy gyzyklandyrýardy. Ol korrespondentden: ”Aýtsaňyzlaň, eger ömrüňiziň ahyrynda siz hakykat – bu ateizm, Hudaý ýok diýen netijä gelseňiz näme?” – diýip soraýar.

„Mukaddeslik, dymmaklyk we pida etmeklik baýrak berilme wadasy bolmanda-da, öz – özünden gowy zat, şonuň üçin islendik

[1] „*Belentliklere dyrjaşma*”

ýagdaýda-da, men ömrümi dogry ýaşadym" – diýip, korrespondent jogap berýär.

Görgi romantikasy aralaşan munuň ýaly jogap mende gaty güýçli täsir galdyrdy. Ýöne birden men nämedir bir zadyň utgaşmaýandygy hakda pikir etdim. Nämedir bir zat bolmalysy ýaly däldi, ýöne nämäniň şeýledigine düşünmedim. Ondan soň men beýik mesihi görgi çekijisi resul Pawlus hakda pikirlendim. Şonda Pawlus bilen korrespondentiň arasyndaky uçut meni haýran galdyrdy. Korrespondentden: „Eger ahyr soňunda siziň durmuşyňyz ýalana esaslanan bolup çyksa näme?" – diýip soradylar, ol bolsa, özüniň barybir gowy hem abadan durmuşda ýaşaýandygyny aýtdy. Ine, Pawlus nähili jogap berdi: „Biz diňe bu ýaşaýyşda Mesihe umyt baglan bolsak, onda ähli ynsanlaryň iň bagtygarasydyrys" (1 Korintoslylar 15:19). Onuň aýdan zatlary korrespondentiň aýdan zatlaryna düýbünden garşydaş. Näme üçin Pawlus: „Mesih ölümden direlmedik ýagdaýynda-da, Hudaý bolmadyk ýagdaýynda-da, söýgüden, zähmetden, pida etmeklikden we görgülerden doly durmuş barybir abraýly durmuşdyr" – diýmedi? Näme üçin ol ölümden direlme baýragy bolmanda-da, biziň betbagt däldigimizi aýtmady? Näme üçin ol, eger biziň Mesihe bil baglamamyz ýalan bolup çyksa, onda biziň beýlekileriň iň bagtygarasydygymyzy aýtdyka?

## Mesih bilen ýaşalýan durmuş gowumy?

Bu mesihilik ýygnaklary, aýratynam, Amerikadaky hem-de Günbatar Ýewropadaky gülläp ösýän ýygnaklary üçin esasy soragdyr. Biz Mesihe gelenden soň, durmuşyň ýeňilleşendigi baradaky şaýatlyklary näçe gezek eşitdik? Öňräk men regbiniň professional oýunçysynyň Mesihden öz ýüregine girmegini doga-dileg edip sorandan soň, öz komandasynyň sekiz oýnuň sekizsinde hem, ýeňiş gazanandygyny aýdanyny eşitdim.

Abadan Günbatarda mesihileriň aglabasy mesihiligiň peýdasyny – Hudaý we ölümden direliş bolmanda-da, onuň durmuşy aňsatlaşdyrmakdaky peýdasy manysynda göz öňüne getirýärler. Mesihiligiň öz psihologiki ýagdaýymyza we başga adamlar bilen

gatnaşyklarymyza edýän položitel täsiri hakda pikirleneliň. Bu zatlaryň hemmesi Mukaddes Kitaba hem gabat gelýär. Ruhuň miwesi – bu söýgi, şatlyk hem parahatçylykdyr. Şonuň üçin, eger iman etmek bilen biz söýgä, şatlyga we parahatçylyga eýe bolýan bolsak, hatda hakykata esaslanmaýan bolsa-da, bu gowy dälmi? Näme üçin biz „beýleki adamlaryň bagtygarasy" bolup bilýäris? Pawlus nämäni göz öňünde tutdy? Eýsem, ol „gurply" ýaşamaýarmydy? Näme üçin ol „eger ölümden direliş bolmasa, ... onda biz ähli ynsanlaryň iň bagtygarasydyrys" (1 Korintoslylar 15:13, 19) diýdi? Näme üçin nädogry, ýöne şatlykda we kanagatlanmada ýaşaýan adam betbagt bolmaly? Eger nädogrulyk durmuşy manydan dolduryp, ony bagtly edýän bolsa, onda bu ýerde näme erbet zat bar?

Gep Pawlus üçin durmuşyň manysy aňsatlykdan we abadançylykdan ybarat däldi. Onuň üçin mesihilik durmuşy akyl ýetirip görlen görgüden – biziň göz öňüne getirip bilmejek zadymyzdan ybarat durmuşdy. Hudaýa ynanmaklyk, ölümden direlmä bolan ynam we bakyýetde Mesih bilen gatnaşykda bolma umydy ölümden direlmä bolan ynam bolmanda-da, ýeterlik durmuşyna amatlylyk bermedi. Bu umyt meýletin görgi görmäni aňladýardy. Hawa, ol söz bilen aýdyp bolmajak şatlygy duýdy, ýöne bu şatlyk umyt şatlygydy (Rimliler 12:12). Şonuň üçin umyt oňa öz ölümden direlmäňe we ugrunda görgi gören adamlaryň ölümden direlmesine bil baglamasyz mümkin bolmadyk azatlygy berdi. Eger ölümden direlme bolmasa, onda gurbanlyklar biderek bolup, gynanja mynasypdyr.

Hawa, onuň görgülerinde şatlyk we pidalaryň akyl ýetirilip edilýänine düşünme bardy. Ýöne şatlyk beýik ynamdan syzyp çykýardy: „...muşakgatlar bilen-de magtanýarys, çünki muşakgatyň çydamy, Çydamyň tejribäni, tejribäniň hem umydy emele getirýändigini bilýäris" (Rimliler 5:3-4). Görgülerde şatlyk bar, ýöne bu görgüleriň ösmeklige alyp barýanyna bolan ynamdan gelýän şatlykdyr. Şol sebäpden hem, eger ölümden direlme ýok bolsa, onda görgüleri kabul etmek, ylaýta-da, olara şatlanmak akmaklykdyr. Ýöne beýik umyt bar, şonuň üçin Pawlus görgüleri meýletin kabul etdi. Bakyýetdäki şatlyga ynam bolmasa, bu

dogrudanam akylsyzlyk we nebsiň agyrmagyna mynasyp zat bolardy.

## Eýsem, yzarlanmalar we keseller dürli zatlar dälmi?

Kimdir biriniň: „Eger men görgüleri saýlamadyk bolsam näme?" – diýip soramagy mümkin. Mysal üçin, düwnük keseli ýa-da çaganyň betbagtçylykly ýagdaýdan ölmegini, ýa-da depressiýany. Eýsem, kesel yzarlanmalardan tapawutlanýarmy?

Bu babyň köp böleginiň mesihileriň özlerini dürli ýagdaýlarda akyl ýetirip, mesihilerçe alyp barýandygy hakdadygyny men aýdýaryn. Belli bir howp bolsa, ol ýagdaýlaryň hemmesine mahsusdyr. Kesel bilen yzarlamalaryň arasyndaky esasy tapawut yzarlamanyň mesihilere garşy akyl ýetirip duşmançylykda bolmanda jemlenendir.

Belli bir ýagdaýlarda bolsa, öz mesihilik pozisiýaňy gizlemezlik – Hudaýyň erki şeýle bolsa, görgüleri kabul etmäge taýýar bolmagy aňladýar (1 Petrus 4:19). Imansyzlar tarapyndan öňünden niýetlenilen duşmançylykly hereketler bolmadyk ýagdaýynda hem, mesihilik durmuşynyň hasratlara alyp barmagy-da mümkn. Mysal üçin, mesihiniň epidemiýa eýelän obada gulluk edip, syrkawlamagy mümkin. Şunuň ýaly ýagdaýda ol özüni yzarlandyklary üçin däl-de, mesihi bolany üçin ejir çekýär. Ol bu işe akyl ýetirip barypdy. Aslynda, eger biz iman bilen we Hudaýyň şöhraty üçin ýaşaýan bolsak, biziň bütin durmuşymyz keselçilige gurşalan oba meňzeşdir. Görgüler – bu Hudaýyň çagyryşyna tabyn bolanymyz üçin töleýän tölegimiziň bir bölegidir. Mesihiň yzyna eýerme kararyna gelenimizde, biz onuň bilen baglanyşykly bolan zatlaryň hemmesini kabul edýäris. Şonuň üçin hem, biz Mesihe tabyn bolmaklykdan syzyp çykýan görgüleriň hemmesini – yzarlamalar ýa düwnük keseli bolsa-da, meýletin kabul edýäris. Biz ugrunda özümize hasratlar garaşýan ýoly akyl ýetirip saýlaýarys, ýöne nalamaýarys. Hawa, biz olary özümizden aýyrmagyny haýyş edip, Hudaýa ýalbaryp bileris (2 Korintoslylar 12:8), ýöne ahyr netijesinde göklere barýan öz ýolumyzdaky şägirtçiligiň bahasy hökmünde Hudaýyň islegini kabul edýäris.

## Görgüleriň hemmesi Mesih bilen we Mesih üçin

Mesihilik tabynlygy ýolunda duş gelýän zatlarymyzyň hemmesi – yzarlamalar, keseller, betbagtçylykly ýagdaýlar aşakylary birikdirýär: ol biziň Hudaýyň ýagşylygyna bolan ynamymyza howp salyp, hak ýolda sowulma synagyna bizi salýar. Şonuň üçin hem bir iman ýeňşi we çydamlylyk görkezmeklik (kesel, şeýtan, günä ýa-da kimdir biriniň erbet hereketleri duşmanymyz bolsa-da) – bu beýik Hudaýyň ýagşylygynyň we biziň Mesihe bolan söýgimiziň subutnamasydyr. Mesihiniň durmuşyndaky islendik görgi – bu Mesih bilen we Mesih üçin çekilýän görgüdir. „Bilen" – sözi Onuň bilen barýan iman ýolumyzda duş gelýän we Onuň hemme zatda biziň bilen görgi görýändigi manysyndaky sözdür (Ýewreýler 4:15). „Üçin" – görgüleriň bizi synaýardygy we Mesihiň ýagşylygyna hem güýjüne wepalylygy tassyklaýandygy hem-de Onuň sylaglarynyň hemmetaraplaýyn ýeterlikdigi manysyndadyr.

## Biziň görgülerimizde şeýtanyň maksady we Hudaýyň maksady

Biziň imanymyzy ýok etmek üçin şeýtanyň yzarlamalary ulanyşy ýaly, Hudaý olaryň üsti bilen imanymyzy arassalaýar. Pawlus: „Siziň ýanyňyzdakak hem muşakgat çekjegimizi öňünden aýdypdyk. Bilşiňiz ýaly, şeýle hem boldy. Şonuň üçin hem, men mundan artyk çydap bilmän, azdyryjy şeýtan sizi azdyryp, zähmetimiz biderek bolaýmasyn diýip, imanyňyzyň ýagdaýyny bilmek üçin, doganymyzy iberdim" (1 Selanikliler 3:4-5) – diýip ýazýar.

„Azdyryjynyň" maksady düşnükli: görgüleriň kömegi bilen imany ýok etmek. Ýöne diňe şeýtan hereket etmeýär. Hudaý hemme zada höküm Edijidir, şonuň üçin Öz ýokary maksadyna gulluk etmeden aňra goýbermeýär. Onuň maksady şeýtanyň maksadyna garşydaşdyr. Hudaýyň Sözi düşündirýär we köşeşdirýär: „Oglum, Rebbiň temmisini har, terbiýesini äsgermezlik etme. Çünki ata halaýan ogluny nähili terbiýeläýän bolsa, Reb hem söýýänini terbiýeleýändir" (Süleýmanyň pähimleri 3:11-12). Aryp, ruhdan düşmez ýaly, günäkärleriň beýle uly garşy durmalaryna çydan

Isa hakda oýlanyň. Günä garşy söweşiňizde siz entek ganyňyz dökülýänçä garşylyk görkezmediňiz. Ogullara... berlen bu öwüdide unutdyňyz... Öz mukaddesligine şärik bolmagymyz üçin, Ol biziň haýrymyza terbiýe berýär. Her hili terbiýe berilmek öňürti şatlykly zat däl-de, gaýgyly zat bolup görünýändir. Ýöne bu soňra şeýle ýetişdirilenler üçin dogrulygyň dynçlyk miwesini öndürýändir" (Ýewreýler 12:3-6, 10-11). Isanyň „günäkärleriň sögünçlerini" çekmeli bolandygy aýdylýar. Olaryň üsti bilen şeýtan hereket edýär (Luka 22:3). Muny hem Hudaý söýýän Ata hökmünde biziň öwrenmegimiz üçin ulanýar. Şol bir yzarlamalaryň üsti bilen şeýtan bir maksat, Hudaý hem başga bir maksat üçin hereket edýär.

Şu zatlar kesele-de degişlidir. Olary şeýtanam, Hudaýam ulanýar. „Ylhamlaryň bollugyndan ýaňa özümi ýokary tutmaz ýaly, tenimde tiken, ýagny özümi ýokary tutmaz ýaly, meni ýumruklamagy üçin, maňa bir şeýtan perişdesi berildi. Ony menden aýyrsyn diýip, Rebbe üç gezek ýalbardym. Ol maňa: „Saňa meniň merhemetim ýeterlikdir, çünki Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir" diýdi. Şunuň üçin Mesihiň gudraty üstüme kölege salar ýaly, höwes bilen öz ejizliklerim hakda has hem magtanýaryn. Şu sebäpden men Mesih ugrundaky ejizliklere, sögünçlere, mätäçliklere, azarlara, kynçylyklara razy, sebäbi men ejizkäm güýçlüdirin" (2 Korinstolylar 12:7-10). Pawlus keseli „şeýtanyň perişdesi" (ýagny „goýbereni") – diýip atlandyrýar. Ýöne onuň berilmeginiň maksady „özümi ýokary tutmazlygymdyr" – ine, Hudaýyň maksady näme eken! Mesihiň ýokary ygtyýary bilen Onuň söýgi arkaly arassalama maksadyna we şeýtanyň weýran edijilikli maksadyny ýeňmelige ýetilýär. Şeýtan biziň imanymyzy ýok etmäge çalyşýar, Mesih bolsa, biziň ejizliklerimizde Öz ygtyýaryny görkezýär.

## Diýmek, yzarlamalardan azar çekme bilen keselleriň arasynda tapawut ýok

Yzarlanma bilen keseliň arasynda ýörite tapawudyň ýoklugy yzarlanmalardan we kesellerden çekilýän görgüleriň arasynda tapawudyň ýoklugy bilen tassyklanylýar. Mesih ugrunda rumyn türmesinde başdan geçiren gynalmalaryndan otuz ýyl geçenden

soň, Riçard Wurmbrand fiziki agyrydan görgi görmegini dowam etdirdi. Köp ýyllardan bäri gynalmadyk bolsa-da, onuň aýaklary agyrýardy.

Mesihiň gullukçysy hökmünde resul Pawlus „Üç gezek taýaklandy, bir gezek daşlandy, üç gezek gämisi gark bolup, bir gije-gündizi deňizde geçirdi... Azaplarda hem zorlukda, köp gezek ukusyzlykda, açlyk hem suwsuzlykda, köp gezek orazalarda, sowukda hem ýalaňaçlykda boldy" (2 Korintoslylar 11:25, 27). Eger ol öýken sowuklamasyna uçran bolsa, onda bu yzarlamalaryň netijesi bolmazmydy? Pawlus urulmalar, gämi heläkçiligi we ýalaňaçlygyň arasynda tapawut görmedi. Mesihe gulluk etmekde başyndan inen zatlaryň hemmesi Pawlus üçin şägirtçiligiň bahasy bolupdy.

Eger missioneriň çagasynyň aşgazan agyrysy bar bolsa, biz munda Mesihe wepalylygyň netijesini görýäris. Çagalardaky islendik meseleler – ene-atasynyň Mesihe tabynlygynyň bahasydyr. Biziň görgülerimiz – bu Mesih bilen we Mesih üçin görgi görmek duşmanlarymyzyň öňünden taýýarlan zatlarynyň barlygynyň ýa ýoklugynyň netijesi däl-de, özümiziň Mesihe wepalylygymyzyň netijesidir. Eger biz Onuňky bolsak, onda başymyzdan inýän zatlaryň hemmesi – munuň sebäbiniň mikroblar ýa-da adamlar bolup durýandygyna garamazdan, Onuň şöhraty we biziň bähbidimiz üçindir.

## Ölümden direlmäniň deregine tagamly iýmit?

Geliň, Pawlusyň: „Eger ölümden direliş bolmasa, ... onda biz ähli ynsanlaryň iň bagtygarasydyrys" (1 Korintoslylar 15:13, 19) diýýän täsin sözlerine dolanalyň. Ýagny ölümden soň ýaşaýyş bolmaýan bolsa, onda Pawlusyň düşünişine görä, mesihilik durmuşy ýakymly etmek üçin iň gowy usul däldir.

Pawlus: „Onda iýeliň, içeliň, çünki ertir öleris" (1 Korintoslylar 15:32) diýýär. Ol öz maksadyna ýetjek bolmany göz öňünde tutmaýar. Serhoş bolmany we garnyny doýurmany başdan geçirip gören adamlara munuň durmuşdan lezzet almanyň gowy usuly däldigi bellidir. Pawlus „iýeliň, içeliň" diýmek bilen, eger

ölümden direlmä umyt ýok bolsa, onda diňe lezzet almalara ymtylyp, görgülerden gaça durmaklygy göz öňünde tutýar. Ol mesihi hökmünde munuň ýaly durmuşdan ýüz öwürdi. Eger ölüler direlmeýän bolsa, eger Hudaý we jennet ýok bolsa, ol öz tenini beýle synaglara duçar etmezdi. Ol tölegden ýüz öwürmän, çadyr tikmegini dowam etdirerdi. Ol özüni gamçy, taýak we daş bilen „kyrk urgy" howpuna sezewar etmezdi. Ol syýahatlarda, deryalarda, garakçylaryň, butparazlaryň, tiredeşleriniň aralarynda, şäherde, çölde, deňizde, ýalan doganlaryň ýanlarynda öz janyna töwekgelçilik etmezdi. Ol ukusyz gijelerden, swukdan, açlykdan gaça durardy. Ol imandan ýüz öwren mesihilere sabyr etmezdi we ikiýüzlüleri ýigrenerdi (2 Korintoslylar 11:23-29). Bu zatlaryň hemmesiniň deregine ol rim raýatlygynyň artykmaçlygyna eýe bolan ýewreýiň asuda hem ýakymly durmuşyny ýaşardy. Ol „eger ölüler ölümden direlmeýän bolsa, onda iýeliň, içeliň, çünki ertir öleris" – diýmek bilen azgynçylyga çagyrmaýar. Ol „eger ölüler ölümden direlmeýän bolsa", adaty adam şatlygyndan doly we jennet, dowzah, günä, Hudaýyň mukaddesligi ýaly zatlar hakda biynjalyk bolmakdan azat, asuda, rahat durmuşyň bardygyny göz öňünde tutýar. Özlerini mesihi hasaplaýan köp adamlaryň hut şunuň ýaly ýaşaýandyklary haýran galdyrýar!

Pawlus üçin Mesih bilen baglanyşyk durmuşdaky amatlyklary we şatlygy aňlatmady. Mesih bilen bir bolmaklyk onuň üçin ateizmiň gahrymançylygy bilen hiç hili umumylygy bolmadyk meýletin görgi görmäni aňlatdy. Eger Mesihdäki şatlygyň dolulygynda ölümden direlme ýok bolsa, onda onuň görgüleri akmaklyk hem gözgyny bolardy.

## Günbatar mesihiligini öteräk aýyplama

Men ahyrsoňy Wurmbrandyň korrespondent baradaky wakasynyň manysyna düşündim. Pawlusyň pozisiýasy günbatar mesihiligini öteräk aýyplama bolup durýar. Belki-de, men ulaldýandyryn? Özüňiz serediň. Eger ölümden direlme bolmadyk bolsa, mesihilik durmuşynyň düýbünden akmaklyk boljakdygyna siziň tanyşlaryňyzyň köpüsi düşünýärmi? Siz kimdir birinden, eger

ölümden direlme ýok bolsa, onda özüniň Mesih üçin meýletin çekýän görgüleriniň gynanja mynasypdygyny eşidipdiňizmi?

## Mesihilik edil meýletin görgi ýaly

„Biz diňe bu ýaşaýyşda Mesihe umyt baglan bolsak, onda bütin ynsanlaryň iň bagtygarasydyrys" (1 Korintoslylar 15:19). Pawlus üçin ýerdäki durmuş geljekki durmuşda Mesih bilen gatnaşykda bolma şatlygyna eýe bolmak üçin meýletin akyl ýetirip görgi görmegi aňlatdy. Ine, onuň özi bu barada näme diýýär: „Maňa gazanç bolan her zady Mesihiň hatyrasyna zyýan saýdym. Hawa, ugrunda bar zadymy ýitiren Rebbim Mesih Isany tanamagyň artyk gymmaty üçin her zady zyýan saýýaryn, Mesihi gazanjak bolup, syr-süplük saýýaryn... garaz, ölümden direlişe ýetmek isleýärin (Filipililer 3:7-8, 11).

Gaýtalaýaryn: Mesihiň çagyryşy – bu pidalardan, ret edilmelerden we görgülerden doly durmuşa, ýagny ölümden direlme bolmadyk ýagdaýynda akmaklyk bolýan durmuşa çagyryşdyr. Pawlus muňa akyl ýetirip gitdi. Ol: „Ölüler asla direlmeýän bolsa, onda nämä olar üçin çokundyrylýarlar? Nämä biz häli-şindi howp astyna girýäris? Eý doganlar, siz barada Rebbimiz Mesih Isada bolan magtanjyma kasam, men her gün ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolýaryn" (1 Korintoslylar 15:29-31) diýýär. Ony beýle ýaşamaga mejbur etmediler. Onuň saýlawy şeýledi: „häli-şindi howp astyna girmek". Hut şunuň üçin hem, ol eger ölümden direlme bolmasa, özüniň nebsiagyryjylyga mynasyp bolýandygyny aýdýar. Hasratlara we görgülere alyp barýan ýoly onuň özi saýlary. „Men her gün ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolýaryn".

## Näme üçin ol beýle etdi?

Bu hakykat däl, sebäbi diňe adamyň özi ýakymsyzlyklardan gaçyp bilýär. Biz howpsyz ýere we klimaty ýakymly ýere göçýäris. Biz kondisiner gurdurýarys. Aspirin içýäris. Ýagyşdan gizlenýäris. Garaňky köçeden gaçýarys. Suwy filterläp içýäris. Biz „her sagatda betbagtlyga uçrasak", beýle durmuşda ýaşap bilmeýäris.

Pawlusyň durmuşy adam üçin gurnalan ýönekeý adaty zatlar bilen ylalaşmaýar. Biz „her gün ölmäge” ugrukdyrylmadyk. Näme üçin Pawlusda „Mesihiň görgileriniň artmagy” gerekdi (2 Kor 1:5)? Näme üçin oňa „Mesihiň hatyrasyna akmak bolmagy” gerekdi (1 Kor 4:10)? Näme üçin ol «özüne gargamaklary, yzarlamaklary, myjabat ýöňkemekleri ...ýer ýüzüniň çöp-çöri, dünýäniň zir-zibili kimin bolmagy üçin» gös-görtele «aç-suwsuz, eşikleri sal-sal, ýenjilen, öýsüz-öwzarsyz sergezdan» bolmaklyga ymtylýar (1 Kor 4:11-13)?

## „Çünki Meniň adym ugrunda bu adamyň näçe görgi görmelidigini Men oňa görkezmekçi”

Belki, ony Mesihiň çagyryşyna tabyn bolma herekete getirendir. Reb Hananýa Şama barýan ýolunda görüş ukybyny ýitiren Pawlusyň gözüniň açylmagy üçin oňa el goýmagy buýurdy: „Reb oňa şeýle diýdi: «Bar, çünki bu adam milletleriň, patyşalaryň we Ysraýyl ogullarynyň öňünde Meniň adymy götermek üçin saýlanan guraldyr. ünki Meniň adym ugrunda bu adamyň näçe görgi görmelidigini Men oňa görkezmekçi»” (Resullaryň işleri 9:15-16). Ýagny görgüler Pawlusyň resullyk çagyrlyşynyň bir bölegi bolupdy. Pawlus Mesihiň çagyryşyna seslenmek bilen özüne berlen görgüleri kabul etdi. Hut „berlen”. Pawlusyň sözlerine görä, görgülerem, edil iman ýaly sylagdyr, sebäbi „Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir” (Filipililer 1:29). Şu ýerden hem, bu „sylagyň” resullygyň bir bölegi hökmünde diňe resullara niýetlenilmändigi gelip çykýar. Ol filipili imanlylara-da, bütin ýygnaga-da „berildi”.

Gynamalaryň kabul etmesi gerek bolan sylagdygy baradaky netijä başgalaram geldiler. Aleksandr Solženisyn türmedäki wagty barada berlen sylag hökmünde gürrüň edýär. „Türmedäki çüýräp ýatan samanyň üstünde özümde ýagşylygyň birinji gymyldysyny duýdum. Ýagşylyk bilen ýamanlygy bölýän çyzygyň döwletleriň arasyndan, synplaryň arasyndan, partiýalaryň arasyndan geçmeýändigi, onuň adam ýürekleriniň üstünden we ähli ynsanlaryň

ýürekleriniň üstünden geçýändigi kem – kemden maňa açyldy. Şonuň üçin göni durup:

„Meniň durmuşymda bolanyň üçin saňa minnetdarlyk bildirýärin, türme” – diýýärin.

Bu Pawlusyň görgüleriň diňe bir resullaryň däl-de, eýsem, ähli mesihilere berlendigi pikiri bilen ylalaşýar.

## Onuň ýöne bir mesihidigini görkezmek

Diýmek, Pawlus şunuň bilen özüniň Mesihiň wepaly şägirdidiginiň tassyklanylýandygy üçin görgüleri kabul edipdir-dä? Isa: „Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, her gün haçyny alyp, yzyma düşsün. Çünki kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň ugrumda ýitirse, ony halas eder” (Luka 9:23-24) – diýdi. Ýagny haçyň almass we günde ölünmese mesihilik çyn mesihilik bolýan däldir, hut şonuň üçin Pawlus: „Men her gün ölüm bilen ýüzbe – ýüz bolýaryn” – diýýär (1 Korintoslylar 15:31). Isa: „Meniň size «Gul öz agasyndan uly däldir» diýen sözümi ýada salyň. Olar Meni yzarlan bolsalar, onda sizi-de yzarlarlar” (Ýahýa 15:20) – diýdi. Şeýlelikde, eger Pawlus Mesihiň görgülerini paýlaşmadyk bolsa, nämedir bir zat nädogry bolardy. Ine, Isa Öz şägirtlerine özleriniň gullugy hakda näme diýdi: „Ine, Men sizi möjekler arasyna guzular ýaly ýollaýaryn” (Luka 10:3). Ol olara: „Size ene-ataňyz, doganlaryňyz, garyndaşlaryňyz, dostlaryňyz hem haýynlyk ederler, käbiriňizi öldürerler. Meniň adym üçin hemmeler sizi ýigrener” (Luka 21:16-17, Matta 24:9) – diýip duýduryş berdi.

Pawlusyň bu duýduryşy diňe ilkinji resullara degişli etmändigi aýdyň görnüp dur, sebäbi ol bu duýduryşlary ýygnaklara geçirdi. Ol „Şägirtleriň janlaryna kuwwat berip, olara... biziň Hudaýyň Patyşalygyna köp muşakgatlar bilen girmelidigimizi aýtdy” (Resullaryň işleri 14:22). „Muny bu muşakgatlar zerarly hiç kim gowşamasyn diýip etdik. Sebäbi biziň munuň üçin oturdylandygymyzy özüňiz bilýänsiňiz” (1 Selanikliler 3:3) diýip, Pawlus Selanikdäki mesihilere öwüt-ündew berdi. Pawlus görgüleriň diňe bir öz başyndan inmejekdigini bilýärdi, şol sebäpden hem, ol

ýygnaklara: „Maňa öýküniň” (1 Korintoslylar 4:16) – diýip ýazdy. „Olar Meni yzarlan bolsalar, onda sizi-de yzarlarlar”.

## Mesihilere özüne bil baglamany aýyrmagy öwretmek

Pawlus görgüleri wepaly mesihiniň durmuşynyň bir bölegidigi hasaplany üçin ony jikme-jik öwrenipdir. Onuň başdan geçiren zatlary özüniň Hudaýyň Öz çagalaryna bolan söýgüsine gowy düşünmegine mümkinçilik beripdir. Mysal üçin, ol görgüleriň üsti bilen Hudaýyň bizdäki öz güýjümize bil baglamamyzy aýyrýandygyna we diňe Özüne bil baglamalydygyny öwredýändigine düşünýär. Aziýada bolup geçen zatdan soň, Pawlus: „Çünki, eý doganlar, Aziýada biziň başymyza gelen muşakgatlardan siziň habarsyz bolmagyňyzy islemeýäris. Biz çendenaşa, çydardan agyr kynçylyga düşüp, diri galmakdan hem umydymyzy üzdük. Ölüm jezasyny içimizde duýduk. Bu özümize däl-de, ölüleri direlden Hudaýa bil baglamagymyz üçin boldy” (2 Korintoslylar 1:8-9) – diýip ýazýar. Hut şu manyda görgüler mesihilere Hudaýda köpräk, özlerinde we dünýäde az lezzet tapmagy öwredýär. Men kimdir biriniň: „Men aňry ýany bilen wajyp bolan sapaklary asudalyk we amatlyklar wagtynda aldym” – diýenini hiç haçan eşitmedim. Men dözümli mukaddeslerden munuň tesrine bolan zady eşitdim: „Hudaýyň söýgüsiniň çuňlugyny tanamakda we Onda ösmekde öňe süýşmeler diňe görgüleriň üsti bilen bolup geçdi”. Semýuel Rezerford diňe betbagtlygyň iň çuň ýerzeminine oklanylanda, beýik Patyşanyň hut şol ýerde, aşakda, Özüniň iň gowy şerabyny saklaýanyna düşünenini aýdýar. Diňe betbagtlygyň çuňluklaryna çümmek bilen iň gymmatly merjeni alyp bolýandygy hakda aýdylan sözler Çarlz Sperjene degişlidir.

## Mesihi beýgeltmek

Iň gymmat merjen – bu Mesihiň sözleridir. Pawlus biziň görgülerimizde Mesihiň merhemetiniň ýeterlikdiginiň ýüze çykýanyny görkezýär. Eger agyr wagtlarda biz Oňa bil baglasak,

Ol biziň „umytdaky şatlygymyzy” berkidýär. Ol ähli merhemetiň we güýjüň Hudaýy hökmünde peýda bolýar. Eger betbagtçylyklar wagtynda Oňa ýapyşsak, onda Onuň öz ýitiren zatlarymyzdan wajypdygyny görkezýäris. Mesih görgi görýän resula: „Saňa meniň merhemetim ýeterlikdir, çünki **Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir**” – diýdi. Pawlus muňa: „Şunuň üçin **Mesihiň gudraty üstüme kölege salar ýaly**, höwes bilen öz ejizliklerim hakda has hem magtanýaryn. Şu sebäpden men Mesih ugrundaky ejizliklere, sögünçlere, mätäçliklere, azarlara, kynçylyklara razy, sebäbi men ejizkäm güýçlüdirin” (2 Korinstoslylar 12:9-10) – diýip jogap berdi. Şeýlelikde, görginiň Hudaý tarapyndan diňe bizi özümize bil baglamakdan saplamak üçin däl-de, eýsem, Hudaýyň güýjüniň hem ýüze çykmagy üçin oýlanylyp tapylandygy aýdyňdyr. Iman hut şuny hem edýär: ol Mesihiň geljekki merhemetini şöhratlandyrýar.

Görgüleriň üsti bilen Hudaýdaky ýaşaýşyň düýp özeni açylýar. Mesih hem edil şunuň ýaly, „Ogul hem bolsa, gören görgülerinden söze gulak asmagy öwrendi” (Ýewreýler 5:8). Ol günäsiz (Ýewreýler 4:15), şonuň üçin „gulak asmagy öwrenmeklik” gulak asmazlykdan gulak asmaklyga geçmegi aňlatmaýar. Bu Hudaýa gulak asmada ösmäni we gitdigiçe özüňi Hudaýyň merhemetine doly tabşyrmagy aňladýar.

## Mesihilik görgüleri hakda haýran galdyryjy sözler

Rebbiň geçen ýoly hakda pikirlenmeklik Pawlusy Onuň yzyna eýermeklige alyp bardy. Ol öz görgüleri bilen Mesihiň görgüleriniň arasyndaky baglanyşygy suratlandyranda, haýran galdyryjy sözleri aýdýar: „Men siziň ugruňyzda gören görgülerime indi guwanýaryn, Mesihiň teni bolan imanlylar ýygnagy ugrundaky muşakgatlaryň ýetmezleriniň üstüni öz tenimde doldurýaryn” (Koloseliler 1:24). Ine, Pawlusy näme görgülerden doly durmuşa ruhlandyran eken.

Onuň sözleri meni Isa Mesihiň Ýygnagynyň aladasyny etmeklige ruhlandyrýar. Eger dünýäde Hudaýyň Patyşalygyny öňe süýşürmek üçin zerur bolan görgüleri öz üstümize alan bolsadyk!

## Biz nädip Mesihiň görgüleriniň üstüni dolduryp bileris?

Pawlus: „Mesihiň ... muşakgatlarynyň ýetmezleriniň üstüni ... dolduryaryn” – diýende, nämäni göz öňünde tutdy? Ol Isanyň halas edijilikli ölüminiň ähmiýetini peseldenokmy? Eýsem, Isanyň Özi: „Berjaý boldy!” (Ýahýa 19:30) – diýmedimi? Ýa-da „Çünki mukaddes edilenleri diňe bir gurban bilen **hemişelik kämillige** ýetireni” (Ýewreýler 10:14) we „Mukaddes ýere girip, erkeçleriň, göleleriň gany bilen däl-de, Öz gany bilen **bir gezekde** ebedi gutulyşy gazanany” (Ýewreýler 9:12) ýalanmy? Pawlus Mesihiň görgüleriniň kämil hem biziň halas bolmamyz üçin ýeterlik esasdygyny bilýärdi we öwredýärdi. Biz „Onuň gany bilen aklandyk” (Rimliler 5:9). Pawlus Mesihiň „ölüm derejesine çenli-de, tabyn bolup” (Filipililer 2:8), görgüleri Öz üstüne alanyny öwretdi. Onuň tabynlygynyň biziň aklanmamymzy doly üpjün edýändigini aýtdy: „Sebäbi bir adamyň boýun bolmazlygy üçin köpleriň günäkär ornunda oturdylyşy ýaly, Biriniň boýun bolmagy bilen-de köp adamlar dogry ornunda oturdylar” (Rimliler 5:19). Şeýlelikde, Pawlus öz görgüleriniň Isanyň pida edijilikli gurbanlygynyň üstüni dolduryandygy hakda asla pikir edip bilmez.

Ol başga zady göz öňünde tutýar. Onuň görgüleri Mesihiň görgüleriniň ýetmezçiligini görgüleriň ähmiýetiniň üstüne nämedir bir zat goşmak bilen doldurman, eýsem, görgüleriniň halas bolanlaryň üstüne ýaýraýandygy bilen dolduryar. Edil iman edenleriň günäleriniň hemmesini örtmek üçin az bolýan ýaly, Isanyň görgüleriniň gymmaty ýetmezçilik etmeýär-de, dünýäde Isanyň görgüleri hakdaky bilim ýetmezçilik edýär. Onuň gurbanlygyna ynam ýetmezçilik edýär. Köp halklar Isa hakda entegem eşidenoklar, olara Isanyň halas etmek üçin ýeten zadynyň manysy tanyş däl. Hudaýyň maksady bosa, munuň ähli halklara açylmagyndan ybaratdyr. Hoş Habary Sözüň gullukçylary ýaýratmalydyr. Olar Mesihiň görgülerini ýaýratmak bilen şol ýetmezçiligi hem dolduryarlar.

## Epafroditiň şaýatlygy

Hut şunuň göz öňünde tutulýandygynyň aşaky tassyklamasyny tapýarys. Pawlusa kömek bermek üçin Rime ugradylan Epafrodit syrkawlaýar. „Dogrudan-da, ol ölüm ýassygynda ýatdy, ýöne Hudaý oňa, ... rehim etdi” (Filipililer 2:27).

Pawlus Epafrodite hormat goýulmagyny Filippidäki ýygnakdan soraýar (2:29), „Çünki ol siziň maňa bolan gullugyňyzyň ýetmezini doldurjak bolup, janyny howp astyna sokup, Mesihiň işi ugrunda tas ölüpdi” (2:30). Bu ýerde hem, Koloseliler 1:24-de ulanylan sözleriň („Mesihiň ... muşakgatlarynyň **ýetmezleriniň üstüni ... doldurýaryn**” ýokary serediň) ulanylýandygyny görýäris.

Filipilileriň kömegi haýsy manysynda Pawlusa „ýetmezçilik etdi” we Epafrodit haýsy manyda onuň „ýetmezçiligini doldurdy?”. Martin Winsent bu soraga şeýle jogap berdi.

„Pawlusa berlen sylag Ten hökmünde ýygnak tarapyndan berlipdi. Bu söýgi gurbanlygydy. Ýygnagyň şahsy wekilligi ýetmezçilik etdi, Epafrodit hem, şol ýetmezçiligi özüniň janypkeşlikli gullugy bilen doldurdy.

Meniň pikirimçe, Koloseliler 1:24-däki sözleriň hem, şunuň ýaly manysy bar. Mesih günäkärler üçin ölüp we görgi görüp, dünýä söýgi gurbanyny getirdi. Bu gurbanlyk kämil hem ýeterlikdir Diňe dünýäniň halklaryna Mesihi şahsy taýdan görkezmeklik ýetmezçilik edýär. Şonuň üçin, Hudaýyň maksady boýunça şol ýetmezçilik (Pawlus ýaly) Mesihe degişli adamlary dünýä Mesihiň görgülerini şahsy taýdan görkezmeklige çagyrmak bilen doldurylýar. Şeýlelikde, biz „Mesihiň ... muşakgatlarynyň ýetmezleriniň üstüni ... doldurýarys”, biz Onuň görgülerini şol görgüleriň ýokary gymmatyny entek bilmeýän adamlara görkezýäris.

## Görgüleriň ýetmezçiligini görgüler bilen doldurmak

Pawlusyň Mesihiň görgüleriniň ýetmezçiligini ýetirişi diýseň täsindir: „Men siziň ugruňyzda gören **görgülerime** indi **guwanýaryn**, Mesihiň ... muşakgatlarynyň ýetmezleriniň üstüni öz **tenimde doldurýaryn**” (Koloseliler 1:24). Ýagny Pawlus özüniň Mesihe

getirmek isleýän adamlarynyň ugrunda **özi** görgi görmek bilen dünýä Mesihiň görgülerini görkezýär. Adamlar Mesihiň görgülerini **Pawlusyň görgülerind**e görýär. Hudaýyň maksady şunda hem jemlenendir: Hudaý Öz halkynyň görgülerinde dünýä Mesihiň görgülerini görkezýär. Haçy ýaşaýyş obruzy hökmünde yglan edenimizde, adamlar özümizde haçyň belliklerini görer ýaly we bizdäki onuň söýgüsini duýar ýaly, ýygnagyň – Mesihiň Teniniň – Mesihiň başdan geçirenlerinden nämedir bir zady başdan geçirmegi Hudaýyň islegidir. Biz halas bolma baradaky Hoş Habary yglan edenimizde, başdan geçirýän kynçylyklarymyzda Mesihiň görgüleri adamlar üçin real bolar ýaly etmeklige çagyrylandyrys. Şonuň üçin Mesih indi ýerde däl, Ol Öz Teniniň çekýän görgülerinde **Özüniň** görgülerini görkezmegini isleýär. Özümiziň Onuň Tenidigimiz sebäpli, biziň görgülerimiz – Onuň görgüleridir. Rumyn ruhy çopany muny şeýle düşündirdi:

„Men Isa Mesihiň dowamy. Rumyniýada meni ýenjenlerinde, meniň tenimde Ol ejir çekdi. Men diňe Onuň görgülerini paýlaşma sylagyny aldym”.

Şeýlelikde, biziň görgülerimiz Mesihiň dünýä bolan söýgüsiniň şaýatlygydyr.

## „Men Reb Isanyň ýaralarynyň yzlaryny tenimde göterýärin”

Pawlus: „Men Reb Isanyň ýaralarynyň yzlaryny tenimde göterýärin” (Galatýalylar 6:17) diýende, ine, nämäni göz öňünde tutan eken: öz görgülerinde adamlaryň Isanyň görgülerini görüp bilmeklerini. Olar Isany gördüler, Onuň söýgüsi olarda hereket etdi. „Isanyň ýaşaýşy tenimizde aýan bolsun diýip, Onuň ölümini hemişe tenimizde göterýäris. Çünki biziň ölümli tenimizde Isanyň ýaşaýşy hem aýan bolsun diýip, biz ýaşaýanlar Onuň hatyrasyna ölüme tabşyrylýarys. Şeýlelikde, ölüm bizde, ýaşaýyş bolsa sizde işleýär” (2 Korintoslylar 4:10-12).

## „Görgi görenleriň gany – tohumdyr”

Mesihiligiň ýaýrama taryhy „görgi görenleriň ganynyň tohumdygyny” – Mesiihdäki täze durmuşyň tohumydygyny görkezdi. 300 ýyla golaý wagtyň dowamynda mesihilik görgi görenleriň gany bilen bol suwarylan toprakda ösdi. Stiwen Niliň pikiriçe, ilkinji mesihileriň görgüleri ýygnagyň tiz ösmeginiň esasy sebäpleriniň biridir. „Kanundan daşda goýlan mesihiler gizlin duşuşmaga mejbur boldular... Irde – giçde öz imany hakda janyny tölemek bilen şaýatlyk etmeli boljakdygyny her kim bilýärdi... Yzarlanmalar başlananda, jezalar köpçüligiň öňünde berildi. Rimliler zalymdylar, ýöne belli bir derejede nebsagyryjylykdan mahrum däldiler. Şonuň üçin görgi görenleriň – ylaýta-da , ärleri bilen bile ejir çeken aýallaryň – eden hereketleri gürrüňsiz täsir galdyrdy. Şol döwrüň dokumentleri mesihileriň asuda, abraýly hereketleri edendiklerine, olaryň çydamlylygyna we batyrlygyna, özlerini gynaýanlara sylaşykly garandyklaryna we görgüleri Reb tarapyndan göge tarap barýan ýolda gurlan zat hökmünde şatlyk bilen kabul edendiklerine şaýatlyk edýär. Butparazlaryň mesihiler sud edilen we jezalandyrylan wagtynda, imana gelen köp ýagdaýlary bellige alnypdyr. Ýöne gören zatlarynyň täsiri astynda iman edenler, elbetde, has-da köpdür”.

## „Men özümi halas eden Patyşama nädip dil ýetireýin?”

Irineýiň şaýatlygyna görä, resul Ýahýanyň şägirdi bolan 156-njy ýylda ölüme höküm edilen Smirn ýepiskopy Polikarpyň gören görgüleri ajaýyp mysal bolup gulluk edip biler.

„Ony tutmazlaryndan üç gün öň, doga edip oturan wagtynda, ol görnüş görýär... Şonda ol öz ýanyndakylara ýüzlenip: „Men diriligime ýanmaly” – diýýär... Ol başga ýere gidibem bilerdi, ýöne gitmek islemän: „Goý, Rebbiň islegi bolsun!” – diýdi.

Şeýlelikde, özüni gözläp ýörenleriň gelenini eşidende, ol çykyp, olar bilen gürleşýär. Gelen adamlar onuň ýaşyny we ruhunyň berkligini görüp, muňa haýran galýarlar-da: „Munuň ýaly gojany tutmak üçin beýle jan etmek gerekmidi?” – diýip soraýarlar. Ol

şol pursatyň özünde gelenlere hädür – kerem edip, garynlaryny gowuja doýurmaklaryny buýruk berdi we gelenlerden özüne päsgelçiliksiz doga etmäge bir sagat bermeklerini haýyş etdi. Olar razy bolanlarynda, Polikarp ýerinden turup gidýär-de, Hudaýyň merhemetinden dolup doga edýär welin, iki sagadyň dowamyndada, sesini goýup bilmeýär. Muny eşidenler geň galdylar, köpler bolsa, munuň ýaly takwa gojanyň garşysyna gidendiklerine ökündiler".

„Prokonsul ... ony imandan dänmäge yrjak boldy... we: „Men seni goýberjek, Mesihe käýe" – diýýär. Emma Polikarp:

„Men Oňa eýýäm segsen alty ýyldan bäri gulluk edip gelýärin, Ol hiç hili meniň göwnüme degmedi, men nädip özümi halas eden Patyşama dil ýetireýin?" – diýip jogap berýär.

„Ot taýýar boldy. ... Ony çüýlejek bolanlarynda, ol:

„Meni günüme goýuň. Sebäbi özüme oda çydamaga güýç Berýän siziň çüýüňizsizem otda gymyldaman durmagy berer" – diýýär.

„Ahyrsoňy imansyzlar onuň tenini ot bilen ýok edip bilmejekdiklerini görenlerinde, konfektoryň ýanyna baryp, oňa hanjar sançmaklaryny buýruk berýärler... tutuş märeke şonda imansyzlar bilen saýlanylanlaryň arasynda nähili ullakan tapawudyň bardygyny haýran galma bilen gördi".

Irki ýygnagyň dabaraly ýeňşi belli bir derejede şunuň bilen düşündirilýär: ol görgüleriň üsti bilen ýeňdi. Görgülere şaýatlyk edilmedi – olar şaýatlygyň esasy boldular. „Doganlarymyz Guzynyň ganynyň saýasynda, eden güwälikleriniň sözüniň saýasynda ony ýeňdiler, ölüm derejesine çenli jan söýgüsinden el çekdiler" (Ylham 12:11).

## „Sany tamamlanýança"

Ýygnagyň görgüler we ejir çekmeler bilen giňelýändigi hem berkeýändigi taryhy tötänlik däldir. Hudaýyň plany şeýle. Bu barada „Ylham" kitaby gürrüň berýär. Göklerde görgi görenler Rebden: „Haçana çenli?" – diýip soraýarlar. Başga sözler bilen aýtsak, olar taryhyň haçan tamamlanjakdygyny we gutulyş bilen hökümiň haçan boljakdygyny soraýarlar. Jogap Beýik tabşyrygyň tamamlanmasyna

dahylly bolmak isleýänleriň hemmesi üçin manydan doly: „...özleri kimin öldüriljek ýoldaşlarynyň, doganlarynyň sany tamamlanýança, ýene az salym garaşmagy islendi” (Ylham 6:11).

Ýagny Hudaý Öz maksadyny görgi görmeli adamlaryň sanyny kesgitlemek bilen amala aşyrýar. Şol san dolylygyna ýetende, ahyr gelýär.

Hoş Habary ýaýratmanyň ikinji lozan kongressinde[2] Jorj Otisiň sözleri gatnaşyjylaryň köpüsini heýjana saldy. „Musulman ýurtlarda üstünligiň ýoklugy görgi görenleriň ýoklugynyň netijesi dälmi? Gizlin ýygnak güýçde ösüp bilermi? Ýaş ýygnak görgi gören adamlaryň göreldesine mätäç dälmi?”

Bu soraglary ol öz kitabynyň „Howply howpsuzlyk” atly jemleýji babynda hem berýär. Agyr jemgyýetçilik – syýasy ýagdaýlarda, mesihilige duşmançylykly bolan güýçler tarapyndan ýok edilme mümkinçiliginden gaça durmak üçin ýygnak bukuda galmalymy? Belki-de, ruhy nadanlyga we kemsitmelere, hatda ol görgi görmäni aňladýan bolsa-da, has açyk garşy durmaklyk Hoş Habary ýaýratmakda uly üstünlige alyp barar?! Yslam fundamentalistleri özleriniň ruhy rewolýusiýasynyň görgi görenleriň gany bilen iýmitlenýändigini aýdýarlar. Belki, yslam dünýäsindäki mesihilikde öňe süýşmäniň ýoklugy mesihilerde görgi görenleriň ýoklugy bilen düşündirilýändir? Musulman jemgyýeti gizlenýän ýygnagyň talapyny çynlakaý kabul edermi? ... Gep seždé etmede we şaýatlyk etmede eserdeňlik görkezmegiň gerek dälliginde däl-de, haçana çenli şemi şemdanyň aşagynda gizlemekde günäkär bolman hereket etmegiň mümkindigindedir... Taryh bize Iýerusalimden Şama, Efese we Rime barýan ýolda resullary ýenjendiklerini, daşlandyklaryny, olara garşy ýamanlyk etmäge dildüwşendiklerini we türmelere salandyklaryny gürrüň berýär. Olar missionerlik gullugyny alyp baranlarynda, şatlykly garşy alma garaşmadylar”.

Otis: „Görgi görenleriň ölümi wepalylaryň durmuşyny gülledýär” diýen Grigoriý I[3] (Beýik, „Ikisözli” ýa-da Söhbetdeş, rim papasy 590 – 604) bilen, gürrüňsiz, ylalaşardy.

---

[2] Manila, 1989.

[3] Beýik, „*Ikisözli*” ýa-da Söhbetdeş, rim papasy 590 – 604ý

## Ýaralardan gan çeşme bolup akdy

„Mesihiň muşakgatlarynyň ýetmezleriniň üstüni doldurmak" (Koloseliler 1:24) üçin akyl ýetirip, meýletin görgi görenleriň, ýagny Mesihiň görgülerini dünýä görkezenleriň häzirki zaman mysallary gaty köpdür. 1995-nji ýylda men bu baby ýazyp ýörkäm, Afrikadaky missionerden hat aldym. Elektron poçtasy bilen men maglumaty tassyklamagyny haýyş edip hat goýberdim. Ol gürrüňi edilýän Dansa atly adam bilen ýörite gürrüň edip, öz başdan geçirenlerini gürrüň bermeklige rugsat alypdyr.

„1980-nji ýylda Wolaýtede (Efiopiýada) kommunistik häkimiýet giňişleýin yzarlamalara başlady. Ol wagtlar men döwlet edarasynda işleýärdim, şeýle hem, ýygnaklaryň ýerli ýaşlar mesihilik birleşmesiniň ýolbaşçysydym. Maňa resmi adamlar mydama ýüzlenip durýardylar – olar meniň ýaşlaryň arasynda rewolýusion ideýalary wagyz etmegimi isleýärdiler. Mesihileriň käbirleri munuň ýaly basyşa ýan berýärdiler, emma men ýüz öwürmegi dowam etdirdim. Ilki maňa gulluk wezipämde ýokary çekilmäni we aýlygymy galdyrmagy teklip etdiler. Soň tussag etmeler başlandy. Ilkinji iki gezek uzaga çekmedi, üçünjisi bolsa, bir ýyl dowam etdi. Bizi, dokuz mesihini (6 erkek kişini we 3 aýal maşgalany (olaryň biri soň meniň aýalym boldy) bile sakladylar. Kommunistler yzygiderli biziň ýanymyza gelip, beýnimizi ýuwdular. Olaryň biri imana gelenden soň, bizi ýençdiler-de, işe suw daşamaga we oba hojalygy üçin niýetlenen territoriýany ullakan daşlardan arassalanmaga ugratdylar. Ilkinji iki hepde iň kyn wagt boldy. Bu wagtda bizi ir ertirden, entek garaňkyka oýaryp, daşly ýol bilen şähere çenli iki km. ýoly dyzymyzda ýöräp geçmäge mejbur etdiler. Bu takmynan 3 sagat wagty alýardy. Birinji gün ýaralarymyzdan gan çeşme bolup akdy, ýöne biz hiç zat duýmadyk. Başga bir gezek has zalym türme garawuly bizi alty sagatlap ýakyp barýan günüň astynda ýatmaga mejbur etdi. Mundan soň men näme üçindir oňa: „Sen bizi günüň ýakyp barýan şöhlerleriniň astynda ýatmaga mejbur etdiň, ýöne seni Hudaý weýran eder" diýdim. Birnäçe wagtdan soň, ol diabetiň iň agyr görnüşi bilen syrkawlap öldi. Birnäçe ýyldan soň, kommunistik häkimiýet agdarylandan soň, bize türmede wagyz etmäge mümkinçilik berdiler. Şonda adam

öldüreni üçin iş kesilenleriň 12 sanysy Mesihi kabul etdi. Biz bu gullugy dowam etdirýäris. Häzir türmede 170 sany imanly adam bar. Garawularyňam köpüsi imana geldiler".

Şunuň ýaly bol hasylyň üstünden Hudaýyň alyp barandygy gürrüňsizdir. Dansanyň gören görgüleriniň soň imana gelenlere Mesihiň hakykatdygyny görkezme bolup hyzmat edendigi şübhesizdir.

## Mesih ugrunda we gutulyşyň hatyrasyna peselme

Mesihi dünýä görkezme usuly hökmünde Mesih ugrunda görlen görgüler hakda Iosif Son köp pikirlendi. Ol Oradadaky (Rumyniýa) Ikinji baptist ýygnagynyň ruhy çopanydy. 1981-nji ýylda häkimiýet ony sürgüne ýollady. Ol Koloseliler 1:24-i „Mesihiň görgüleri rehim etme üçin, biziň görgülerimiz bolsa, ýaýratmak üçin" manysynda düşündirýär. Ol görgüleriň Hoş Habary ýaýratma serişdesi bolup durýandygyny belleýär: „Şu sebäpden, saýlananlar hem baky şöhrat bilen birlikde Mesih Isadaky gutulyşa gowşar ýaly, olaryň hatyrasyna her zada döz gelýärin" (2 Timoteos 2:10). Ýagny Pawlus, eger Antakiýada, baý hem asuda şäherde, pygamberleri hem ak patalary köp bolan ajaýyp ýygnakda ruhy çopan bolup galan bolsa, onda Kiçi Aziýada we Ýewropada hiç kimiň halas bolmajakdygyny aýtjak bolýar. Olaryň halas bolmagy üçin hem, Pawlus „açlyk, suwsuzlyk çekmäge, ýalaňaçlygy we urgulary, sergezdançylygy görmäge", özüne „sögülmegi, kowulmagy, käýelmegi... dünýäniň hemmeler tarapyndan depgilenen topragy hökmünde, zibil hasaplanmagy" üçin akyl ýetirip gidýär. Onuň çeken ejirlerinde adamlar Hudaýyň söýgüsini görýärler, Hoş Habary eşidýärler we gutulyş alýarlar.

Eger biz öz abadan ýygnagymyzda howpsuzlykda galyp, haçy götermesek, adamlaryň gutulyşy almazlykalry mümkin. Biziň haçy götermeýändigimiz üçin olaryň näçesi gutulyş almaýar?

Son mesihiniň durmuşyndaky kynçylyklaryň Hoş Habary ýaýratmakda üstünliklere alyp baryp bilýändigine mysallar getirýär.

„Meniň ýanyma jogapkärçilikli wezipäni eýeleýän, özümiň birwagtlar suwda çokundyran adamym geldi. Ol menden: „Men näme etmeli? Men 3 ýa-da 4 müň adamlyk ýygnagyň öňünde durmaly, meniň üstümden gülerler. Maňa özümi goramaga bäş minut berýärler. Men näme diýeýin?" – diýdi.

Men oňa:

„Doganym, saňa goranmak gerek däl. Sende ozal özüň kim bolandygyň, Isanyň seni kim edendigi, Onuň özüň üçin nämäni aňladýandygy hakda gürrüň bermäge ajaýyp mümkinçiligiň bolýar" – diýdim.

Onuň ýüzi ýagtylyp gitdi:

„Iosif dogan, indi men näme etmelidigini bilýärin". Şeýdibem, ol hemme zady şeýle gowy etdi welin, onuň wezipesini peseltdiler. Onuň aýlygy iki esse azaldy. Ýöne mundan soň ol maňa birnäçe gezek: „Iosif dogan, indi men fabrikanyň territoriýasynda ýöränimde, ýanyma kimdir biriniň gelmeýän wagty bolmaýar. Kimdir biri hökman bir gyra çekip, daş-töweregine seredýär-de, pyşyrdy bilen ýygnagyň salgysyny soraýar ýa-da Isa hakda gürrüň bermegimi, ýa-da mende artykmaç Mukaddes Kitabyň bardygyny soraýar" – diýdi. Şunuň ýaly her hili görgüler adamlaryň halas bolmagyna gulluk edýär.

## Halklar üçin meýletin görgi görme

Şeýlelikde, Pawlus: „Biz diňe bu ýaşaýyşda Mesihe umyt baglan bolsak, onda bütin ynsanlaryň iň bagtygarasydyrys" – diýýär. Ol mesihiligiň Mesih ugrunda meýletin görgi görmedigini, eger Mesih baradaky habar ýalan bolsa, onda onuň gynanja mynasypdygyny göz öňünde tutýar. Mesihilikde ölümden direleninden soň, Mesih bilen gatnaşykda bolmazdan, bolçulyk hem kanagatlanma ýokdur. Akyl ýetirip görgi görmeklik biziň Mesih baradaky şaýatlygymyzyň ýöne bir erbet şaýatlygy däl-de, onuň göze görnüp duran beýan edilmesidir. Biziň görgülerimiz Mesihiň görgüleri hakda gürrüň berýär, şonuň üçin adamlar Mesihiň teklip edýän söýgüsini görýärler. Biz Mesihiň görgülerini Mesihi tanamaýanlara göze görünýän ýagdaýda görkezmek bilen „Mesihiň görgüleriniň ýetmezçiligini

dolduryýarys”. Bu Mesihiň we ýakyndaky halklar baradaky halas ediji maksadynyň mesihiler görgi görýänleriň sany doly bolýança görgi görmäge taýýar bolýança ýerine ýetmejekdigini aňladýar (Ylham 6:11). Wagtyňy, amatlyklaryňy ýa-da puluňy gurban etme hem, söýgini beýan etme bolup durýar: „Siziň yşygyňyz adamlaryň öňünde şeýle bir parlasyn welin, olar gowy işleriňizi görüp, Gökdäki Ataňyzy şöhratlandyrsynlar” (Matta 5:16).

## Mesihilik gedonizmi

Özümiň „Görgi: mesihilik gedonizmi” diýip atlandyran bu babymda men öz kitaplarynyň birinde öz missionerçilik gullugynda görgüleriň „pida” bolmandygyny aýdan Dawid Liwingstonyň sözlerini getiren bolsam-da, pida edijilik hakda gürrüň edýärin. Men Liwingstona garşy çykamok. Gep mazmunynda. Ol görgüleriň pida edijilik däldigi hakda gürrüň edende, ýitgileriň ak patalardan agyr gelýänini göz öňünde tutýar. Men görgüleriň pida edijilikdigini aýdanymda, ýitgileriň bardygyny, olaryň duýulýan ýitgilerdigini göz öňünde tutýaryn.

Şeýle-de bolsa, men „pida edijilik” terminini dogry hasaplaýaryn, agyry aşa ýokary, ýitgilerem, bu sözi ulanmakdan gaça durardan jura hakyky.

Muny mesihilik gedonizmi hasaplamalydygyny men talap edýärin. Tutuş Täze Ähtde görgüler hut şeýle hem berlipdir. Pawlus görgüleri çekende, ölüleriň ölümden direlmesi bolmadyk ýagdaýynda ýaşan durmuşy nebsiň agyrmagyna mynasyp boljak görgüleri çekende, çuň hem dowamly şatlyga ymtylypdymy? Jogap soragyň içinde. Eger Pawlusyň hasratlardan doly durmuşy nebsiň agyrmasyna däl-de, ölümden direlme sebäpli öwgä mynasyp bolsa, onda Pawlusy hut şu ynam motiwirleýär we goldaýar. Ol şeýle hem diýýär: „...her zady zyýan saýýaryn, ... Ölüminde Oňa meňzäp, Ony tanamak, direlişiniň güýjüni, görgülerine şärikligiň nähilidigini bilmek, garaz, **ölümden direlişe ýetmek isleýärin**” (Filipililer 3:8, 10-11).

## Mesihi gazanmak üçin hemme zatdan ýüz öwürmek

Näme üçin? Sebäbi ölümden direlme Mesih bilen kämil hem ebedi gatnaşygy aňladýar. Pawlusyň umydy hut şunda hem jemlenendi: „Hawa, ugrunda bar zadymy ýitiren Rebbim Mesih Isany tanamagyň artyk gymmaty üçin her zady zyýan saýýaryn, Mesihi gazanjak bolup, syr-süplük saýýaryn” (Filipililer 3:8). „Çünki meniň üçin ýaşaýyş Mesih, ölüm hem gazançdyr” (Filipiler 1:21). Gazanç! Pawlusyň durmuşynyň we görgüleriniň maksady – gazanç. Ol „iki tarapa-da çekilýärdi. Ol aýrylmagy, Mesih bilen bolmagy arzuw edýärdi, sebäbi bu **has gowudy**” (Filipililer 1:23). „Has gowy” zada ymtylmaklyk alturistik isleg däldir. Bu – mesihilik gedonizmi. Pawlus öz ömrüne dowamly hem doly kanagatlanma bermeli bolan kanagatlanmany isledi – bu şöhrat içinde Mesih bilen bolmakdy.

Şöhrat içinde Mesih bilen Pawlus diňe özüniň bolmagyny islemeýärdi.

Mesihi söýýän we tanaýan adamlaryň hiç birini-de, Mesih bilen ýekeje özüniň bile bolmagy kanagatlandyrmaz. Mesihiň şöhratynyň çür depesi hem şundadyr: „Çünki damagyň çalnyp, Öz ganyň bilen bizi her taýpadan, her dilden, her halk we her milletden Hudaýa satyn aldyň” (Ylham 5:9). Eger Mesihiň şöhratly rehimdarlygynyň kulminasiýasy şunda bolsa, onda şuňa ýetjek bolup dyrjaşýanlar öz lezzeti üçin ýaşap bilmezler. Olaryň Mesihiň sag tarapyndaky lezzeti umumy, paýlaşylan lezzetdir. Eger Pawlus „Mesihi gazanjak bolup, hemme zatdan el çeken bolsa”, onda ol muny öz ýany bilen Mesihiň ýanyna başgalary-da getirmek üçin etdi: „**Siziň imanyňyzyň** gurbany we gullugy üstüne ganym Hudaýa hödürlenen şerap ýaly dökülse-de, men şatlanaryn, hemmäňiziň şatlygyňyza şärik bolaryn” (Filipililer 2:17). Pawlus Mesihi gazanmak we Onuň üçin ýerdäki halklary gazanmak, şeýle etmek bilen hem, Onuň rehimdarlygyny beýgeltmek üçin „gurbanlyk boldy”.

## Meniň şatlygym we täjim

Şonuň üçin hem, Pawlus özüniň Mesihe getirenlerini öz şatlygy hökmünde atlandyrýar: „...söýgüli doganlarym, **guwanjym**

we başymyň täji, Rebde berk duruň, eý söýgüliler" (Filipililer 4:1). „Biziň umydymyz, **şatlygymyz,** Rebbimiz Isa gelende, Onuň öňünde guwanjak täjimiz näme? Siz dälmi? Hawa, biziň magtanjymyz hem, **şatlygymyz** hem sizsiňiz" (1 Selanikliler 2:19-20). Ýygnak Pawlusyň şatlygydy, sebäbi olaryň Mesihdäki şatlygy bilen özüniň Mesihdäki şatlygy köpelýärdi. Olaryň Mesihe iman getirmesi Onuň rehimdarlygyny beýgeldýär. Şonuň üçin Pawlus dünýä Hoş Habary ýaýradyp ýörşüne mätäçlik çekende, öz maksadynyň Mesihi gazanmak bolup durýandygyny aýdanda, özüniň Mesih bilen gatnaşykdan alýan şatlygynyň, sans-sajaksyz halas edilenleriň barlygyndan ýaňa bolmajak derejede artjakdygyny göz öňünde tutýardy.

Menem (ýygnaga bolan çäksiz söýgüde Pawlus bilen deňeşip bilmeýän bolsam-da), durmuşymyň agyr pursatlarynda haýasyzlygyň uçudyna gaýyp gitmekden saklany üçin Hudaýa minnetdar. Kolleji tamamlap, seminariýada okuwa başlan ýyllarymy, 60-njy ýyllary ýada salýaryn. Bu ýygnak üçin o diýen bir gowy wagt däldi. 1968-nji ýylyň güýzünde Pasadenanyň köçelerinde gezmeläp ýörkäm, özüme ýygnagyň geljeginiň bardygy barada sorag berenim ýadyma düşýär (balyk hem edil şunuň ýaly edip, suwuň wajyplygyny şübhe astyna salyp ýa-da guş ýel bilen howanyň nämä gerekdigini pikir edip bilerdi). Şonda Hudaý meni Özüniň beýik merhemeti bilen akylsyzlykdan halas etdi hem-de Leýk Awenýu ýygnagyny maşgala edinmäge kömek etdi, şeýle hem, öz ruhy çopanym Reýe Ortlunde ýygnagyndaky adamlary özi üçin „şatlyk täji" hasaplaýan Pawlusa meňzeşligi görmekligi berdi.

On ýyl geçenden soň, ýene bir agyr pursat geldi. 1979-njy ýylyň oktýabr agşamynda meniň öňümde „Wefil" kollejinde sapak bermegi dowam etdirmelimi ýa-da ruhy çopan bolmalymy?" diýen sorag ör boýuna galdy. Şonda Hudaý maňa ýygnaga – adamlaryň gulluk edýän we Mesihe meňzemekde ösýän toparyna bolan çuň söýgini berdi. Mugallymçylygyň öz şatlygy bar. Bu beýik çagyrlyş. Ýöne şol agşam başga ymtylyş rüstem geldi, şonuň üçin birazrak wagt geçenden soň, Hudaý meni Betlehemdäki Baptist ýygnagyna alyp bardy. Ondan bäri 15 ýyl geçdi. Bu adamlaryň özüm üçin nämäni aňladýandygy hakda pikirlenenimde, gözlerime ýaş aýlanýar. Olar

meniň baş maksadymyň „Mesihi gazanmakdygyny" bilýändirler diýip umyt edýärin. Şeýle hem, men özümiň olaryň „imanda ilerlemekleri we şatlanmaklary üçin" (Filipililer 1:25) ýaşaýandygymy bilýärler diýip pikir edýärin. Meniň kitaplarymyň we wagyzlarymyň maksady, aslynda, şu iki maksadyň birdigini görkezmekdir. Her bir imana gelen günäkärde men Mesihi beýleki ýüzlerçe işlerimdäkä garanda, köp gazanýaryn we özümiň Mesihdäki şatlygym bilen ýygnaga şatlanmamyň arasynda tapawut goýmaýaryn.

## Eger görgülerdäki şatlyk gowy bolsa, onda ony gözläň

Munuň ýaly pozisiýanyň adam üçin tebigy däldigine garamazdan, bizi Pawlusyň: „Men siziň ugruňyzda gören görgülerime indi guwanýaryn, Mesihiň ... muşakgatlarynyň ýetmezleriniň üstüni öz tenimde doldurýaryn" (Koloseliler 1:24) diýen sözleri haýran galdyrmaly däldir. Ýagny özümiň şahsy görgülerimde Mesihiň görgülerini görkezmek bilen Onuň görgüleriniň ýetmezçiliklerini dolduranymda, men şatlanýaryn. Men şatlanýaryn.

Pawlusyň eden zatlary gowy, diýmek, bizem şonuň ýaly etmeli. Görgüdäki şatlygyň bu beýik ruhy şatlygyň işine ähmiýetsiz, tötänden bolan we gerek däl zat ýaly seretmeklik Hudaýa dil ýetirme bilen serhetleşýär. Hut şeýle: eger muny Mukaddes Ruh edýän bolsa, şeýle etmek bilen hem, Mesihiň görgüleriniň ýeterlikdigini beýgeldýän bolsa, onda başgalar üçin görgi görmelidigini, ýöne şatlyga dyrjaşmaly däldigini aýtmaklyk hudaýsyzlyk bolardy. Mesihi diňe bir görgüler däl-de, görgüler içindäki şatlyk hem beýgeldýär. Şol şatlygy gözlemeklik dogrudyr. Pawlus: „Siz agyr muşakgatlara garamazdan, **Mukaddes Ruhuň beren şatlygy** bilen sözi kabul edip, bizden we Rebden görelde aldyňyz. Şeýdip hem Makedoniýa bilen Ahaýadaky bütin imanlylara **görelde bolduňyz**" (1 Selanikliler 1:6-7) – diýýär. Ýatda saklaň: birinjiden, görgüler içindäki şatlyk – Mukaddes Ruhuň işidir; ikinjiden, bu öýkünmek üçin göreldedir. Hudaýyň Ruhunyň işleriniň maksat hökmünde däl-de, sylaglar hökmünde gowudygyny aýtmak bilen Onuň işlerini peseldýänlerden seresap boluň.

## Yzarlamalarda şatlanyň, sebäbi aljak sylagyňyz beýikdir

Mukaddes Ýazgy mesihilik gedonizmini görgülerdäki şatlyga ymtylmanyň esasy hökmünde görkezýär.

Isa: „Men zerarly sögülen, yzarlanan, nähak ýere her hili gybatyňyz edilen mahaly siz bagtlysyňyz! **Şat boluň, begeniň, Gökde aljak sylagyňyz uludyr**, çünki sizden öňki pygamberlerde şeýle yzarlandylar" (Matta 5:11-12; şeýle hem, Luka 6:22-23 serediň)– diýýär.

Ýagny *birinjiden*, biz ölümden direlenimizden soň, özümize garaşýan sylaglaryň ajaýyplygynda, onuň bilen deňeşdirende, öňde özümize garaşýan zatlaryň, häzirki betbagtçylyklarymyzyň ujypsyzja zatdygynda ünsümizi jemläliň. „Meniň pikrimçe, şu wagtky görgüler bize aýan boljak geljekki şöhrat bilen deňeşdirer ýaly däl" (Rimliler 8:18; şeýle hem, 2 Korintoslylar 4:16-18 serediň). Geljekki sylagyň şatlygynyň barlygy üçin biz görgüleri çekmäge we söýgi görkezmäge ukyplydyrys. „Duşmanlaryňyzy söýüň, ýagşylyk ediň, yzyna almagy umyt etmän karz beriň. Şeýlelikde, **baýragyňyz uly bolup**..." (Luka 6:35). Garyplara sahy bol, „olar saňa öwezini dolup bilmedikleri üçin, sen bagtly bolarsyň, çünki dogrularyň direlen wagty, saňa onuň öwezi berler" (Luka 14:14).

## Gaýgylara begeniň, sebäbi olar ynamlylyk berýär!

*Ikinjiden*, görgüler biziň bil baglamamyzdaky ynamlylygymyzy berkidýär. Görgülerdäki şatlyk ölümden direlme umydyndan syzyp çykýar, şonuň üçin biziň başdan geçirenlerimiz şol umyda berklik berýär. Pawlusyň ýazyşy ýaly, „Diňe munuň bilen hem däl, eýsem, muşakgatlar bilen-de magtanýarys, çünki muşakgatyň çydamy, çydamyň tejribäni, tejribäniň hem umydy emele getirýändigini bilýäris" (Rimliler 5:3-4). Şatlyk ýöne bir beýik sylaga garaşma bilen düşündirilmeýär-de, görgüler şol sylaga bolan umydy berkidýär. Başdan geçiren zatlarymyz sabry emele getirýär, sabyr

bolsa, imanymyzyň hakykylygyny duýmaklygy berýär, bu bolsa, Mesihi hakykatdan gazanma umydymyzy güýçlendirýär.

Riçard Wurmbrand Mesihiň hatyrasyna nähili eýmenç agyryny çekip boljakdygyny gürrüň berýär. Sizi hiç zadyň ähmiýeti bolmaýan derejä çenli gynadylar. Eger şeýle bolsa, onda janyň aman galmagy hem wajyp däl. Agyrynyň boljanyň hem tapawudy ýok. Siz şu netijä geleniňizde, kynçylygy ýeňip geçýärsiňiz-de, şol wagt güýçli şatlyk duýýarsyňyz. Siz Mesihiň öz ýanyňyzdadygyny duýarsyňyz.

Bu şatlyk özüňiziň Mesihiň kömegi bilen bu zatlara döz gelendigiňizi duýmadan syzyp çykýar. Siz ot bilen synama döz geldiňiz. Siz imandan dänmediňiz. Mesih siziň durmuşyňyzda hakykatdyr. Ol siziň üçin Mukaddes Ýazgyda açylýan, hemme zady ýeterlik bolan Hudaýdyr. Resullar hem, özlerini ýenjenlerinden soň, hut şunuň ýaly zatlary duýdular, „olar mejlisiň öňünden şadyýan gitdiler, çünki **Reb Isanyň ady üçin masgaraçylyk çekmäge mynasyp bolupdylar**” (Resullaryň işleri 5:41). Özleriniň imanynyň Hudaýyň nazarynda hakykylygyna we ot görgüsi bilen synalmak üçin ýeterlik derejede kämilligine düşünmeklik olaryň şatlygynyň esasy bolup durýardy.

## Mesih bilen görgi görende şatlanyň, sebäbi olar şöhrata alyp barýar!

*Üçünjiden*, görgülerdäki şatlyk özüniň şöhrata tarap barýan synagdan geçen ýoludygyna hakykylygyna esaslanýar. Bu şatlyk geljekki sylagda ünsi jemlemeden syzyp çykýar we ynamlylygymyzy berkidýär, şeýle hem, geljekde bizi ebedi şöhrat bilen üpjün edýär. Ine, bu barada resul Petrus näme diýýär: „Mesihiň şöhraty görnende, uly begenç bilen şatlanar ýaly, Onuň görgülerine şärikdeş bolan derejede şatlanyň” (1 Petrus 4:13). Görgülerdäki şatlyk häzir Mesih gelendäki gutarnykly şatlyga tarap alyp barýan, Hudaý tarapyndan oýlanylyp tapylan ýoldur. Mesih şöhrat içinde gaýdyp gelende, şatlanýanlaryň arasynda bolmak üçin Petrus bizi görgüler içinde häzir şatlanmaga çagyrýar.

## Başgalar üçin gören görgüleriňizde şatlanyň, olaram Mesihi görerler!

*Dördünjiden*, Hudaýyň merhemetiniň bollugyndan syzyp çykýan görgülerdäki şatlyk görgülerimizde we Rebdäki durnuklylygymyzda töweregimizdäkileriň Mesihiň mertebesini görjegine düşünmekden gelip çykýar. Pawlusyň aýdyşy ýaly, „Indi siz Rebde berk dursaňyz, biz ýaşarys. **Hudaýymyzyň öňünde** siz sebäpli duýan **bütin şatlygymyzyň** öwezini siziň üçin Hudaýa nähili şükür etme bilen dolduryp bileris?" (1 Selanikliler 3:8-9). Ine, ol nähili şatlygy göz öňünde tutýar: „Men siziň ugruňyzda gören görgülerime indi guwanýaryn" (Koloseliler 1:24).

Başga adamlara Mesihiň söýgüsini we Onuň gurbanlygynyň gymmatyny görkezmek üçin görgi görenimizde, biz muny Rebde berk duran täze imana gelen adamyň Mesihiň şöhratynyň ýene bir şöhlelenmesi bolup durýandygy üçin edýäris. Onuň üçin duýýan şatlygymyz Mesihdäki şatlygymyzdan aýra däldir. Mesihiň şöhraty biziň üçin „beýik gazançdyr". Munuň üçin biz islendik zatdan ýüz öwrüp bilýäris. Biziň mahrum bolmalarymyzda Mesihiň ýokary gymmatyny görmek bilen imana gelýän her bir adam şol beýik gymmatyň ýene bir şaýatlygy we şatlyk üçin ýene bir sebäbi bolýar.

## Adamlaryň iň bagtlysy

Isa bilen bilelikde Golgota barýan ýol şatlykdan mahrum däldir – bu agyr, ýöne aňry ýany bilen bagtly ýoldur. Wagtlaýyn amatlyklaryň we howpsuzlygyň peýdasyna saýlaw edip, özüňi pida edijiligi we missionerçilik gullugynyň hem söýgüsiniň kynçylygyny ret edenimizde, söýgini ret edýäris. Biz „suwy hiç haçan tükenmeýän çeşmäni" (Işaýa 58:11) ret edýäris. „Şöhrat umydy bolan Mesih" (Koloseliler 1:27) kimde bar bolsa, kim öz çagyrlyşyna eýerip, öz görgüleri arkaly dünýä Mesihiň görgülerini görkezýän bolsa, ýer ýüzündäki iň bagtly adamdyr. Hudaý bizi Mesih üçin ýaşamaklyga, muny görgileriň üsti bilen etmeklige çagyrýar. Mesih görgüleri Öz üstüne Özi aldy, olar Onuň durmuşynda tötänden bolmady. Mesih görgüleri ýygnagy döretmegiň we kämilleşdirmegiň usuly

hökmünde saýlady. Ol bizi haçy alyp, käbir zatlardan ýüz öwrüp we ýygnaga gulluk etmek hem-de Öz görgülerini dünýä görkezmek bilen özümizi gurban berip, Golgota barýan ýolda Öz yzyna düşmäge çagyrýar.

„Açyk gapylar" gullugyna ýolbaşçylyk edýän, „Hudaýyň kontrabandistiniň içini dökmesi" kitabynyň awtory hökmünde meşhur bolan Endrýu dogan Mesihiň çagyryşy hakda şeýle diýýär: „Isa hakda şaýatlyk etmek üçin ýapyk gapy bolmaýar... Maňa ýapyk gapyny görkeziň, men oňa nähili girmelidigini size aýdaýyn. Men size söz beremok, ýöne çykalgany görkezjek... Isa: „Baryň, sebäbi gapy açyk" – diýmedi (sebäbi ol açyk däldi). Ol: „Eger sizi çagyryp, öňüňize haly ýazan bolsalar baryberiň" – diýmedi. Ol: „Gidiň" – diýdi, sebäbi adamlarda Onuň sözüne mätäçlik bardy... Missionerçilige täze usul – aýgytly, hüjüm ediji we täzeçe usul gerek... Mahrum bolmalaryň, howpuň we ganyň içinden geçmeli bolar diýip gorkýaryn, ýöne biz barybir barmaly ýerimize bararys. Eger biz işiň başyna çynymyz bilen barsak, onda Hudaý päsgelçilikleriň hemmesini aradan aýrar. Eger biz: „Rebbim, islendik baha bilen..." – diýip sorasak, diňe çynymyz bilen bir zady etjek bolanymyzda, şeýle doga-dileg edip bileris. Hudaý dogamyza jogap berýär, bu bolsa gaty gorkunç zatdyr. Ýöne biz bu zatlaryň içinden geçmelidiris. Eýýäm 2 müň ýyldan bäri hut şeýle bolup gelýär. Bize kyn wagtlar garaşýar, ýöne biz ýeňip geçeris... Biz ýygnak we mesihilik oýnuny oýnaýarys. Biz hatda özümiziň ýylydygymyzy-da duýamyzok... Biz bolsa, öz imanymyz üçin töleg tölemelidiris: „Mesih Isada Hudaýyň ýoluna mynasyp ýaşamak isleýänleriň bary azar çeker" (2 Timoteos 3:12). Ýygnak basyş edilýän ýerde arassalandy... Men bir zady aýdyp biljek: taýýar boluň".

## Öz güýjümizi görkezmeýäris-de, Onuň gymmatyny görkezýäris

Bu çagyryşa seslenmeklik – mesihilik gedonizminiň radikal ädimidir. Biziň görgülere tarap gidýändigimiziň sebäbi, biriniň özümize şeýle etmelidigini aýdandygynda däl-de, muny Aýdýanyň

ony ebedi şatlyga barýan ýol hökmünde görkezýändigindedir. Ol bizi borjumyza wepalylygymyzyň güýjüni görkezmegimiz ýa-da ahlak taýdan berkligimizi, ýa-da agyra ýokary derejede çydap bilýändigimizi görkezmegimiz üçin tabyn bolmaklyga çagyrmady-da, Öz wadalarynyň çäksiz gymmatyny görkezmek üçin çagyrdy. „Musa ...az salym günäniň sapasyny sürmekden, Hudaýyň halky bilen bile horluk görmegi gowy gördi... Çünki ol öz aljak sylagyna garaýardy" (Ýewreýler 11:24-26). Onuň tabynlygy özüniň görgi görme kararyny görkezmedi-de, ähli merhemetiň Hudaýyny şöhratlandyrdy.

## Mesihilik gedonizminiň düýp özeni

Mesihilik gedonizminiň düýp özeni şundadyr. Görgülerdäki şatlyga ymtylmak bilen biz öz şatlygymyzyň Çeşmesiniň hemme tarapdan ýeterlik bolan gymmatyny beýgeldýäris. Agyry jümmüşiniň ahyrynda Hudaýyň Özi şöhle saçýar. Eger biz maksadymyzyň we görgülerdäki şatlygymyzyň esasynyň Oldugyny düşündirmesek, görgülerimiziň manysy ýitýär. Munuň manysy bolsa şundadyr: Hudaý gazançdyr. Hudaý gazançdyr. Hudaý gazançdyr. Adamyň durmuşynyň manysy Hudaýy şöhratlandyrmakdadyr. Hut görgülerde hem, **biz başga zatlara garanda, Hudaýda köp şatlananymyzda, Hudaýyň hem bizde hemme zatdan köp şöhratlanýandygy** babatdaky hakykat ýüze çykýar. Şonuň üçin hem, men Mukaddes Ruhuň bütin dünýäde Öz halkyny Hudaýy hemme zatdan ýokarda goýmaklyga höweslendirmegi üçin dileg edýärin. Görgülere garamazdan Hudaýdaky şatlyga tarap ymtylmaklygyň Hudaýyň ýokary hem hemme taraplaýyn ýeterlik bolan gymmatynyň kuwwatly şaýatlygy bolup durýandygyny Onuň hemmämize aýdyň etmegi üçin men Hudaýa doga edýärin. Dünýädäki ähli halklar Mesihiň söýgüsini görüp, Onuň merhemetini beýgelder ýaly, „Mesihiň muşakgatlarynyň ýetmezini dolduralyň".



# 3

## Yzarlamalar: esasy ýagdaýlar

### *Okuw materialy*

Milton Martin



Edited and revised. Used by permission of
*Milton Martin Missionay Ministries*.

Milton Martin Missionary Ministries
P.O. Box 1567
Route 2,  Box 2624
Belton, TX 76513
(254) 933-9339

## **Ýygnagyň işi** (Matta 16:18)

I. Mesih Öz Ýygnagyny esaslandyrdy we oňa Öz işini dowam etdirmegi tabşyrdy (Matta 16:18; 28:18-20).
   A. Eger Hudaýa doga edilýän öýleri ýapsalar, bu mesihiligiň soňudygyny aňladýarmy?
   B. Ilkinji ýygnaklarda özleriniň ýörite binasy bolmandyr.

II. Irki ýygnak gazaply yzarlanmalara duçar edildi. Ol yzarlanmalara nähili jogap berdi?
   A. Ýygnanyşyklar öýlerde geçirildi (Resullaryň işleri 5:42).
   B. Hoş Habary adaty mesihiler alyp bardy (Resullaryň işleri 8:1, 4).
   Ç. Olar şaýatlyk etmek üçin islendik mümkinçilikleri ulandylar (Resullaryň işleri 16:13).
   G. Olar şägirt taýýarlardylar (Resullaryň işleri 11:26).
   D. Olar aragatnaşykda boldular (Resullaryň işleri 2:46-47).
   E. Olar islendik ýagdaýlarda Hudaýa sygyndylar (Resullaryň işleri 16:23-25).

III. Ýygnak sežde etmäniň, gatnaşygyň we şaýatlyk etmäniň dürli usullaryny ulandy.
   A. Öý ýygnaklary agdyklyk edýärdi (Rimliler 16:3-4; 1 Korintoslylar 16:19).
   B. Yzarlanylýan mesihiler we „bellige alynmadyk”ýygnaklar özleriniň ýygnaklary üçin her hili bahanalary – doglan günleri, toýlary, merhum jaýlamalary ulanýar.
   Ç. Siz nähili bahanany teklip edip bilersiňiz?

IV. Yzarlamalar wagtynda şeýtan mesihilere we ýygnaklara garşy dürli serişdeleri ulanýar.
   A. Şeýtan ýekelikde saklama serişdesini hem ulanyp biler.
   B. Günä we öýke duýgusy şeýtanyň ýaragy bolup biler.
      1. Şeýtan – „doganlaryň aýyplaýjysy” (Ylham 12:10).

2. Şeýtan bizi aýyplama synanyşygyny hiç haçan bes etmeýär.
3. Şeýtan urgy etmek üçin günä toba edilmedik ýagdaýyna garaşyp ýörýär.
4. Reb bilen birligi saklamagyň aladasyny etmek zerurdyr (1 Ýahýa 1:8-10).
5. Eger öýkelere üns berilmese, onda olar kynçylyklara öwrüler.
6. Mesihileriň ýalan günä duýgusyny duýmaklary üçin şeýtan elinden gelen zatlaryň hemmesini edýär (Rimliler 5:1-2; 8:33-34).
7. Şübhe edip: „Hudaýym, näme üçin?" – diýip soramagyň deregine, „Hudaýym, Sen meniň näme etmegimi isleýärsiň?" – diýiň.

## Mesihiler yzarlanarlar

(1 Petrus 4:12-19)

I. Görgüleriň welilik edilmegi (1 Petrus 2:21; 4:12; 1 Selanikliler 3:3-4; Resullaryň işleri 14:22; 2 Timoteos 3:12; Markus 13:19, 13; Filipililer 1:29)

II. Görgüleriň wezipesi (1 Petrus 4:12 „ot bilen synama"; Eýýup 23:10; Zebur 66:10).
   A. Iman synagy.
   B. Toba gelmäniň hakykylygyny tassyklama zerurlygy.
   Ç. Iman çuňlugyny tassyklama.
      1. Bizi imandan dänmä näme mejbur edip biler?
      2. Synaglaryň göwrümi iman güýjüni ýüze çykarýar.

III. Mesih bilen görgi görmek (1 Petrus 4:13). Mesihiler Mesihiň görgülerine gatnaşýarlar. Ol göni manysynda haça çüýlenmeýär, ýöne onuň adamlaryň elinden ejir çekmegi mümkin.

A. Rebbi kabul etmediler (Ýahýa 1:10-11).
B. Rebbi ýigrendiler (Ýahýa 15:24; Işaýa 53:3).
Ç. Reb Atasynyň öýüni terk etdi (Ýahýa 3:16).
G. Rebbiň Öz öýi ýokdy.
D. Rebde salgyt tölär ýaly puly ýokdy (Matta 17:27).
E. Rebbiň düşegi ýokdy.
I. Reb adalatsyz aýyplananda, Onuň tarapyny çalar ýaly hiç kim ýokdy (1 Petrus 2:22-23).
Ž. Rebde jaýlanylar ýaly ýeri ýokdy (Işaýa 53:9).
Z. Reb garyp boldy.
K. Biz nämä çagyryldyk? (Ýewreýler 12:2; Filipililer 3:10; 1 Petrus 2:21; 4:1; Galatýalylar 2:20; 6:12, 17; Resullaryň işleri 5:41; 1 Selanikliler 2:2).

IV. Görgülerdäki güýç (1 Petrus 4:14).
Görgi görýänleriň içinde Mukaddes Ruh ýaşaýar. Köne Ähtde bulut Hudaýyň barlygynyň alamaty bolupdyr, ol Rebbiň şöhratyny görkezipdir (1 Patyşalar 8:10-11). Mesihiler Mesih üçin ejir çekende, şuňa meňzeş şöhraty olara Mukaddes Ruh habar berýär. Mukaddes Ruh – doldurmak, gorag bermek, goldamak, kömek etmek, berkitmek, töwellaçylyk etmek, her hili ýetmezçilikleri ýetirmek bilen gulluk edýär. Bu şöhraty Stefanusyň üstünde gördüler (Resullaryň işleri 6:5,8, 15; 7:55, 60). Gije näçe garaňky bolsa, ýyldyzlaryň ýagtysy şonça ýiti bolýar (2 Korintoslylar 12:9-10).

V. Görgülerdäki howp (1 Petrus 4:14-16).
A. Mesih ugrunda görgi görmek bilen öz günäň üçin görgi görmegiň arasynda tapawut bar.
B. Utanç (Ýewreýler 2:11).
Ç. Şatlygyň we minnetdarlygyň deregine nalamaklyk (Çykyş 15:23-24; 16:2; 1 Selanikliler 5:16-18).

VI. Görgülerdäki arassalanma (1 Petrus 1:7; 4:12).
A. Görgi „zibilden” arassalaýar.

B. Görgi öz-özünden arassalap bilmeýär. Arassalanma Hudaýyň merhemeti bilen bolýar, görgi bolsa, bize öz mätäçligimizi görmäge kömek edýär.
   1. Görgi bize öz güýjümiz bilen hiç zada ýetip bilmeýändigimizi görkezýär.
   2. Görgüleriň kömegi bilen biz günäni duýujy bolýarys.

Ç. Görgüleriň üsti bilen biz Rebbe doly bil baglamagy öwrenýäris (2 Korintoslylar 12:9-10).

G. Biz nähili hereket ederis? – Janymyzy Hudaýa satarys (1 Petrus 4:19; Resullaryň işleri 7:59; Luka 23:46).

## Görgüleriň mesihiniň durmuşyndaky orny

Görgi islendik adamyň durmuşynyň aýrylmaz bölegidir (Eýýup 5:6-7). Görgi görmek mesihi üçin tebigy zatdyr (2 Timoteos 3:12; Resullaryň işleri 14:22; 1 Petrus 2:21).

Yzarlamalar dürli görnüşde bolup biler: basyş, kemsitme, hukugyňy kemsitme, haýbat, emlägiňden mahrum bolma, fiziki zorluk.

I. Görgüler hakda nädogry düşünjeler.
   A. Görgüler – nädogry hereket ýa-da günä üçin jezadyr (1 Petrus 4:19; 3:14; 4:16).
   B. Mesihi gaýgylanyp bilmez (1 Petrus 1:6).
   Ç. Diňe mesihiler görgi görýärler (Gelip çykyş 3:16-19).
   G. Görgüleri biderek çişirme.
   D. Görgülerden ýerliksiz gorkmak.

II. Görgüler hakdaky Mukaddes Kitap taglymaty
   A. Mesihiler görgülere taýýar bolmalydyrlar (Ýahýa 15:18-21; 17:14; 1 Ýahýa 3:13).
   B. Görgülerimiz – Hudaýyň biz babatdaky islegi (1 Petrus 4:16; 2:21).
   Ç. Hudaýyň çagalarynyň durmuşyndaky görgüler maksada tabyn edilendir (1 Petrus 1:6-7; 2 Korintoslylar 12:7-10).

G. Biz hakykat ugrunda ejir çekmäge çagyrylan (Matta 5:10; 1 Petrus 4:15).
D. Hudaý adalatsyz yzarlanylanlara ak pata berýär (Matta 5:10-12; Luka 6:22-23).
E. Görgüler ýokarkyny gözlemäge höweslendirýär (Rimliler 8:16-18; Koloseliler 3:1-3).
Ž. Görgülerde utanar ýaly zat ýok (1 Petrus 4:16; Ýewreýler 13:12-13).
Z. Biz Mesihiň göreldesine eýermeklige çagyrylan (1 Petrus 2:19-25).
I. Mesih ýamanlyga nähili seretmelidigini bize görkezdi (Matta 5:38-48; Rimliler 12:14, 17-21; 1 Petrus 2:21-23).
K. Biz ýeňeris (Ýahýa 16:33).

III. Görgülere taýýarlyk.
A. Görgüleriň tebigylygyna düşünmek (1 Petrus 4:12; Filipililer 1:29)
B. Hudaýyň taglymatyny bilmek (Filipililer 3:10; Rimliler 6:3-5; Ýahýa 8:31-32).
Ç. Mesihde bolmak (Ýahýa 15:4).
G. Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna tabyn bolmak (Efesliler 5:18; 4:30).
D. Hudaýyň erkine ynanmak (Efesliler 5:17; Ýewreýler 4:1, 9-11).
E. Kyn ýagdaýlarda ikitaraplaýyn doganlyk goldawy (Koloseliler 3:16-17; Efesliler 5:19-21).

## Ýygnagyň üstüne hüjüm etme usullary

I. Hüjümleriň nyşany mydama-da, Reb bolupdy we Reb bolar (Ýahýa 15:18-21; Koloseliler 1:24-27).

II. Ýeňşiň terminologiýasy.
   A. Ýeňene berlen wada (Ylham 2:7, 11, 17, 26; 3:5, 12, 21).
   B. Ýeňşiň serişdeleri (Ylham 12:11):
      1. „Guzynyň gany bilen” (Ylham 12:11a):
         a) Hudaý bilen parahatlyk;
         b) wyždan bilen parahatlyk;
         ç) durmuşdaky güýç;
         g) hereketsizligiň:
            1) liberal teologiýanyň („gan ýok”),
            2) azat etme teologiýanyň („haç ýok”),
            3) köp alada goýmaýan wagyzlaryň (güýç ýok”) netijesi.
      2. „güwälikleriniň sözi saýasynda” (Ylham 12:11b).
         a) şeýtan bize şaýatlyk etmäge päsgel bermek, bizde ynamsyzlyk döretmek bilen ýeňşimizi elimizden almak isleýär;
         b) „içki” duşman hem hereket edýär:
            1) ýygnagyň içindäki bölünişik,
            2) gorky,
            3) ynamsyzlyk,
            4) söýgi ýetmezçiligi,
            5) adamlarda we kalplarda ünsi jemlemäniň deregine ikinji derejeli zatlarda ünsi jemlemek.
         ç) öz maşgalaň baradaky alada ýok;
         g) planlar we proýektler Hudaýyň islegine gabat gelmeýär;
         d) durmuşymyz deňagramlylykdan çykarylan.
      3. „Ölüm derejesine çenli jan söýgüsinden el çekdiler” (Ylham 12:11b).
         a) „eglişik” düşünjesi ýok,
         b) görgi gören mesihiler bize görelde görkezýär;
         ç) hökman fiziki ölüm göz öňünde tutulmaýar – karýeraňy, derejäňi, hukugyňy pida etmekligiň talap edilmegi mümkin.

III. Umumy alamatlar.
Yzarlanmalar döwlet gurluşynyň diňe takyk bir görnüşi bilen şertlendirilmeýär, ýöne olaryň golaýlaşýanyny görkezýän belli bir alamatlar bar.
A. Hoş Habary ýaýratmak çäklendirilýär.
1. Mesihilere ýaşaýan ýerlerini we işlerini üýtgetmäge rugsat berilmeýär.
2. Radiodan we telewideniýeden mesihilik programmalary aýrylýar.
3. Ýygnak binasyndan daşarda dini ýygnanyşyklar gadagan edilýär.
4. Ýygnanyşyk geçirme wagtyny ylalaşmaklyk talap edilýär.
5. Ýygnaklaryň içine howpsuzlyk edaralarynyň wekilleri girýär.
B. Mukaddes Kitaplary we mesihilik edebiýatyny getirmek gadagan edilýär.
1. Munuň ýaly materiallary getirmek „maksada laýyk däl" hasaplanylýar.
2. Mukaddes Kitap pornografik önümleriň degişli edilýän derejesine getirilip bilner.
Ç. Daşary ýurtly missionerler ýurtdan çykarylýar.
1. Diňe ýerli ýaşaýjylara gullukçy bolmaga rugsat edilýär.
2. Ýurtda daşary ýurtlulara işe ýerleşmek gadagan edilýär. Çäklendirilen welaýatlara diňe syýahatçylyk maksatlary bilen gitmäge rugsat berlip bilner.
3. Daşary ýurtly raýatlar haýbatyň we zorlugyň obýekti bolýar.
G. Gullukçylar haýbatlara we hukugyň kemsidilmesine duçar edilýär.
1. Poçta barlanylýar. Wagyzlaryň temasy anyklanylýar:
a) eger wagyzlarda syýasy temalara deglip geçilse, ýygnak salgyt tölegindäki ýeňilliklerden mahrum bolýar.

   b) Ruhy çopanlary ene-atalyk hukugyndan mahrum etme howpuny salyp, „gözegçilik astynda” saklaýarlar.
2. Pastorlara özüni gulluga doly bagyş etmeklige rugsat edilmeýär:
   a) "olar ýygnagyň peýdaly agzalary bolmalydyrlar", ýagny ýene-de başga bir ýerde hem işlemeli,
   b) pastorlar ähli wagtlaryny talap edýän işe durýarlar.
3. Gullukçylara ýygnak agzalarynyň öýüne barmaga we mesihilik edebiýatyny ýaýratmaga rugsat edilmeýär.
4. Ýygnaklara hat ýazyjy maşynlary, kompýuterleri we çap ediji enjamlary edinmek gadagan edilýär.
5. Ruhy çopanlary gorkuzýarlar:
   a) olary sorag etmäge çagyryp bilýärler.
   b) olary ýerli häkimiýetiň gurnaýan syýasy sapaklaryna barmaga mejbur edip bilýärler.
   ç) olara „özüne çekiji” teklipleri edip bilýärler.
      1) aýratyn artykmaçlyklar,
      2) çagalara okuw jaýlarynda okap, hünär almaga rugsat etmek (adatça mesihiler üçin ýapyk ýurtlarda);
   g) olaryň öýlerini garaşylmadyk ýagdaýda döküp bilýärler.
   d) ýygnanyşyga hökümet wekilleri göni girip bilýärler.
6. Ruhy çopanlary uzak sebitlere
   a) ýygnak agzalaryndan we beýleki mesihilerden aýra saklamak üçin;
   b) olaryň mertebesini peseltmek üçin işe goýberip bilýärler.
7. Ruhy çopanlary tussag edýärler we „täzeden terbiýelemä” sezewar edýärler. Şonda
   a) olary gynap bilýärler,
   b) olary garalamaklaram mümkin.

    ç) olara adalatsyz aýyplamalary ýöňkäp bilerler.

D. Ýygnaklar üçin hasaba alynma hökman.
   1. Ýygnak ýolbaşçylaryny döwlet belleýär.
   2. Wagyzlaryň temasy bilen hökümetiň aýratyn ygtyýar berlen wekili öňünden tanyşdyrylmaly.
      3. Resmi söz bermä, mysal üçin, ýygnakdan daşda wagyz-nesihat işlerini geçirmezlige, gol çekmegiň talap edilmegem mümkin.

E. Denominasiýalary mejbury ýagdaýda birikdirme.
   1. Denominasiýalaryň mukdary çäklendirilýär.
   2. Ýygnaklaryň hemmesiniň üstünden ýygnaga gözegçilik etme mejlisi geçirilýär.
   3. Ýygnak „milli" çäkler bilen çäklendirilýär.

Ž. Mesihiler üçin okuwdaky we işdäki çäklendirilmeler.
   1. Ýokary bilim diňe ýaşlar birleşmeleriniň aýratyn agzalaryna rugsat berilýär.
   2. Mesihiler lukman, ýurist, mugallym we sosial ulgamyň işgärleri bolup bilmeýärler.
   3. Mesihiler özlerine hünäri özleri saýlap bilmeýärler.

Z. 18 ýaşdan ýaş bolan raýatlara dini bilim almak gadagan edilýär.
   1. Öýde bilim alma gadagan edilýär.
   2. Ýaş mesihiler ateizm, ewolýusiýa, jynsy bilim we alternatiw akymlar boýunça sapaklara barmaga borçludyrlar.
   3. Bu talaplara tabyn bolmaýan ene-atalaryň ene-atalyk hukugyndan mahrum edilmegi mümkin.

I. Mesihilere birek-birege kömek etmek gadagan edilýär. Eger maşgalanyň bir agzasy tussag edilse, beýlekileri-de, käbir „hukuklardan" mahrum edilýär.
   1. Ýaşama hukugyndan, medisina hyzmatyndan we ş.m.
   2. Imandaky doganlary bilen, hatda uzak garyndaşlary bilenem gatnaşma hukugyndan mahrum edilip bilner. Maşgala aýralykda bolmaga duçar edilýär.

K. Ýygnaklar ýapylýar.
   1. Binalar başga işler üçin berilýär.
   2. Mesihileri aýra saklama maksady bilen uzak etraplara göçürýärler.
   3. Mesihilere beýleki mesihiler bilen duşuşmak gadagan edilýär.

IV. Mesihileriň köpüsi özlerinde beýle zatlaryň bolmajakdygyna ynanýarlar.
   A. Näme üçindir olar özlerini kadadan çykma hasaplaýarlar.
   B. „Ýokary alynmanyň" her hili düşündirilişi bar, ýöne bizde Hudaýyň özümizi yzarlanmalardan azat etjekdigi baradaky pikir üçin esas ýok.

V. Biziň üçin sapak:
   A. Öz halkyň we döwletiň üçin hemişekilerden-de Hudaýa güýçli doga etmeli (1 Timoteos 2:1-4; Rimliler 13:1-7).
   B. Ýeňijiler bolma kararyna gelmek (Ylham 12:11).

## Yzarlamalaryň mümkin bolan görnüşleri
(1 Petrus 2:19-24).

Yzarlamalar her bir çyn mesihiniň durmuşynyň aýrylmaz bölegidir. Mukaddes Ýazgy yzarlamalar hakda gürrüň edýär:
1. „Hakykat ugrunda" (Matta 5:10; 1 Petrus 3:14).
2. „Sögünçler" (Zebur 31:14; Eýýup 19:18; Luka 6:22)
3. Rebbiň duçar edilen „kemsitmeleri", „äsgermezçilikleri" (Ýewreýler 13:13; 11:26, 36).
4. „Ýalan şaýatlar" (Zebur 35:11; 27:12; Matta 5:11; Luka 23:2, 5, 10; Markus 14:55-60; Resullaryň işleri 6:13; 16:19-21; 26:2, 7).
5. Aýyplamak üçin bahanalar (Resullaryň işleri 6:4-5; Luka 11:54; Matta 10:16-18).
6. „Dildüwşik" (2 Şamuwel 15:12; Gelip çykyş 37:18; 2 Korintoslylar 11:32; Resullaryň işleri 9:23).

7. Ýaňsylamalar (Zebur 42:4; Eýýup 12:4; Matta 27:29, 31, 41; Resullaryň işleri 2:13; 17:18, 32).
8. „Dönüklik ediler” (Luka 21:16; Matta 24:10; Zebur 41:10).
9. „Kemsitmek”, „masgaralamak” (1 Korintoslylar 1:28; 4:10b).
10. „Adamyň duşmany öýündäkilerdir”, „ýakynlaryňyz size haýynlyk eder” (Matta 10:21, 34-36: Mika 7:6; Luka 21:16).
11. „Hemmeler sizi ýigrenerler” (Luka 21:17; Matta 10:22; Eýýup 19:19).
12. „Hemmeleriň depgileýän gumy” (1 Korintoslylar 4:13; Zebur 31:13, Eýýup 19:19; 1 Petrus 2:12).
13. Ynamsyzlyk (Resullaryň işleri 9:26).
14. Mahrum edilmeler (1 Korintoslylar 4:9-14; 2 Korintoslylar 11:23-28).
15. „Zyndanlar” (Luka 21:12; Resullaryň işleri 4:3; 5:18; 12:4; 16:24; 2 Korintoslylar 6:5; 11:23; Ýewreýler 11:36b).
16. Urulmalar (Resullaryň işleri 5:40; 16:23; 2 Korintoslylar 6:5; 11:24; Matta 10:17).
17. Garşy çykmalar (Resullaryň işleri 13:45).
18. Gozgalaňlar (Resullaryň işleri 6:12; 13:50; 14:2, 19; 19:23-29; 21:27).
19. Kazyýete çekilmeler (Resullaryň işleri 18:12; Matta 10:17-18).
20. Haýbatlar, gadagan edilmeler (Resullaryň işleri 4:18, 21; 5:40).
21. Daşlamalar (Resullaryň işleri 7:57-59; 14:19; 2 Korintoslylar 11:25; Ýewreýler 11:37).
22. „Görgüler”, „yzarlamalar” (Zebur 34:20; 2 Timoteos 3:11).
23. Kowulmalar (Resullaryň işleri 13:50; Ýahýa 16:2).
24. „Surnukmalar” (2 Korintoslylar 11:27).
25. „Açlyk we suwsuzlyk” (2 Korintoslylar 11:27; 1 Korintoslylar 4:11).
26. Masgaraçylyk we ýazgarylma (1 Korintoslylar 4:9; Resullaryň işleri 9:16; 20:23; 21:11; Ýewreýler 10:33a).

27. Material mätäçlik (1 Korintoslylar 4:11; 2 Korintoslylar 6:4; Filipililer 4:12).
28. Görgi görmeklik (Luka 21:16; Resullaryň işleri 7:59; 12:2; Ýahýa 16:2).
29. Ejirler (2 Timoteos 1:8; 4:5; Matta 24:9; Zebur 34:20; 2 Korintoslylar 4:17; 6:4; Ýewreýler 10:32-33; 11:25, 37; Koloseliler 1:24; 1 Selanikliler 1:6; 3, 7; Ýakup 5:10).
30. Garyplyk (2 Korintoslylar 6:10; Filipililer 4:12).
31. Emläkden mahrum bolma (Ýewreýler 10:34b).

## Döz gelmek üçin zerur bolan çäreler

I. Täze Äthe laýyklykda ruhy ýolbaşçylary saýlamak we taýýarlamak (Resullaryň işleri 14:21-22; Titus 1:5).
   A. „Öwünmez ýaly”, „hökümdarlyk etmän, görelde bolup” (1 Timoteos 3:6; 1 Petrus 5:3;).
   B. „Mejburlyk bilen däl-de, meýletinlik bilen, isleg bilen gözegçilik ediň” (1 Petrus 5:2; Ýahýa 13:14-17).
   Ç. Halkyň arasyndan.
   G. Diňe mesihiler däl-de, eýsem, imansyzlar tarapyndan hem, dogruçyl hem tertipli hökmünde ykrar edilen adamlar.
   D Wepalylygy saklamaga kömek eden batyrlyga eýe boldular.

II. Şägirtleri berk taýýarlamak (2 Timoteos 2:2)
   A Mukdaryň aladasyny etmän (Luka 6:12-13).
   B. Olara wagt tapyp (Markus 3:14).
   Ç. Öz göreldäň bilen ündew berip (1 Korintoslylar 4:15-16; Filipililer 4:9; Ýahýa 13:14-17).
   G. Aýdyň hem düşnükli öwredip (Resullaryň işleri 20:26-27).
   D. Barlap...

E. Öz ruhy ösüşiň üçin hemmeleriň öňündäki jogapkärçilige düşünmegi öwredip... (1 Timoteos 4:12-16).
Z. Her gün her biri üçin Hudaýa doga edip (Efesliler 1:16; Filipililer 1:3-11; Koloseliler 1:3).

III. Öz maşgalaň aladasyny etmek:
A. Mesihiň maşgala agzalaryňyzyň her biriniň Rebbi bolmagy üçin eliňizden gelenini ediň (Koloseliler 1:9-13; 2 Korintoslylar 13:5; Rimliler 8:1-14).
B. Çagalaryňyzy durmuşy synaglara taýýarlaň (Kanun taglymaty 6:4-9, 20-25; 11:18-21; 30:2; Sul. Tyms. 6:20-24; Ýeşuwa 24:14-15).
Ç. Çagalara Mukaddes Ýazgyny we mesihilik edebiýatyny elýeter ediň;
G. Garyprak ýaşaýanlar bilen paýlaşmagy ýatdan çykarmaň (Rimliler 12:9-18; 13:8; 15:1; Resullaryň işleri 20:35; 1 Korintoslylar 16:1; Galatýalylar 6:2).

IV. Mesih barada şaýatlyk etmäniň täze usullaryny we serişdelerini mydama gözlemek (Matta 16:18).
A. Ýaşlary işe çekiň;
B. Başga adamlaryň düşen agyr günlerini biliň we olary baryp görüň (Ýewreýler 13:3).
Ç. Mätäçlere çyn söýgi görkeziň we ýagşylyk ediň (Matta 25:35-40; 5:43-45; Ýakup 1:27; 2 Timoteos 1:16-18; Rimliler 12:20).
G. Gaharlanmakdan gaça duruň (Rimliler 12:14, 17, 19, 21; Matta 5:38-48).
D. Ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap bermäň (Matta 5:44; Luka 23:34; Resullaryň işleri 7:60; 1 Korintolylar 4:12-13; 1 Petrus 2:23).

E. Duşmanlaryňyz üçin Hudaýa doga ediň (Matta 5:44).

## „Hiç kimiň işläp bilmejek gijesi geler”
(Ýahýa 9:4b).

Näme diýseler-de, dünýäde Hoş Habary wagyz etmäge rugsat berilmeýän ýene 40 döwlet bar. Beýlekilerinde dini azatlygy ýitirme howpy bar. Ýermeýa 8:20 hut şu hakda gürrüň edilýär – „işleri gündiz etmeli” (Ýahýa 9:4a).

I. Mesihiň sözleri hakda oýlanmak.
   A. „Dünýäniň nury” (Ýahýa 9:5) – Mesihdir. „Gije” näme? „Gije” – bu garaňkylyk, ýagny ýagtylygyň ýok ýeri.
      1. Adamlaryň Hoş Habara garşy çykyp, Mesihe garşy gürlejek wagty (Markus 5:17);
      2. Diniň içine gahar girip, onuň Hudaýa gönükdirilen wagty. Mesihi dindar ýehudylar haça çüýlediler (Matta 27:20-25);
      3. Mesihiniň öz durmuşynda günäniň bolmagyna ýol berip, onda güýçlenýän we oňa toba etmedik wagty (1 Ýahýa 1:5-6);
      4. Mesih Özüniňkileriň yzyndan gaýdyp gelende, köpler üçin ebedi gije gelýär (Matta 24:30-31).
   B. „Ýerine ýetirmek” nämäni aňladýar?
      1. Hudaýyň erkini berjaý etmegi (Ýahýa 9:4).
      2. Bizde we biziň üstümiz bilen Mesih hereket edende, Hudaýyň erki amala aşýar (Matta 5:15-16).

II. „Hiç kimiň işläp bilmejek gijesi” nädip gelýär?
   A. Dünýäni garaňkylyga (ylaýta-da, durmuşyň käbir ulgamlarynda) batyrjak bolup, garaňkylygyň güýçleri hemme zady edýär (Efesliler 5:11; 6:12). Şonda „dünýewi ynsanperwerlik” ýaly serişdeler aýaga galýarlar. „Täze asyr”, hökümdarlara sežde etme, kultlar, ahlaksyzlyk.
   B. Şeýtan ýüreklere, ýygnaklara we jemgyýete garaňkylyk tohumyny ekýär (Matta 13:24-28).

III. Näme üçin „gije gelýär”?
   A. Tebigatda gije ýerini gündize berýär.
   B. Mukaddes Kitap „erbet, kezzap adamlar aldap hem aldanyp, erbetlikde ýene ilerlänlerinde”, erbetligiň gülläp ösjekdigini duýdurýar (2 Timoteos 3:13).
   Ç. Gowşak, „ýyly” mesihiler hereket etmeýärler (Matta 6:22-23; 5:13-15; Ylham 3:15-16).
   G. Ruhy garaňkylyk wagtynda, günä indi günä hasaplanylmaýar, ýalňyşlyga-da, ýalňyşlyk hökmünde garalmaýar (absolýutlar ykrar edilmeýär we etiki kadalar otnositel hökmünde yglan edilýär – ýagdaýa bagly etika höküm sürýär). (2 Timoteos 3:1-9; 4:3-4).

IV. Näme etmeli?
   A. „Gündizkä” hereket etmeli.
      1. Biziň öňümizde gapylaryň açykdygyna we ýapykdygyna garamazdan, hereket etmeli. Mümkin bolan serişdeleriň hemmesinden peýdalanyp, biz Hoş Habary halklaryň maksimal sanlysyna maksimal möhletde ýetirmeli.
      2. Ýagdaýa baha bermeli. Hudaýyň Ruhy adamlaryň ýüreklerini belli bir wagtda belli bir ýerde tassyklaýar.
      3. Takyk ýagdaýlara esaslanyp hereket etmek. Pawlus ilkinji gezek ýygnaga gelende, adamlarda Hudaý we Mukaddes Ýazgy barada bar bolan bilime daýandy (Resullaryň işleri 13:5, 14, 15; 17:1-3; 18:2, 4; 19:8).
      4. Kultlaryň ýaýramagyndan öňürtmeli.
   B. Hoş Habary meşhur sosial-medeni (şol sanda ýygnak üçin täze bina) gabat getirmeli däl.
   Ç. Hereket etme wagty! („Demri gyzgyn wagty guý”).
      1. Özümizi agyz beklemäge we Hudaýa doga etmä bagyş etmeli (Işaýa 55:6-7; Zebur 2:6-7).

2. Özümizi mukaddes edip, her hili günäni taşlaly (Işaýa 1:16-17; Ýermeýa 4:14; Rimliler 12:9; Ýahýa 17:17).
3. Mukaddes Ruh boýunça ýaşaly we janlary Mesihe getireli (Rimliler 13:13; Galatýalylar 5:25; Efesliler 4:1; 5:15-16; Koloseliler 1:10; Filipililer 2:14-16).

## Synaglary üstünlige öwürmeli

(Ýakup 1:2-12)

Mesihiniň durmuşynda hemme zat aňsat hem ýönekeý bolýar diýen düşünje meşhurdyr. Emma belli bolşy ýaly, Rebbiň ýollarynyň bähbit üçin ýardam berýändigine (Rimliler 8:28) garamazdan, muny öňden görüp bolýan däldir. Ak patalaryň gargyş ýaly bolup görünmegi mümkin. Hasratda hakyky şatlygyň gizlenmegi mümkin.

Synaglaryň we hasratlaryň üsti bilen Hudaý biziň durmuşymyzda başga ýol bilen ýetip bolmajak bir zada ýetmek isleýär. Hudaý hiç zady biderek ýere etmeýär, biziň işimizem birderek edilen iş bolmaýar (diňe biz oňa dogry seretsek bolýar!). Ähli ygtyýar hem synaglar (öz günämizi aňtamakdan başgasy) – mesihiniň tebigy hem adaty durmuşynyň bir bölegi Hudaýyňkydyr. Bagt we betbagtçylyk kynçylyklaryň barlygy ýa-da ýoklugy sebäpli bolýan däldir. Tapawut biziň olara seredişimizdedir.

## Kynçylyklara garaýşyň mümkin bolan iki görnüşi

- Dünýäniň hereket edişi ýaly hereket etmek (ten usuly: öýkä, gaharlanma we wagtyndan öň ölmeklige alyp barýar).
- Hudaýyň edişi ýaly hereket etmek (ýagşylyga ýardam edýär).

Hiç zadyň tötänden bolmaýandygyny ykrar etmek – hemme zat Hudaýyň elindedir.

1. Bolýan zatlar – Hudaýdandyr.
2. Bolýan zatlar ýagşylygadyr.

Hudaýa şular ýaraýar:
1. synaglaryň üstünlige öwrülmegi;
2. pidanyň ýeňiji bolmagy;
3. haçyň täç bolmagy;
4. gaýgynyň şöhrata öwrülmegi;
5. söweşiň ýeňiş serişdesi bolmagy

Synaglardaky ýeňşiň düzümi:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Ýakup 1: | 2 | saýyň | şatlyga garaşmak |
| | 3 | biliň | maksada düşünmek |
| | 4, 9 | bolmaly | islege tabyn bolmak |
| | 5, 6– 8 | sorasyn | çyn ýürekden islemek |

I. „...dürli synaglara uçranyňyzda, muny uly begenç saýyň” (Ýakup 1:2a).
   A. Çykyş we hereket garaýyş bilen kesgitlenilýär.
   B. Synaglara garaşmak gerek (1 Petrus 4:12).
   Ç. „Dürli synaglar” (Ýakup 1:2). (bölek matalardan edilen ýorgan iç tarapyndan gelşiksiz, tutuk, gödek görünýär, emma daş tarapynda welin, owadanlyk, nagyş we many peýda bolýar. Biziň durmuşymyzda bolup geçýän zatlar hem, şeýdip, Hudaýyň oýlap tapan suraty ýalydyr).
   G. Gymmatlyklar sistemasyny düşünje kesgitleýär:
      1. Eger amatlyklar häsiýetden wajyp bolsa, synaglar Hudaýyň öňde goýan maksadyna ýetmeklige gulluk etmez;
      2. Eger material zatlar ruhy zatlardan wajyp bolsa, onda synaglarda adam özüni betbagt saýýar;
      3. Eger häzirki wagt geljekden wajyp bolsa, synaglar ösüşe däl-de, gahar-gazaba alyp barar.

II. „...imanyňyzyň barlanmagyny ...bilýänsiňiz” (Ýakup 1:3).
   A. Iman mydama synaga duçar edilýär. Eger synag ýok bolsa, onda halas ediji imanyň özüniň ýok bolmagy ahmal.
   B. Hudaý Ybraýyma ak pata bermek we maşklaryň üsti bilen imanyny güýçlendirmek üçin synady:
      1. Hudaý gowy zady ýüze çykarmak üçin synaýar;
      2. şeýtan erbet zady ýüze çykarmak üçin synaýar.
   Ç. Synaglar bize zelel ýetirmeýär-de, peýda getirýär (Rimliler 8:28).
   G. Gaýgylar bize tejribeler berýär (Rimliler 5:3-4).
      1. Maksada okgunlylyk, sabyrlylyk, özüňe erk etme;
      2. Sabyrlylyk – bu ýagdaýlary haýallyk bilen kabul etmek däl-de, kynçylyklaryň öňündäki batyrlyk hem çydamlylykdyr.
      3. Sabyrsyzlyk ynamsyzlykdan bolýandyr (Ýewreýler 6:12; 10:36; Işaýa 26:16).

III. „Bolmaly” (Ýakup 1:4)
Synaglara tabyn bolman, olara garşy çykanymyzda, özümizi aýnadylan we tekepbir çagalar ýaly alyp barýarys.

IV. „Sorasyn” (Ýakup 1:5,6).
   A. Näme üçin Hudaýa doga etmeli? – Akyldarlyk üçin (Näme üçin mermehet ýa-da güýç berilmegi üçin däl?)
   B. Bilim – bu diňe maglumatly bolmakdyr, akyldarlyk bolsa, bilimi ulanmakdyr.
   Ç. Hudaýyň öz ýagşylygymyz, ösmegimiz we Öz şöhraty üçin beren zatlarynyň hiç birini ünsden sypdyrmazlyk üçin biz akyldarlyga mätäçdiris.
   G. Hudaý bizi berkitmek üçin bolýan zatlaryň bolmagyna ýol berýär. Bize zelel ýetirmek üçin şeýtan kynçylyklary ulanýar.

## Şübhelere we biynjalyga garşy durmak
(Filipililer 4:7; Galatýalylar 3:23; 1 Petrus 1:5).

1. „Her hili düşünjeden ýokary bolan Hudaýýň parahatçylygy Mesih Isada siziň ýüregiňizi, pikirleriňizi gorar” (Filipililer 4:7).
2. „Hiç zadyň aladasyny etmän” (Filipililer 4:6), „Hudaýa tabyn boluň” (Ýakup 4:7).
3. Pikiriňizi arassalykda saklaň (Filipililer 4:8).
4. „Siz öňürti Hudaýýň Patyşalygyny, Onuň dogrulygyny agtaryň” (Matta 6:33; Işaýa 26:3; Koloseliler 3:1-3).
5. „Sebäbi biziň söweş ýaraglarymyz dünewi däldir” (2 Korintoslylar 10:4-6; Efseliler 6:10).
6. „Hudaýýň ähli ýaraglaryny dakynyň” (Efesliler 6:11-18).
7. Iman bilen ýaşaň. (Matta 6:25-34; 7:7-11; 17:20; 21:22; Markus 11:22-24).
8. „Mukaddes Ruhda geziň” (Galatýalylar 5:16-26; Rimliler 6:14-23; 8:1-13).
9. „Ynamyňyzy taşlamaň” (Ýewreýler 3:6, 12-14; 6:11-12; 10:19-23, 35-39).
10. „Ähli aladaňyzy Onuň üstüne ýükläň” (1 Petrus 5:7).

## Görgülere gatnaşanyň üçin sylag
(1 Petrus 4:13)

1. „Ebedi şöhrat” (2 Korintoslylar 4:17-18; 1 Petrus 5:1, 10-11).
2. „Teselli” (2 Korintoslylar 1:7; Rimliler 8:17).
3. „Isanyň ýaşaýşy biziň ölümli tenimizde açyldy” (2 Korintoslylar 4:11);
4. Janyňy başgalara bermek (2 Korintoslylar 4:12);
5. Merhemetiň bollugyny açmak (2 Korintoslylar 4:15);
6. „Hudaýýň adyl höküminiň subutnamasy” (2 Selanikliler 1:4-5);
7. „Onuň bilen hem höküm süreris” (2 Timoteos 2:12).

8. „Hudaýyň Ruhy bizde ýaşaýar" (1 Petrus 4:14);
9. Hudaýy şöhratlandyrmak (1 Petrus 4:16);
10. „Mesihiň şöhraty görnende, uly begenç bilen şatlanyň" (1 Petrus 4:13-14).

## Mesihiň göreldesi (1 Petrus 2:21-24; 3:14-17)

1. Görgüler (1 Petrus 2:21; Matta 16:24; 1 Ýahýa 2:6);
2. Günäsizlik (1 Petrus 2:22; Işaýa 53:9).
3. Hilesizlik (1 Petrus 2:22).
4. Sessizlik (1 Petrus 2:23; Işaýa 53:7), duşmanyny söýmek, azar berijilere ak pata bermek (Rimliler 5:3; 12:14; Matta 5:44-48; Ýakup 1:2-4).
5. Sabyrlylyk (1 Petrus 2:23; Riml. 12:12; Luka 21:19);
6. Hemme zady Hudaýa bermek (1 Petrus 2:23; 4:19; Luka 23:46);
7. Ýüz görmezlik (1 Petrus 2:24).

## Synaglara taýýarlyk
## Işçilere Mukaddes Kitap ündewleri

***(Efesliler 6:5-8; Koloseliler 3:22-25).***

1. „Eý, gullar, hojaýynyňyzyň sözüne gulak asyň" (Efesliler 6:5; Koloseliler 3:22).
2. „Hemme zatda Hudaýdan gorkuň" (Efesliler 6:5; Koloseliler 3:22).
3. „ýaranjak bolup, göz üçin etmäň", „göze ýakymly görünmek üçin hyzmat etmän..." (Efesliler 6:6; Koloseliler 3:22).
4. „Hudaýyň islegini ýürekden berjaý ediň" (Efseliler 6:6; Koloseliler 3:22).
5. „...ýürek sadalygy bilen" (Koloseliler 3:22; Efesliler 6:6).
6. „...ýagşy niýet bilen gulluk ediň" (Efesliler 6:7).
7. „her kimiň eden her ýagşylygynyň Rebden gaýtjagyny bilýänsiňiz", „Rebden miras sylagyny aljagyňyzy bilip" (Efesliler 6:8; Koloseliler 3:24-25; Galatýalylar 6:7-9).

| | | |
|---|---|---|
| Titus 2: | 9a | hojaýynlaryňyza tabyn bolmak |
| | 9b | hemme zatda olaryň göwnünden turmak |
| | 9ç | tersine gitmezlik |
| | 10 | ogurlyk etmezlik |
| Luka 16: | 10 | Az zatda ynamly bolan köp zatda hem ynamlydyr, az zatda hilegär bolan köp zatda hem hilegärdir. |

| | | |
|---|---|---|
| 1 Petrus 2: | 18 | bütin gorky bilen boýun boluň |
| | 19 – 20 | ýagşylyk edip, görgi göreniňizde, çydam ediň. |
| | 21 – 23 | Çünki siz şeýle bolmaga çagyryldyňyz, sebäbi Mesih hem Öz yzyny alyp götermegiňiz üçin görgi görüp, size bir nusga galdyrdy. |

## Göreşimiziň ruhy tebigaty
(Efesliler 6:12; 2 Korintoslylar 10:3-4).

Dünýäde göreş bes edilmeýär, biziň öňümizde gapylar mydama açylmaýar, ruhy ýeňlişler we ölüm hem bolup durýar. Ýöne „Rebbimiz Isa Mesih arkaly bize ýeňşi wysal eden Hudaýa şükür!” (1 Korintoslylar 15:57; Rimliler 8:32, 37). Biz aşakylara mydama ynamly bolup bileris:

I. Bütin ygtyýar üýtgewsiz ýagdaýda Hudaýyňkydyr (Işaýa 40:15; Danyýel 2:20-22; 4:32; Eýýup 12:14-23; Zebur 75:7-8; Ýermeýa 27:5-7; Sül.pähim. 1:24-31; Ýewr. 13:8).

II. Hudaý Öz wadalaryna wepalydyr (2 Kor 1:20; 2 Petr 1:4). Mukaddes Kitapda her bir mesihiniň ähli mätäçlikleri üçin – Hudaýyň 7 müňden gowrak wadalary bar (Ýeşuwa 21:45; 23:14; 1 Pat 8:56; Ýewr 6:13-18; Res.işl 7:5; 2 Petr 3:9; Ýewr 2:3; Işa 30:18; Zeb 33:9; Sül.päh 16:20; Ýerm 17:7-8).

III. Ýeňiş ýeterlik merhemet bilen üpjün edilen (2 Korintoslylar 9:8; 12:9; Efesliler 3:20). Reb Özüne tabyn bolan Ýygnaga şuny wada berdi:
   A. Öz güýjüni (Matta 28:18).
   B. Öz barlygyny (Matta 28:20).
   Ç. Öz goldawyny (Filipililer 4:13-19; Eýýup 4:3-9).

IV. Ýeňiş Rebbiň şöhrat içinde gelmegi bilen üpjün edilen (2 Selanikliler 2:8; Ylham 1:5-8; 19:11-16; Filipililer 2:9-11; Efesliler 1:19-22; Işaýa 11:3-5; Zebur 91:14-16).

## „Bize beýle zat bolmaýar”.

1. Adamlar Nuhuň sözlerine nähili garadylar? (Matta 24:37-39).
2. Isa ejir çekmelidigini we öldürilmelidigini aýdanda, Petrus näme diýdi? (Matta 16:21-22).
3. Onuň sözlerine Isa nähili jogap berdi? (Matta 16:23).
4. Isa başga gezekde näme diýdi? (Matta 26:31).
5. Onuň sözlerine Petrus we beýleki şägirtler nähili garady? (Matta 26:5.33-35).
6. Petrus aslynda özüni nähili alyp bardy? (Matta 26:69-75).
7. Näme üçin Petrus Ony ret etdi?
8. Bu öz başyna bir ýeke-täk ýagdaý bolupdymy?
9. Adamlaryň şeýle saýlawyň öňünde duran gezeklerinden mysal getiriň:
   - (Mukaddes Kitapdan)
   - (Taryhdan)

10. Adamlar özleriniň howpsuzlygyna ynamly bolanlarynda, näme bolýar? (1 Selanikliler 5:3).
11. Petrusyň göreldesi näme öwredýär? (Matta 14:29-31).
12. Lut göze görünýän zada esaslanyp, nädogry saýlaw etdi.
    a) Ol nähili karara geldi? (Gelip çykyş 13:10-11).
    b) Netijede näme boldy? (Gelip çykyş 19:15-26).
    ç) Näme üçin Lut Sodomyň we Gomoranyň weýran bolma howpynyň bardygyny bilmedi?
    g) Onuň giýewleri özlerini nähili alyp bardylar? (Gelip çykyş 19:14).
13. „Özi üçin hazyna ýygnaýanlara” näme bolup biler? (Luka 12:16-21).
14. Isanyň sözlerine laýyklykda, biz hasrat we yzarlanmalar wagtynda, özümizi nähili alyp barmaly? (Luka 21:8-28).

## Yzarlamalaryň Mukaddes Kitaba görä düşündirilişi

1. Näme üçin mesihileri yzarlaýarlar? (Ýahýa 15:18-21).
2. Pawlus bilen Barnabas şägirtleri nädip goldady? (Resullaryň işleri 14:22).
3. Aslynda yzarlamalar kime garşydy? (Resullaryň işleri 9:4-5).
4. Yzarlamalar näderejde mümkin bolup biler? (2 Timoteos 3:12).
5. Meshiler haýsy sebäplere görä Mesihden ýüz öwrüp biler? (Matta 13:20-21).
6. Mesih bizden näme talap edýär? (Matta 16:24).
7. Reb yzarlanmalara taýýar bolanlara näme wada berýär? (Matta 5:10-12).
8. Hudaý Öz wadalaryny adatça näme bilen köp baglanyşdyrýar? (Mysal üçin, Ylham 3:20).
   Biz näme edýäris?
   Hudaý näme edýär?
9. Muňa meňzeş başga mysallary getiriň.

10. Ysraýyla berlen wada nähili şertlerde edilýär? (Kanun taglymaty 11:22).
11. Biz nähili şert bilen Hudaýyň wadasynyň ýerine ýetjekdigine bil baglap bileris:
    a) içki parahatçylyk (Işaýa 26:3),
    b) syýasy durgunlylyk (1 Timoteos 2:1-2).
12. Biziň özümizi yzarlaýjylara garaýyşlarymyz nähili bolmaly? (Matta 5:44; Luka 23:34).
13. Petrus bilen Ýahýa imany ugrundaky azaplara nähili garadylar? (Resullaryň işleri 5:41).
14. Yzarlamalar wagtynda şägirtler näme üçin Hudaýa doga etdiler? (Resullaryň işleri 4:23-30).
15. Mesihilere nähili hasratlaryň garaşýan bolmagy mümkin? (Rimliler 8:35-39).
16. Mukaddes Kitap biziň ýeňşimiz hakda näme diýýär? (Rimliler 8:31-39).
17. Mesihileriň hemmesiniň yzarlanjakdyklaryny aýdýan Mukaddes Kitap tekstinden hiç bolmanda üçüsini getiriň.
18. Näme üçin hasratlaryň we betbagtçylyklaryň bardygyna garamazdan, ýeňşiň boljagy hökmandyr? Jogabyňyzy Mukaddes Ýazga salgylanma bilen berkidiň.
19. Berk durmak üçin näme zerur? (Efesliler 6:10-18).
20. Siziň özüňize „ähli ýaraglardan” haýsy ýetmezçilik edýär?
21. Siz nämäni üýtgetmek isleýärsiňiz?
22. Biz şeýtany nädip ýeňýäris? (Ylham 12:11).

# Mazmuny


Gizlinlikdäki Gulluga Taýýarlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . 3
Riçard Wurmbrand

Görgi: Mesihilik Gedonizmi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37
Jon Paýper

Yzarlamalar: esasy ýagdaýlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 71
Milton Martin




